**M. Baýramow**

# MAÝA GOÝUMLARYŇ NAZARYÝETI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2017

UOK 378 + 336.6
B 39

**Baýramow M.**
B 39 **Maýa goýumlaryň nazaryýeti.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.

Okuw kitaby S. A. Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde we Türkmen oba hojalyk institutynda okaýan talyplar üçin niýetlenendir. Temalar beýan edilende «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011 – 2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasynda» oba hojalygyny ösdürmek baradaky berlen maglumatlardan hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzda ylmy-bilimi kämilleşdirmek barada kabul eden Kararlaryndan ugur alyndy.

Okuw kitabynda maýa goýumlaryň mazmuny we görnüşleri, kärhananyň maýa goýum işi we taslamasy hem-de maýa goýumlaryň dolandyrylyşy, agrosenagat tolumyna maýa goýumlar beýan edilýär.

Okuw kitaby ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň ykdysadyýeti öwrenýän talyplaryna niýetlenip, ondan mugallymlar we ykdysady hünärmenler hem-de giň okyjylar köpçüligi gollanma hökmünde peýdalanyp bilerler.

TDKP № 307, 2017 KBK 65.05 ýa 73

© M. Baýramow, 2017.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda durmuşa geçirilýän beýik tutumlara, ösen tehnologiýalara esaslanýan ykdysady özgertmeler, «Açyk gapylar» syýasaty netijesinde ýola goýlan özara bähbitli, oňyn halkara hyzmatdaşlygy belent üstünlikleri nazarlaýan uzakmöhletleýin maksatnamalaryň, «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011 – 2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasynyň» we «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki milli Maksatnamasynyň» abraý bilen amala aşyrylmagynyň berk binýadydyr.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen çapdan çykan «Paýhas çeşmesi» kitabynda maýa goýmak, girdeji gazanmak boýunça, «Bir batman altynyň bolanyndan bir daban ýeriň bolsun», «Puly pul tapar, maly mal», «Çykdajy çykman, girdeji girmez» ýaly ata-babalarymyzyň pähim-paýhasy siňen dürdäne sözleri beýan edilen.

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň wajyp strategiki wezipeleri ýurduň önümçiligini ösdürmek, bäsleşige ukyply önümleri öndürmäge we çykarmaga gönükdirilen täze maglumat tehnologiýalaryny işläp taýýarlamak we ornaşdyrmak hem-de ýurduň senagat we ylmy-tehniki mümkinçiligini ösdürmegiň hem saklamagyň hasabyna milli ykdysadyýetiň howpsuzlygynyň bähbitlerini üpjün etmek bolup durýar. Hut şonuň üçin hem, ýurduň ykdysady mümkinçiliklerini artdyrmak, onuň gazananlaryny we öňdebaryjy tejribeleri halk hojalygynyň ähli pudaklaryna ornaşdyrmak maýa goýumlar bilen baglanyşyklydyr.

Milli ykdysadyýetimiziň ösüşini dünýä ölçeglerine laýyk getirmek, halkara gatnaşyklarynyň ulgamyna deňhukukly gatnaşyjy hökmünde goşulyşmak, dünýä ýurtlary bilen barha ýakyndan integrirlenmek, döwletler bilen ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmek, ýurdumyzyň maýa goýum mümkinçiliklerini ýerlikli ulanmak, daşyndan hem maýa goýumlaryny çekmek işini has-da höweslendirmek maksady bilen ýurt Baştutanymyz öňdengörüjilikli il-ýurt bähbitli tagallalary yzygiderli amala aşyrýar.

Döwlet maýa goýum syýasatynyň esasynda häzirki dünýäniň ösüşiniň talaplarynda, esasan, iki ugur öňe sürülýär. Şolardan birinjisi ykdysadyýeti döwrebaplaşdyrmak, ikinjisi, ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak bolup, bu iki ugruň biri-biri bilen sazlaşykly ýöredilmegi Türkmenistany ykdysady taýdan kuwwatly döwlete öwürmegiň berk binýady bolup hyzmat edýär. Häzirki döwürde ýurdumyzda syýahatçylyga uly möçberde maýa goýumlaryň goýulmagy bilen, täze döredilýän syýahatçylyk industriýasy ykdysadyýetimiziň möhüm pudagyna öwrülýär. Milli Liderimiziň tagallalary bilen «Awaza» milli syýahatçylyk we dynç alyş zolagy döredildi. Ýurdumyzyň maýa goýum syýasaty onuň ykdysady taýdan maksadalaýykdygy we uzakmöhletleýin bähbitler nukdaýnazaryndan ähli ykdysady hem-de dolandyryş çözgütlerini kabul etmegi, ykdysady kuwwaty artdyrmak üçin amatly şertleri döretmegi göz öňünde tutýar.

# I bap MAÝA GOÝUMLARYŇ MAZMUNY WE GÖRNÜŞLERI

## 1.1. Maýa goýumlar barada düşünje we onuň görnüşleri

Maýa goýum – girdeji almak ýa-da durmuş taýdan peýda gazanmak maksady bilen başy tutulýan telekeçilik we beýleki işlere gönükdirilýän emläk we paýhas gymmatlyklarynyň ähli görnüşlerine aýdylýar. Maýa goýum ykdysadyýetiň aýrylmaz bir bölegi bolmak bilen ol karz bermekden töwekgelçilik babatda tapawutlanýar.

*Maýa goýum* düşünjesi *investire* – geýdirmek – latyn sözünden emele gelipdir. Feodalizm döwründe *inwestitura* diýip zähmetkeşiň feodalyň eýeçiligine girmekligine aýdylýardy. Şol söz bilenem ýepiskoplary bellenilmekligine-de aýdylýardy, ol şol bir wagtda buthananyň ýerini we ilatyny dolandyrmaklygyna hem-de olaryň üstüne kazyýetçilik etmek hukugyny hem alýardy. Wezipä girişmeklik degişli däp-dessurlyk we buthana lybasyny geýindirmeklik hem-de ygtyýarlyklary bölüp bermeklik bilen alnyp barylýardy.

Maýa goýumlar düşünjesine şu aşakdakylar degişlidir:

– pul serişdeleri, maksatlaýyn bank goýumlary, paýlar, aksiýalar (paýnamalar) we beýleki gymmat kagyzlar;

– gozgalýan we gozgalmaýan emläkler (binalar, desgalar, enjamlar we beýleki maddy gymmatlyklar);

– awtorlyk hukugyndan, «nou-hau»-dan, tejribeden gelip çykýan emläk bilen bagly hukuklar we beýleki paýhas gymmatlyklary;

– ýeri we beýleki tebigy gorlary peýdalanmaga bolan hukuklar, şeýle-de beýleki emläk hukuklary;

– beýleki gymmatlyklar.

**Şeýle hem, maýa goýumlar özüniň goýluş aýratynlyklary boýunça aşakdakylardan ybaratdyr:**

1. Mejbury maýa goýumlar – kanunçylyk kadalary esasynda daşky gurşawy goramak, zähmeti goramak, harydyň goraglylygyny üpjün etmek ýaly çäreleri geçirmek;

2. Netijeliligi ýokarlandyrmak üçin goýlan maýa goýumlar;

3. Harajatlary azaltmak üçin enjamlary çalyşmakdan, işgärleriň hünär derejelerini ýokarlandyrmak üçin okuwlary gurnamakdan, önümçilik kuwwatlyklaryny has amatly şertli sebitlere geçirmekden durýar;

4. Önümçiligi giňeltmek maksatly maýa goýumlar – hereket edýän önümçilikde öndürilýän harytlaryň möçberini artdyrmakdan durýar;

5. Täze önümçilik üçin goýlan maýa goýumlar – täze kärhanany döretmekden, täze haryt görnüşlerini öndürmekden durýar;

6. Ylmy-barlag işlerine we innowasiýa goýulýan maýa goýumlar.

Maýa goýumlar alamatlary boýunça şu aşakdaky 1.1-nji tablisa laýyklykda görnüşlere bölünýärler.

*1.1-nji tablisa*

**Maýa goýumlaryň alamatlary boýunça görnüşleri**

| **t/b** | **Maýa goýumlaryň alamatlary boýunça bölünişi** | **Maýa goýumlaryň görnüşleri** |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1. | Binalara goýumy boýunça | Hakyky maýa goýumlar;<br>Maliýe maýa goýumlary; |
| 2. | Möhleti boýunça | Gysga möhletleýin maýa goýumlar;<br>Orta möhletleýin maýa goýumlar;<br>Uzakmöhletleýin maýa goýumlar |
| 3. | Maýa goýumyň maksady boýunça | Göni maýa goýumlar;<br>Portfelli maýa goýumlar |
| 4. | Maýa goýumyň gurşawy boýunça | Önümçilik maýa goýumlary;<br>Önümçilik däl maýa goýumlar; |
| 5. | Maýa goýum serişdelerine eýeçiligiň görnüşleri boýunça | Hususy maýa goýumlar;<br>Döwlet maýa goýumlary;<br>Daşary ýurt maýa goýumlary;<br>Utgaşdyrylan maýa goýumlar |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 6. | Sebitler boýunça | Ýurduň içindäki maýa goýumlar;<br>Daşary ýurtlardaky maýa goýumlar |
| 7. | Töwekgelçilik boýunça | Agressiw maýa goýumlar;<br>Aramlyk maýa goýumlar;<br>Konserwatiw maýa goýumlar |

Hakyky maýa goýumlar maddy we maddy däl aktiwlere goýulýan maýa goýumlara bölünýär.

Maddy aktiwlere goýulýan maýa goýumlara:

– esasy serişdeleri;

– ýer bölekleri;

– dolanyşyk serişdeleri satyn almaklyk girýär.

Maddy däl aktiwlere goýulýan maýa goýumlara:

– patentleri satyn almak, ygtyýarnamalary we kompýuter programmalaryny edinmek;

– ylmy-barlag we tejribe-konstruktorçylyk işleri girýär.

Maliýe maýa goýumlary – dürli maýa gurallaryna maýalygyň goýulmagy bilen, esasan, girdeji almak maksady bilen gymmat bahaly kagyzlary maýa goýmak bilen häsiýetlendirýärler.

Goýumyň möhleti boýunça gysga möhletleýin, orta möhletleýin we uzakmöhletleýin görnüşleri tapawutlandyrýar:

– gysga möhletli maýa goýum diýip serişdeleriň bir ýyla çenli goýumyna düşünilýär;

– orta möhletleýin maýa goýumlara bir ýyldan bäş ýyla çenli aralykdaky goýumlar degişlidir;

– uzakmöhletleýin maýa goýumlara bäş ýyldan köp wagtdaky goýumlar girýär.

Maýa goýum serişdelerinde eýeçiligiň görnüşlerine baglylykda hususy, döwlet, daşary ýurt we bilelikdäki (utgaşdyrylan) maýa goýumlary tapawutlandyrylýar.

Hususy (döwletden däl) maýa goýumlary diýip hususy maýadarlaryň serişdeleriniň goýumy – raýatlaryň we döwlet eýeçiligindäki däl kärhanalaryň amala aşyrýan goýumlarydyr.

Döwlet maýa goýumlary – döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň, şeýle-de, döwlet eýeçiligi görnüşindäki kärhanalar tarapyndan amala aşyrylýan goýumlardyr.

Daşary ýurt maýa goýumlaryna daşary ýurt raýatlaryň, firmalaryň kärhanalaryň, döwletleriň goýumlary degişlidir.

Bilelikdäki (utgaşdyrylan) maýa goýumlar – bu ýurdumyzdaky we daşary ýurtly ykdysady subýektleriň amala aşyrýan goýumlarydyr.

Sebitleýin alamatlary boýunça ýurduň içindäki we daşary ýurtlardaky maýa goýumlary tapawutlandyrýarlar.

Içki (milli) maýa goýumlary şol döwletiň içindäki maýa goýumlary öz içine alýar.

Daşary ýurtlarda maýa goýumlary (daşary ýurtlarda maýa goýumlary) şol döwletiň çäkleriniň daşyndaky obýektlere maýa goýumyň serişdelerini goýmagy diýip düşündirilýär.

Şeýle hem, töwekgelçilik boýunça agressiw, aramlyk we konserwatiw maýa goýumlary tapawutlandyrýarlar.

Agressiw maýa goýumlary ýokary derejede töwekgelçiligi bilen häsiýetlendirilýär. Olar ýokary girdejililigine garamazdan, tiz satyp bilijiliginiň pesligi bilen häsiýetlendirilýär.

Aramlyk maýa goýumlary ýeterlik derejede girdejili we goýumlaryň tiz satylyp bilijilik töwekgelçiliginiň ortaça (aramlyk) derejesi bilen tapawutlanýarlar.

Konserwatiw maýa goýumlary ynamdarly we tiz satyp bilijiliklilig bilen häsiýetlendirilip, goýumlaryň pes töwekgelçiligini görkezýär.

Şeýle hem, önümçilik we önümçilik däl maýa goýumlary tapawutlandyrmak mümkindir.

Pudaklaýyn alamatlary boýunça ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna maýa goýumlary senagat (ýangyç, energetika, himiýa, nebit-himiýa, azyk, ýeňil, agaç işläp taýýarlaýan, gara we reňkli metallurgiýa, maşyn gurluşyk we metal işläp bejermeklik), oba hojalygy, gurluşyk, ulag we aragatnaşyk, söwda we jemgyýetçilik iýmiti we başgalary tapawutlandyrýarlar.

## 1.2. Maýa goýum işiniň obýekti we subýekti

Maýa goýum işiniň subýekti bolup, maýadar, buýrujylar, işi ýerine ýetirijiler, maýa goýum işiniň binasyny ulanýanlar we ş.m. çykyş edýärler. Edara görnüşli taraplar we fiziki şahslar, daşary ýurtlular we watandaşlar, hususyýetçiler, köpçülikleýin we institusional maýadarlar, maýa goýujylyk institutlary, gymmat bahaly kagyzlar bazarynyň professionallary, başga döwletler, şeýle-de, halkara edaralar subýektler bolup bilerler.

**Maýadar** – maýa goýulýan obýektiň alamatlaryny üýtgetmekligine ugrukdyrylan subýekt bolup, şol obýekte goýumyň netijesinde özüniň hususy girdejisiniň ösmegi üçin iş geçirýän taraplar.

«Maýa goýum işleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda maýa goýum işini alyp barmakda maýadarlaryň ählisiniň hukugy birmeňzeşdir hem-de olaryň şu aşakdakylara hukuklary bardyr:

– maýadarlar maýa goýumyň möçberini, ugruny, özbaşdak kesgitlemäge hem-de maýa goýumlary amala aşyrmakda zerur bolan fiziki we hukuk taraplaryny şertnama esasynda öz islegine görä çekmäge;

– maýadaryň öz çözgüdi esasynda maýa goýumy we onuň netijelerini ulanmak, eýeçilik etmek, dolandyrmak babatynda beýleki şahsy we hukuk taraplara şertnama esasynda bermäge;

– maýa goýumlary maliýeleşdirmek üçin maliýe serişdeleri hökmünde karzlary hem-de kanuna laýyklykda çykarylan gymmat bahaly kagyzlary, karzlary (zaýomlary) ulanmaga;

– maýadara özüne gerek emläkleri we serişdeleri bellenen tertipde şahsy we hukuk taraplardan göni ýa-da araçylaryň üsti bilen satyn almaga;

– şeýle hem, «Maýa goýum işleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda maýadarlar şu aşakdakylara borçludyrlar:

– maýa goýumyň möçberi we onuň çeşmeleri barada maglumatlary degişli maliýe edaralaryna bermäge;

– düýpli gurluşyklary alyp barmak üçin degişli gulluklar bilen ylalaşmaga;

– maýa goýum taslamasynyň sanitar-gigiýena, ýangyn howpsuzlyk, ekologiýa we beýleki kadalara laýyk gelýändigi barada Döwlet barlagynyň netijenamasyny almaga.

Maýa goýum işini dürli maýadarlaryň adyndan maýa goýumlaryň eýeleri ýa-da dolandyryjylar amala aşyrýar. Maýadarlaryň ählisi maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmek we çözgüt kabul etmek bilen özleri tarapyndan saýlanyp alnan gysga we uzakmöhletleýin maksatlaryna hyzmat edýärler.

Şeýle hem 1.1-nji çyzga laýyklykda häsiýetine görä maýadarlaryň strategiki, portfel we wençur görnüşleri bardyr.

**Maýadarlaryň häsiýetine görä görnüşleri**




*1.1-nji çyzgy*

Maýadarlaryň maýa goýum barada çözgüt kabul etmekliginde şu aşakdaky birnäçe şertleriň çuňňur öwrenilmegi zerurdyr.

1. Maýa goýum hadysasy uzakmöhletiň dowamynda maýadary özüniň maliýe we maddy serişdeleri bilen baglaýar. Şeýle hem, islendik maýa goýum taslamasynyň başlanmagy maliýe we maddy çykdajylar bilen baglanyşyklydyr hem-de alnan serişdäni bada-bat pul serişdesine öwrüp bolmaýar.

2. Maýadar uzakmöhletleýin maýa goýum taslamasynda özüniň önümçiliginiň we uzak wagtlap öndürjek önümleriniň tehniki-tehnologiki derejesini hem-de beýleki şol önümi öndürjek öndürijiler bilen boljak bäsdeşligini kesgitleýär.

3. Käbir maýadarlaryň entäk maýa goýum hadysasynyň dowamynda müşderileriň we goýumçylaryň öňündäki käbir borçlaryny ýerine ýetirilmegini üpjün etmeli bolýar. Bu ýagdaý bolsa maýa goýum çözgüdiniň hiline bolan talaby has-da güýçlendirýär.

Ykdysadyýetde maýadarlar özüniň guramaçylyk işi, esasy işiniň ugry, maýa goýulýan serişdeleriň eýeçiliginiň görnüşi, maýa goýumlaryň häsiýetine görä, rezident taraplylygy boýunça birnäçe görnüşlere *(1.2-nji çyzgy)* bölünýär.




*1.2-nji çyzgy*

Ýokarda beýan edilenlerden görnüşi ýaly, jemläp aýdanymyzda, maýa goýum işiniň subýektleri bolup maýadar (telekeçi, hususyýetçi), karz beriji, işçi, dolandyryjy we jemgyýet, döwlet gatnaşýar hem-de olaryň aşakdaky 1.3-nji çyzga laýyklykda hersiniň özüniň maksady bardyr.

**Maýa goýum işiniň subýektleriniň maksady**




*1.3-nji çyzgy*

Maýa goýum işiniň obýektlerine bolsa hakyky (fiziki) aktiwler (binalar, desgalar, enjamlar), maliýe (pullar) we maddy däl aktiwler degişlidir. Olardan başga-da, maýa goýum işiniň obýektleri täze döredilýän we kämilleşdirilen esasy serişdeler, maksatlaýyn pul goýumlary, gymmat bahaly kagyzlar, ylmy-tehniki önüm, emläklere hukugy, şeýle-de, intellektual eýeçiligine hukugy bolup bilerler.

## 1.3. Maýa goýumlarynyň düzüm bölekleri we onuň ulanyş ugurlary boýunça bölünişi

Maýa goýumlar dürli görnüşlerde amala aşyrylýar. Maýa goýumlary seljermekligi we meýilleşdirmekligi ulgamlaşdyrmak maksady bilen olar kesgitlenen düzüm böleklere bölünýär.

Maýa goýumlarynyň düzüm bölekleri maýa goýumlaryň esasyny jikme-jik edip görkezip, olar aşakdakylardan durýar:

– çig maly almaklyga, enjamlary almaklyga, nyrhlary saklamaklyk üçin, bäsdeşlerden goranmak üçin we ş.m. bolan töwekgelçilikleri peseltmek üçin ugrukdyrylan – goranyş maýa goýumlaryndan;

– täze tehnologiýalary we işläp taýýarlamalary gözlemeklige öndürilýän önümi ýokary ylmy-tehniki derejesinde saklap galmaklyk maksady bilen şertlendirilen hüjüm etmek maýa goýumlaryndan;

– işgärleriň iş şertlerini gowulandyrmak, zähmet haklaryny ýokarlandyrmak maksatly durmuş maýa goýumlaryndan;

– döwlet talaplaryny, ekologiýa standartlaryny, önümleriň howpsuzlygyny, işiň beýleki şertlerini kanagatlandyrmak, ýagny diňe bir dolandyryşyň kämilleşdirilmeginiň hasabyna üpjün edip bolmajakdygy bilen bagly hökmany maýa goýumlaryndan;

– kärhananyň abraýyny saklap galmak üçin ugrukdyrylan wekilçilikli maýa goýumlardan.

Hereketiň ugrukdyrylan tarapyna baglylykda aşakdakylara bölünýär:

– başdaky maýa goýumlara (netto – maýa goýumlary) – kärhana satyn alnanda ýa-da esaslandyrylanda amala aşyrylýan maýa goýumlara;

– ekstensiw maýa goýumlara – önümçilik potensialyny giňeltmäge ugrukdyrylan;

– täzeden maýa goýumlara – boşan maýa goýum serişdeleri täze önümçilik serişdelerini satyn alynmaklyga we taýýarlamaklyga gönükdirilen;

– brutto – maýa goýumlara – netto – maýa goýumlara we täzeden maýa goýumlara.

*Ykdysady seljermede* ulanyş ugurlary boýunça aşakdaky görnüşlerde bölünýär:

– fiziki ýa-da moral taýdan könelişen enjamlary çalşyrmaklyga ugrukdyrylan;

– enjamlary kämilleşdirmekligine hem-de ozaly bilen önümçilik çykdajylary azaltmaklyga we çykarylýan önümleriniň hilini gowulandyrmaklyga gönükdirilen;

– önümçiligi giňeltmäge gönükdirilen;

– önümiň görnüşiniň üýtgedilmegine, täze önümiň görnüşleriniň öndürilmegine, täze ýerleşdiriş bazarlaryny gurnamaklyga gönükdirilen diwersifikasiýa;

2. Sargyt № 995

– ylmy-tehniki progressiň üstünlikleriniň ornaşdyrylmaklygyna, önümiň bäsdeşlik edip bilmekliginiň derejesini ýokarlandyrmagyna, hojalyk töwekgelçiliklerini azaltmagyna ugrukdyrylan strategiki maýa goýumlara.

## 1.4. Maýa goýum serişdeleri we maliýeleşdiriş çeşmeleri

**Maýa goýum serişdeleri** – kärhananyň maliýe serişdeleriniň bir bölegi bolup, hakyky we maliýe maýa goýum desgalaryna gönükdirilýän goýumlardyr. Kärhananyň maýa goýum serişdeleriniň aýratynlyklary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Maýa goýum serişdeleriniň emele gelmegi kärhananyň maýa goýum işini alyp barmagyň esasy şertidir;

2. Kärhananyň maýa goýum serişdeleriniň emele gelmegi kapitalyň ilkinji toplanmak hadysasy bilen baglanyşyklydyr hem-de kärhananyň çäginde sap peýdanyň paýlanylmagy we döwletiň çäginde milli girdejiniň paýlanylmagy görnüşinde ýüze çykýar;

3. Kärhananyň maýa goýum serişdeleriniň emele gelmegi we peýdalanylmagy maýa goýum hadysasynyň ähli tapgyrlarynda, ýagny taslama işlerini amala aşyrmak, resminamalaryň derňewi, esasy serişdeleri satyn almak, dolanyşyk serişdelerini edinmek üçin zerurdyr;

4. Kärhananyň maýa goýum serişdeleriniň emele gelmegi kärhananyň maýa goýum syýasatynyň maksatlary we ugurlary esasynda kesgitlenilýär.

5. Hereket edýän döwürde maýa goýum serişdeleriniň emele gelmek mümkinçiligi düýpli goýumlaryň düzümi we hojalyk işleriniň netijesinde geçen tapgyrlarda ýetilen dereje esasynda kesgitlenilýär.

Maýa goýum serişdeleri birnäçe alamatlar esasynda düzüm böleklere bölünýär we olar aşakdaky ýaly görkezilýär.

1. Eýeçilige görä:

– hususy maýa goýum serişdelerine;

– karz (zaýom) serişdelerine;

– çekilen maýa goýum serişdelerine bölünýär.

2. Çekilen serişdeleriň toparlaryna görä:

– içerki çeşmeleriň hasabyna emele gelen maýa goýum serişdelerine;

– daşarky çeşmeleriň hasabyna emele gelen maýa goýum serişdelerine bölünýär.

3. Natural-gymmat görnüşine görä:

– pul görnüşindäki maýa goýum serişdelerine;

– maddy görnüşindäki maýa goýum serişdelerine;

– maddy däl görnüşindäki maýa goýum serişdelerine bölünýär.

4. Çekiliş möhletine görä:

– uzakmöhletleýin esasda çekilýän maýa goýum serişdelerine;

– gysga möhletleýin esasda çekilýän maýa goýum serişdelerine bölünýär.

Maýa goýum serişdelerini ulanmaklygyň amatlylygy, häsiýeti, girdejililigi we beýleki alamatlary boýunça 1.2-nji tablisa laýyklykda häsiýetlendirilýär.

*1.2-nji tablisa*

**Maýa goýum serişdelerini ulanmaklygyň amatlylygy, häsiýeti, girdejililigi boýunça häsiýetlendirilişi**

| Maýa goýum serişdesiniň häsiýeti | Maýa goýum serişdesiniň çeşmesi | | |
|---|---|---|---|
| | Hususy | Çekilen | Zaýom |
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| **Serişdäni çekmek mümkinçiligi** | Serişdeleri toplamak üçin wagt talap edýär | Birnäçe çeşmelerden serişdeleri çekmekligi talap edýär | Karz berijiniň karz berijilik ukyby esasynda kesgitlenilýär |
| **Hususyýetçiniň desga bolan hukugy** | Diňe bir tarapa degişli | Birnäçe tarapa degişli | Tölege ukypsyzlyk sebäpli ýitirilmegi mümkin |

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| **Töwekgelçilik** | Bir adam tarapyndan kabul edilýär | Birnäçe taraplaryň arasynda paýlanylýar | Karz beriji bilen karz alyjynyň arasynda paýlanylýar |
| **Girdeji** | Bir adama degişli bolýar | Birnäçe taraplaryň arasynda paýlanylýar | Karz beriji bilen karz alyjynyň arasynda paýlanylýar |
| **Taslamany amala aşyrmak** | Serişdäniň eýesi tarapyndan kesgitlenilýär | Birnäçe taraplar bilen ylalaşylmagy talap edilýär | Karz beriji bilen karz alyjynyň ylalaşmagy talap edilýär |
| **Maliýe durnuklylygy** | Ýokary | Orta-ýokary | Pes-orta |

Hususy, çekilen, zaýom maýa goýum serişdelerinde serişdeleri çekmekde, ulanmakda ýüze çykýan häsiýetleri ýokarda görkezilişi ýaly tapawutlandyrylýandyr hem-de olaryň maýa goýum işinde maýa goýum serişdesiniň özüne mahsus ýeňillikleri we kynçylyklary bolýar.

Maýa goýumlary maliýeleşdirmegiň çeşmelerine maýa goýum hadysasyny amala aşyrmaga mümkinçilik berýän pul serişdeleriniň akymyna we gaznalara düşünilýär.

Maýa goýum serişdeleriniň emele gelmeginiň çeşmelerini dürli alamatlar boýunça toparlara bölmek mümkindir.

1. Maýa goýumlary maliýeleşdirmegiň görnüşlerine görä:
– içerki;
– daşarky görnüşlere bölünýär.
2. Maýadaryň milli aýratynlyklaryna görä:
– daşary ýurt;
– öz ýurdumyzyň maýa goýum serişdelerine bölünýär.

Maýa goýumlary maliýeleşdirmek makroderejede (milli ykdysadyýet, döwlet) we mikroderejede (kärhana) bölünýär.

Döwlet maýa goýumlary medeni-durmuş ulgamy, ylmy, bilimi, goranmagy, döwlet infrastruktura desgalaryny, daşky gurşawy goramagy, içerki howpsuzlygy üpjün etmek üçin, sebitleýin maýa goýum maksatnamalaryny maliýeleşdirmek üçin zerurdyr. Döwlet maýa goýumlarynyň esasy çeşmeleri aşakdakylardan ybaratdyr.

Içerki çeşmelere:

– kärhanalardan we ilatdan salgytlar;

– beýleki tölegler we maksatlaýyn ýygymlar;

– döwletiň daşary ykdysady işinden alnan girdejiler;

– döwlet zaýomlaryny we beýleki gymmatly kagyzlary satmakdan alnan girdejiler;

– Merkezi bankyň karzlary;

– ilatyň süýşürintgileri;

– kärhanalaryň we guramalaryň pul toplamalary degişlidir.

Daşarky çeşmelere:

– rezident däl taraplaryň hususy goýumlary;

– daşary döwletleriň goýumlary;

– halkara guramalaryň goýumlary;

– repartrirlenen maýa goýumy degişlidir.

Kärhananyň maýa goýum serişdeleriniň çeşmeleri aşakdakylardan ybaratdyr.

**Içerki çeşmelere (hususy serişdeler):**

– sap peýda (kärhananyň ygtyýarynda galýan peýda);

– amortizasiýa geçirimleri;

– ätiýaçlyk maýa goýumy;

– döredijilik maýa goýumy;

– ätiýaçlandyryş gaýtarmalary.

**Daşarky çeşmelere:**

– gymmatly kagyzlaryň (emissiýasy);

– paýlar;

– kärhananyň işgärleriniň we döredijileriň goýumlary;

– grantlar;

– bank karzlary;
– haryt karzlary (lizing);
– kärhananyň biri-birine karzlary;
– obligasiýalary çykarmak;
– kreditor bergileri degişlidir.

Maliýeleşdirmegiň çeşmelerine görä hersiniň artykmaçlyklary we kemçilikleri bardyr we maýa goýum işinde ulanylýan maliýeleşdiriş çeşmesiniň şol görkezijileriniň göz öňünde tutulmagy hökmandyr *(1.3-nji tablisa).*

*1.3-nji tablisa*

**Maliýeleşdirmegiň içerki we daşarky çeşmeleriniň artykmaçlyklary we kemçilikleri**

| Artykmaçlyklary | Kemçilikleri |
|---|---|
| **Içerki çeşmeler** | |
| Serişdeleri çekmegiň ýönekeýligi we çaltlygy;<br>Tölege ukypsyzlyk we batmak töwekgelçiliginiň peselmegi;<br>Kärhananyň dolandyryş we eýeçilik hukugynyň saklanylmagy | Serişdeleriň möçberiniň çäkliligi;<br>Hususy serişdeleriň hojalyk dolanyşygyndan çetleşdirilmegi |
| **Daşarky çeşmeler** | |
| Möçberiniň köplügi;<br>Netijeli maliýe guralynyň hasabyna netijeliligi ýokarlandyrmak mümkinçiligi | Serişdeleri çekmegiň we resminamalary resmileşdirmegiň dowamlylygy we çylşyrymlylygy;<br>Kärhananyň batmak we tölege ukyplylygynyň derejesiniň peselmek töwekgelçiliginiň ýokarlanmagy;<br>Kärhanany dolandyrmagy ýitirmek mümkinçiligi;<br>Eýeçiligi ýitirmek mümkinçiligi |

*1.4-nji tablisa*

**Maýa goýumlary maliýeleşdirmekde zaýom we çekilen serişdeleriň artykmaçlyklary we kemçilikleri**

| Artykmaçlyklary | Kemçilikleri |
|---|---|
| **Bank karzlary** | |
| Karz alnan serişdeleriň beýleki işlere goşulmazlygy;<br>Karz boýunça göterimleriň öndürilýän önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmatyna eltilmeginiň hasabyna salgyt salmagynyň binýatlyk möçberiniň azalmagy;<br>Netijeli maliýe guralyny döretmek mümkinçiligi | Karzlary almaklygyň we resmileşdirmekligiň dowamlylygy we çylşyrymlylygy;<br>Kapitalyň ýokary derejede gymmatlygy. Kärhananyň batmak we tölege ukyplylygynyň derejesiniň peselmek töwekgelçiliginiň ýokarlanmagy;<br>Goşmaça serişdeleriň, üpjünçiliginiň talap edilmegi (girew, kepillik) |
| **Lizing** | |
| Maýa goýumyň beýleki işlere goşulmazlygy;<br>Emläk üçin tölegleriň möhletlere bölünmegi;<br>Lizing tölegleriň wagtynda tölenilmezligi kärhananyň batmagyna getirmeýär | Maşynlaryň we enjamlaryň amortizasiýasynyň sap peýdanyň hasabyna dolunmagy |
| **Aksiýalaryň emissiýasy** | |
| Maýa goýumy yzyna gaýtarmak borçnamasyz we kesgitlenilmedik möhlete alynýar;<br>Adaty aksiýa boýunça diwidend tölegleriň hökmany däldigi;<br>Köp möçberde maýa goýumyň alynmagy;<br>Goşmaça üpjünçiligiň (girew) talap edilmezligi | Kärhanany dolandyrmagy ýitirmek mümkinçiligi;<br>Eýeçiligi dolandyrmagy ýitirmek mümkinçiligi;<br>Aksioner kapitalynyň bölünmegine getirýär;<br>Gymmat bahaly kagyzlary dolandyryş guramalary tarapyndan emissiýanyň reglament edilmegine getirýär;<br>Emissiýanyň transaksiýa çykdajylarynyň ýokary bolmagy |

| Obligasiýalaryň çykarylmagy | |
|---|---|
| Kiçi maýadarlaryň hem pul serişdelerini çekmek mümkinçiligi; Kesgitlenen göterim derejesiniň bolmagy; Kärhananyň işine maýadarlaryň goşulmazlygy | Diwidendler kärhananyň sap peýdasynyň hasabyna tölenilmeýär; Obligasiýanyň likwidli ikinji bazarynyň ýoklugy; Zaýom serişdeleriniň paýynyň ýokarlanmagy we kärhananyň maliýe durnuklylygyny ýitirmek mümkinçiligi. Gymmat bahaly kagyzlary dolandyryş guramalary tarapyndan emissiýanyň reglament edilmegine getirýär |
| **Wekselleriň çykarylmagy** | |
| Wekseli çykarmak hadysasynyň ýönekeýligi; Diwidendleriň kärhananyň peýdasynyň hasabyna tölenilmegi; Alnan serişdeleriň beýleki işlere goşulmazlygy | Ýokary däl likwidlilik; Köp möçberde serişdeleri çekmek mümkinçiliginiň çäkliligi |

## 1.5. Maýa goýumlary maliýeleşdirmegiň usullary

Maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmegiň aşakdaky usullary bardyr:

1. Öz-özüňi maliýeleşdirmek, şol sanda amortizasiýa geçirimleri;
2. Paýdarlar esasynda maliýeleşdirmek;
3. Karz esasynda maliýeleşdirmek;
4. Ipoteka;
5. Lizing;
6. Býujetden maliýeleşdirmek.

**Öz-özüňi maliýeleşdirmek** – maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmegiň iň ähtibarly usuly bolup, kärhana öz ygtyýarynda galan peýdasyny (sap peýda) özbaşdak paýlaýar. Kärhana öz ygtyýarynda galan peýdasyny önümçiligi giňeltmäge, diwidendleri tölemäge, iş-

gärleriň durmuş ösüşi we haýyr-sahawat maksatlar üçin we beýleki kanunalaýyk gelýän işler üçin gönükdirmäge hukugy bardyr.

Maýa goýum taslamalarynda öz-özüňi maliýeleşdirmegiň esasy çeşmesi bolup amortizasiýa geçirimleri bolup durýar. Amortizasiýa geçirimleri aşakdaky maksatlar üçin ulanylýar:

– könelen enjamlaryň deregine täze enjamlary satyn almak;

– önümçiligi mehanizasiýalaşdyrmak we awtomatizasiýalaşdyrmak;

– önümçiligi giňeltmek, tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak;

– rekonstruksiýa etmek;

– täze gurluşyk;

– öndürilýän harydyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen täze görnüşlerini çykarmak.

Öz-özüňi maliýeleşdirmek maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmegiň iň ygtybarly usuly bolmagyna garamazdan uzakmöhletleýin meýilnamada öz-özüňi maliýeleşdirmek meselesini çaklamak kyndyr we adatça, köp möçberde bolmaýar. Maliýeleşdirmegiň bu usuly maýa goýum taslamasynyň ilkinji tapgyrynda ulanylýar.

Paýdarlar esasynda maliýeleşdirmek – gymmat kagyzlary bazarda satmak esasynda emele gelýär. Paýdarlar esasynda maliýeleşdirmegiň ähmiýeti maliýe serişdesiniň esasy böleginiň taslamanyň başlangyç tapgyrynda gelýänligidir.

Karz esasynda maliýeleşdirmek – maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmegiň karz usulynyň ähmiýeti serişdeleriň yzyna gaýtarylýandygy bilen baglanyşyklydyr. Karzlar karzlaşdyrmagyň möhleti gysga möhletleýin (1 ýyla çenli), orta möhletleýin (1 ýyldan 5 ýyla çenli), uzakmöhletleýin (5 ýyldan köp) ýaly böleklere bölünýär.

Lizing – bu emlägi satyn almak boýunça we onuň lizingiň şertnamasynyň esasynda şahsy taraplar ýa-da edara görnüşli taraplara kesgitli töleg bilen, kesgitli möhlet üçin we şertnamada kesgitlenilen kesgitli şertlerde, emlägi lizingi alyjy tarapyndan satyn almak hukugy bilen bermek boýunça maýa goýumly işleriň bir görnüşidir.

Býujetden maliýeleşdirmek – býujet serişdelerini maksatlaýyn ulanmaklygy häsiýetlendirýär. Býujetden maliýeleşdirmegiň çeşmeleri ýerli we merkezleşdirilen döwlet býujetlerinden durýar.

## 1.6. Lizingiň kesgitlemesi we lizingiň wezipeleri

Lizing özara ylalaşyk bolup durýar, onuň netijesinde lizingi beriji lizingi alyja, ylalaşykda agzalyp geçilen zatdan töleglere çalşyrmak bilen peýdalanmak hukugyny berýär. Ýagny lizingi beriji lizingi alyja pullary haryt görnüşinde kärendesine (karzyna) berýär, oňa ondan peýdalanmaga mümkinçilik berýär we lizingi alyjy bilen has uzagrak möhletiň dowamynda harydyň bahasynyň tölegleri barada şertnamany baglaşýar, degişlilikde, berlen hyzmat üçin göterimleri hasaplamak bilen berýär.

Köp kärhanalaryň häzirki pursatda modernizasiýany amala aşyrmak üçin mümkinçilikleri ýok, çünki bu ähmiýetli çäre pul serişdeleriniň goýulmagyny talap edýär. Köpsanly oňat taslamalar diňe olaryň ygtyýar etmeginde karzlary almak üçin likwid girewiniň ýoklugy sebäpli durmuşa geçirilmeýärler. Şeýle we başga köpsanly ýagdaýlarda, lizing ýa-da kärende maliýeleşdirmegiň alternatiw (ätiýaçlyk) çeşmesi bolup durýar.

Lizingiň geleşigini baglaşmak üçin, birbada pullaryň köp mukdarynyň bolmagynda zerurlyk bolmaýar. Esasy şert bolup, müşderiniň geljekde maliýe durnuklylygy durýar. Ýyl geçdigiçe, lizing kompaniýalary tarapyndan müşderilere teklip edilýän hyzmatlar gitdigiçe dürli-dürli görnüşli bolup barýarlar.

Şeýlelik bilen, lizing – bu emlägi satyn almak boýunça we lizingiň şertnamasynyň esasynda şahsy taraplar ýa-da edara görnüşli taraplara kesgitli töleg bilen, kesgitli möhlet üçin we şertnamada görkezilen kesgitli şertlerde, emlägi lizingi alyjy tarapyndan satyn almak hukugy bilen, bermek boýunça maýa goýumly işleriň bir görnüşidir.

Lizing geleşigi – lizingi berijiniň, lizingi alyjynyň we satyjynyň (getirijiniň) arasynda lizingiň mazmunyny durmuşa geçirmek üçin zerur bolan şertnamalaryň jemidir.

Lizingiň subýektleri şu aşakdakylardan durýar:

***Lizingi beriji*** – şahsy ýa-da edara görnüşli tarap, ol çekilen ýa-da özüniň hususy serişdeleriniň hasabyna lizing geleşiginiň durmuşa geçirilmeginiň dowamynda emlägi eýeçiligine satyn alýar we ony lizingiň mazmuny hökmünde lizingi alyja kesgitli tölegler bilen,

kesgitli möhlet üçin we şertnamada görkezilen şertlerde, wagtlaýyn eýelik etmeklige we peýdalanmak üçin hukugy, lizingi alyja lizingiň mazmunyna eýeçilik etmek hukugyny bermek bilen ýa-da ol hukugy bermezlik bilen berýär.

**Lizingi alyjy** – şahsy ýa-da edara görnüşli tarap bolup, ol lizingiň şertnamasyna laýyklykda, lizingiň mazmunyny kesgitli töleg bilen, kesgitli möhlet üçin we kesgitli şertlerde lizing emlägini wagtlaýyn eýelik etmek üçin ýa-da wagtlaýyn peýdalanmak üçin kabul etmäge borçly bolýar.

**Satyjy (getiriji)** – şahsy ýa-da edara görnüşli tarap bolup, ol lizingi beriji bilen satyn almak-satmak şertnamasyna laýyklykda lizingi alyja şertlenilen möhletde, lizingiň mazmuny bolup durýan emlägi satýar. Satyjy (getiriji) lizingiň mazmunyny, satyn almak-satmak şertnamasynyň şertlerine laýyklykda lizingi berijä ýa-da lizingi alyja bermäge borçludyr.

Lizing emlägini eýeçilige satyn almagyň netijeli alternatiwasy (ätiýaçlygy) hökmünde ulanylýar we ony ulanmak üçin berlen hukugyň esasynda, ol girdejileri almak üçin mümkinçilikleri berýär.

Lizing işleriň has giňişleýin ýaýran görnüşlerine degişli bolýar, onuň göwrümleri her ýyl geçdigiçe ýokarlanýar. Bu ilki bilen, tehnologiýalaryň täze görnüşleriniň çalt ösmeginiň şertlerinde, onuň nesilleriniň çalşyrylmagy, lizing geleşikleriniň potensial mümkinçilikleriniň ulanylmagynda, önümçiligiň tehniki binýadyny täzelemek üçin, maýa goýumlaryny yzygiderli amala aşyrmak mümkinçiliginiň berilmegi bilen düşündirilýär.

Lizingiň köpsanly wezipelerinden esasylary bolup, şu aşakdaky dört görnüşi durýar:

– maliýe, önümçilik, ýerleşdirmek we salgyt;

– maliýe wezipesi harydy öndürijiniň önümçiligiň zerur serişdeleri üçin doly bahasyny bir gezekde tölemekden boşadylmagy we oňa uzakmöhletli karzlaryň berilmegidir.

**Lizingiň önümçilik wezipesi** gymmat bahaly we moral taýdan könelişen maşynlary satyn almakda däl-de, eýsem, önümçilik wezipelerini tiz çözmegiň ýoly bilen olary wagtlaýyn ulanmakda jemlenýär.

Bu önümçiligiň maddy-tehniki taýdan üpjünçiliginiň we iň täze tehnika elýeterliliginiň netijeli usulydyr. Doly lizingde emlägiň berilmegi giňişleýin hyzmatlar bilen bilelikde:

– tehniki taýdan hyzmat etmek;
– ätiýaçlandyrmak;
– çig mal bilen üpjün etmek;
– işçi güýji bilen üpjün etmek we ş.m. bolup biler.

**Ýerleşdirmek wezipesi** – bu sarp edijileriň sanyny köpeltmek we täze ýerleýiş bazarlaryny eýelemek. Lizingiň ulgamynda, ol ýa-da beýleki emlägi birbada satyn almaga mümkinçiligi ýoklary özüne çekmek.

Salgyt we amortizasiýa ýeňilliklerini almagyň wezipeleriniň şu aşakdaky aýratynlyklary bolýar:

a) lizing boýunça alnan emläk peýdalanyjynyň balansynda görkezilmän bilýär, çünki eýeçilik hukugy lizingi berijide saklanyp galýar;

b) lizing tölegleri öndürilýän önümleriň (hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmatyna degişli bolýar, bu bolsa degişlilikde, salgyt salynýan peýdany azaldýar;

ç) lizingiň obýektiniň gulluk edýän möhletiniň binýadynda hasaplanylýan çaltlaşdyrylan ulanyş tutumlaryny (amortizasiýany) ulanmaklyk, salynýan salgydy azaldýar we emlägiň täzelenmegini çaltlaşdyrýar.

## 1.7. Lizingiň görnüşleri

Şu aşakdakylara baglylykda lizingiň görnüşleri:

– geleşigiň gatnaşyjylarynyň sanyna;
– emlägiň görnüşine;
– bazaryň sektoryna;
– lizing tölegleriniň görnüşine;
– borçlaryň göwrümine baglylykda (hyzmat etmegiň göwrümine);
– emlägi ulanmagyň möhletine we onuň bilen baglanyşykly amortizasiýa şertlerine baglylykda dürli görnüşleri bolýar.

Gatnaşyjylaryň (subýektleriň) sanyna baglylykda geleşikler şu aşakdakylara bölünýärler:

– ikitaraplaýyn lizing geleşikleri (ýa-da göni lizing diýip atlandyrylýan), onda emlägi getiriji we lizingi beriji bir tarapyň adyndan çykyş edýärler;

– köptaraplaýyn lizing geleşikleri (ýa-da ýanaşyk lizing diýip atlandyrylýanlar), olarda emlägi lizinge getiriji tabşyrmaýar-da, maliýe dellalçysy tabşyrýar, lizing kompaniýasy munuň wezipesini ýerine ýetirýär. Geleşigiň beýle görnüşiniň nusgawy (klassiki) görnüşi bolup üçtaraplaýyn geleşik durýar, oňa getiriji, lizingi beriji we lizingi alyjy gatnaşýarlar.

Emlägiň görnüşi boýunça şu aşakdakylara bölünýärler:

– gozgalýan emlägiň lizingi (senagatyň dürli pudaklary üçin işçi maşynlary we enjamlary, hasaplaýyş tehnikasynyň we orgtehnikasynyň serişdeleri, ulag serişdeleri we ş.m.);

– gozgalmaýan emlägiň lizingi (önümçilik jaýlary we gurluşlary).

Gozgalmaýan emlägiň lizinginde kärendä beriji, kärendä alyjynyň tabşyrygy boýunça gozgalmaýan emlägi gurýar ýa-da satyn alýar we ony oňa täjirçilik, önümçilik maksatlarynda ulanmagy üçin berýär.

Şeýle hem gozgalýan emläk bilen geleşiklerde şertnama, adatça, obýektiň ulanyş (amortizasiýa) möhletinden az ýa-da oňa deň möhlet üçin baglaşylýar. Kärendä alyjy şertnamanyň hereket edýän döwründe ähli töwekgellikleri, çykdajylary we salgytlary özi çekýär.

Täze emlägiň lizingi (birinji elden) we eýýäm ulanyşda bolan emlägiň lizingi (ikinji elden) görnüşleri bolýar, ýagny telekeçi, ozaldan eýeçiliginde bolup durýan we öň peýdalanyp ýören emlägini satýar.

Lizing amallary geçirilýän bazaryň sektoryna baglylykda, şu aşakdakylara bölünýärler:

– içerki lizing, onda geleşigiň ähli gatnaşyjylary bir ýurda wekilçilik edýärler;

– daşarky (halkara) lizing, onda lizingi beriji we lizingi alyjy dürli ýurtlardan bolýarlar. Emlägi satyjy bu ýurtlaryň birinde ýa-da başga döwletde bolup bilýär.

Lizing tölegleriniň görnüşine baglylykda olar şu aşakdaky görnüşlere bölünýärler:

1. Pul tölegleri bilen lizing, onda tölegler pul görnüşinde geçirilýärler;

2. Öwezini dolmak tölegi bilen lizing (ýa-da öwezini dolujy lizing), bu ýagdaýda lizingi alyjy, lizingi beriji bilen harytlaryň üsti arkaly hasaplaşýar, düzgün bolşy ýaly, kärendesine alnan emläkde öndürilen harytlar ýa-da garşylyklaýyn hyzmatlary bermegiň ýoly bilen hasaplaşýar;

3. Garyşyk tölegli lizing, onda tölegiň bir bölegi pul görnüşinde gelip gowuşýar, bir bölegi bolsa harytlar ýa-da hyzmatlar görnüşinde gelip gowuşýarlar.

Lizing berilýän emlägiň hyzmatlarynyň göwrümi boýunça lizingi şu aşakdakylara bölýärler:

1. Arassa lizing (net leasing) – emläge hyzmat etmegiň ähli görnüşleri lizingi alyjynyň garamagynda bolýarlar. Şol sebäpden hem beýle ýagdaýda enjamlara hyzmat etmek boýunça çykdajylar lizingiň tölеglerine goşulmaýarlar;

2. Arassa däl lizing (wet leasing) – lizingi beriji tarapyndan enjamlara hökmany tehniki taýdan hyzmat edilmegi, onuň abatlanylmagy, ätiýaçlandyrylmagy we beýleki amallary göz öňünde tutulýar hem-de olara jogapkärçilik çekilýär. Beýle hyzmatlardan başga, lizingi alyjynyň islegine görä, lizingi beriji öz üstüne ýokary hünär dereјeli hünärmenleri taýýarlamak, harytşynaslyk, çig maly getirmek we ş.m. borçlary hem alyp bilýär.

Lizing emlägi ulanmagyň möhletleri boýunça we onuň bilen baglanyşykly ulanyş (amortizasiýa) şertleri boýunça hem tapawutlanýarlar.

1. Doly harajat ödeýjilikli lizing we degişlilikde, emlägiň doly ulanylyşy (amortizasiýasy) bilen, ýagny şertnamanyň möhleti, emlägiň gulluk etmeginiň onuň kadalaşdyrylan möhletine deň bolanda we lizingi berijä, lizing emläginiň doly bahasynyň tölenen ýagdaýynda bolup geçýär.

2. Doly däl harajat ödeýjilikli lizing we degişlilikde, emlägiň doly däl ulanylyşy (amortizasiýasy) bilen, bu ýagdaýda şertnamanyň möhleti, emlägiň gulluk etmeginiň kadalaşdyrylan möhletinden az bolýar

we onuň hereket etmeginiň dowamynda, lizing emläginiň bahasynyň diňe bir böleginiň harjy ödelýär.

Şertnamanyň möhleti we lizing emläginiň harajat ödeýjilik derejesi (amortizasiýa) lizingi maliýe we dessin (operatiw) görnüşlerine bölmegiň esasy görkezijileriniň biri bolup durýar.

Dessin (operatiw) lizing gysga ýa-da ortaça möhlet üçin baglaşylýan lizing şertnamalaryny göz öňünde tutýar (adatça, amortizasiýa döwründen gysga), olara laýyklykda, kärendä alyja (kesgitli möhletiň berjaý edilen ýagdaýynda) islendik başga wagtda şertnamany bozmak üçin hukuk berilýär. Düzgün bolşy ýaly, bu şeýle ýagdaýda bolup geçýär, ýagny lizingiň obýektini kärendä alyjylar biri-biriniň ornuny çalt-çaltdan çalşanlarynda bolup geçýär. Kärendä beriji bu ýerde ýokary töwekgelçilik çekýär, biri-biriniň ornuny çalt çalyşýan kärendä alyjylar bolsa lizing kompaniýasyny lizingiň mazmunynyň ýagdaýynyň oňat bolmagy üçin aýratyn üns bermegine mejbur edýärler. Köplenç, lizing kompaniýasy öz üstüne lizingiň obýektine tehniki taýdan hyzmat etmekligi alýarlar – reglamentli abatlamak, ätiýaçlandyrmak, şonuň bilen birlikde doly hyzmatly lizingi ýa-da bölekleýin hyzmatly lizingi amala aşyrýarlar (şertnamada borçnamalaryň bölünmegi agzalyp geçilýär). Lizing şertnamasynyň hereket etmeginiň möhletiniň tamamlanmagy boýunça şertnamanyň mazmuny eýesine yzyna gaýtarylyp ýa-da gaýtadan kärendesine tabşyrylyp bilýär.

Maliýe lizingi şertnamanyň möhletiniň dowamlylygy bilen häsiýetlendirilýär (5-den 10 ýyla çenli) we enjamlaryň ählisiniň ýa-da aglaba böleginiň ulanylyşy (amortizasiýasy) bilen häsiýetlendirilýär. Hakyky maliýe lizingi öz ýanyndan satyn almanyň uzakmöhletli karzyna berilmeginiň bir görnüşi bolup durýar. Hereket etmeginiň möhletiniň tamamlanmagy boýunça kärendä alyjy kärendäniň obýektini gaýtaryp, ylalaşygy uzaldyp ýa-da täzesini baglaşyp, şeýle hem galyndy bahasy boýunça obýekti satyn alyp bilýär.

Öz nobatynda maliýe lizingi şu aşakdakylara bölünýär:

– yzyna gaýtarylýan lizinge;

– lewerež lizinge;

– sublizinge;

– satuwlarda kömek üçin lizinge.

## 1.8. Süýşürintgiler barada düşünje we olaryň çeşmeleri

Islendik ykdysadyýet pul serişdeleriniň gaýtadan paýlanylmagyna mätäçdir. Ykdysady nazaryýetde süýşürintgilere raýatlaryň girdejisiniň bir bölegini häzirki wagtda däl-de, geljekde sarp etmegine düşünilýär.

Süýşürintgiler işinde ykdysady subýektleriň 3 görnüşi: ilat, korporasiýalar, döwlet bardyr. Şol sebäpli hem, süýşürintgiler ilatyň, korporasiýalaryň, döwletiň süýşürintgileri görnüşinde ýüze çykýar. Ilat ozaldan maýa goýum serişdelerini iberiji bolup durýar hem-de ilatyň süýşürintgilerini ýygnaýjy bolup, banklar we beýleki karz guramalary durýarlar.

Süýşürintgileri toplamagyň esasy çeşmesi bolup, ilatyň pul we natural görnüşindäki girdejileri hyzmat edýär. Ýöne natural görnüşinde gazanylan girdejini göni süýşürintgi toplumy üçin ulanyp bolmaýar. Şonuň üçin ilat natural görnüşindäki girdejilerini öz isleglerini kanagatlandyrmak üçin peýdalanýarlar hem-de galan natural girdejilerini ýerlemekden pul girdejilerine öwürýärler.

Häzirki wagtda ilatyň öz puluny süýşürintgilere goýmagyna isleg döretmegiň has giň ýaýran 4 sany görnüşi bellenilýär:

1. Garrylyk döwründe üpjünçilik;
2. Miras goýmak üçin pul toplamak;
3. Ätiýaçlyk;
4. Soňa goýlan işler.

Häzirki wagtdaky sarp edilmedik serişdeler 3 sany esasy görnüşi emele getirýärler:

1. Täjirçilik banklaryna we gymmatly kagyzlara goýumlar;
2. Walýuta goýumlar;
3. Elinde galan pul serişdeler.

Süýşürintgiler özüniň maýa goýumlara çalt öwrülip bilýändigi bilen tapawutlanýar, şonuň üçin süýşürintgiler döwlet hem-de bank ulgamy üçin örän wajypdyr.

Pul serişdesiniň süýşürintgi hökmünde banka goýulmagy goýumça süýşürintgini ýitirmek töwekgelçiligini (talaňçylyk, ogurlyk, aldaw) peseldýär hem-de goşmaça girdeji almaga mümkinçilik döredýär.

Emma pul serişdesiniň süýşürintgi hökmünde bankda ýerleşdirilendigine garamazdan, pul serişdesini ýitirmek töwekgelçiligini dolulygyna aradan aýyrmaýar. Şunda töwekgelçiligiň esasy 3 sany görnüşi görkezilýär:

1. Hümmetsizlenme töwekgelçiligi;
2. Karz;
3. Syýasy töwekgelçilik.

Hümmetsizlenme töwekgelçiligi goýlan pul serişdeleriniň hümmetsizlenmegi netijesinde gymmatynyň peselmegidir. Karz töwekgelçiligi karzyň üpjünçiliginiň ýetmezçiligi netijesinde ýüze çykýar. Syýasy töwekgelçilik döwletiň goýumçylaryň serişdeleriniň eldegrilmesiz ýa-da konfiskasiýa etmegi netijesinde ýüze çykýar.

Ilatyň süýşürintgilere isleginiň esasy sebäpleri akyl ýetirip ýa-da akyl ýetirmezden bolup biler we olara şu aşakdakylar degişlidir.

Akyl ýetirip toplanylýan süýşürintgilere aşakdakylar degişlidir:

– ikinji tertipli islegleri kanagatlandyrmaga gönükdirilen süýşürintgiler;

– ätiýaçlyk süýşürintgileri – öňünden görülmedik ýagdaýlarda maliýe özbaşdaklygygyny üpjün edýän pul serişdeleri;

– geljek döwürler üçin süýşürintgiler (saglyk, bilim);

– pensiýa çykandan soňra ýaşaýyş-durmuş kadalygyny saklamak üçin süýşürintgiler.

Akyl ýetirmezden çekilýän süýşürintgilere mejbury we irrasional görnüşleri degişlidir.

Mejbury we irrasional süýşürintgilere şular degişli:

– islegleriň we teklipleriň gabat gelmezligi netijesinde emele gelýän süýşürintgiler;

– girdejileriň çalt ýokarlanmagy bilen täze islegleriň entek döräp ýetişmeýän döwründe emele gelýän süýşürintgiler;

– maýa goýumlar üçin göz öňünde tutulan süýşürintgiler.

Süýşürintgileriň köplügine oňaýsyz täsir edýän esasy şerti maşgalanyň girdejisiniň derejesidir. Şeýle hem, süýşürintgileriň girdejiler bilen bagly bolmadyk faktorlaryna şu aşakdakylar degişlidir:

1. Baýlyk;
2. Bahalaryň derejesi;

3. Sargyt № 995

3. Garaşmak;
4. Sarp ediş bergileri;
5. Salgytlar.

Baýlyk şerti maşgalanyň pul toplamagynyň möçberi näçe ýokary boldugyça girdejileriň islendik derejesinde süýşürintgileriň möçberi pesdir. Ýagny ilat näçe köp baýlyk toplasa, onda süýşürintgilere bolan isleg şonça azalýandyr.

Harytlaryň we hyzmatlaryň bahalarynyň derejesiniň ýokarlanmagy ýa-da peselmegi ahyrky netijede süýşürintgileriň möçberine täsir edýär. Ýagny harytlaryň we hyzmatlaryň bahalarynyň üýtgemegi ilatyň satyn alyjylyk ukybyna täsir edýär.

Bahalaryň ýokarlanmagyna we harytlaryň gytçylygyna garaşmak hem süýşürintgileriň peselmegine getirer. Ýa-da harytlaryň we hyzmatlaryň bahalarynyň peselmegine garaşylmagy sarp edijileriň süýşürintgileriniň ýokarlanmagyna getirer.

Sarp ediş bergileriniň üýtgäp durmagy sarp edijilere öz gezeginde girdejilerini sarp edişe ýa-da süýşürintgilere gönükdirmäge çekýär. Eger-de maşgalanyň sarp ediş bergileriniň ýokarlanan ýagdaýynda olaryň süýşürintgilerini kemeltmäge itergi berýär ýa-da tersine sarp ediş bergileri pes bolan ýagdaýynda maşgalanyň süýşürintgilerini artdyrmaga itergi berýär.

# II bap KÄRHANANYŇ MAÝA GOÝUM IŞI WE TASLAMASY, MAÝA GOÝUMLARYŇ DOLANDYRYLYŞY

## 2.1. Kärhananyň maýa goýum işiniň esasy aýratynlyklary

Maýa goýumy durmuşa geçirmeklik kärhananyň netijeli işini we strategiki ösüşini amala aşyrmakda esasy şert bolup durýar. Maýa goýum işiniň kärhananyň netijeliligini üpjün etmekdäki wezipeleri:

– kärhananyň önümçilik mümkinçiligini emele getirmekde esasy çeşme;

– ykdysady ösüşiň strategiki maksatlaryny amala aşyrmakda esasy mehanizm;

– kärhananyň bazar gymmatynyň ösmegini üpjün etmekde esasy şert;

– innowasiýa syýasatyny amala aşyrmakda esasy şert;

– ilatyň durmuş ýagdaýyny gowulandyrmagyň bir mehanizmi bolup durýar.

**Maýa goýum işiniň esasy aýratynlyklary**

1. Kärhananyň maýa goýum işi onuň önümçilik işiniň ösüşini üpjün etmekde esasy ýagdaýdyr, şol sebäpli kärhana maýa goýumyň maksatlaryna we meýilnamalaryna tabyndyr. Maýa goýum işi kärhananyň girdejileriniň aşakdaky 2 ugur boýunça ösmegini üpjün edýär:

– önümçilik-ýerleşdirmek işiniň artmagynyň (täze kärhanalaryň gurluşygy, täze önümçiligiň guralmagy) hasabyna girdejileriň artmagynyň;

– harajatlaryň azaldylmagynyň (könelişen enjamlaryň çalşylmagynyň, moral (ahlak) taýdan könelen esasy serişdeleriň çalşylmagynyň) hasabyna;

1. Maýa goýum işiniň usuly we görnüşi kärhananyň önümçilik işine garanyňda kärhananyň pudaklaýyn aýratynlygyna az möçberde baglydyr;

2. Kärhananyň maýa goýum işiniň möçberi aýry-aýry döwürler boýunça deň däldir.

3. Kärhananyň girdejileri onuň maýa goýum işiniň netijesinde, adatça, «gijä galyp» emele gelýär.

Şeýle hem, kärhananyň maýa goýum işini şu aşakdaky içerki we daşarky ugurlara *(2.1-nji çyzgy)* bölmek mümkindir.




**2.1-nji çyzgy. Kärhananyň maýa goýum işiniň ugurlary**

2.1-nji çyzgydan görnüşi ýaly kärhananyň maýa goýum işiniň içerki ösüşi tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmaga, düýpli abatlamaga, önümçiligiň kuwwatlylygyny artdyrmaga, täze görnüşli önümleri döretmäge, önümçilikde we ýerlemekde harajatlary azaltmaga gönükdirilýär, daşarky ösüşi bolsa, kärhanany satyn almaklyga, gymmat kagyzlary satyn almaklyga we integrirleşdirmeklige gönükdirilýär.

## 2.2. Kärhananyň maýa goýum strategiýasy barada düşünje

Maýa goýum strategiýa-kärhananyň uzakmöhletleýin maýa goýum işini göz öňünde tutup, kärhanany ösdürmekde kesgitli meseleleriň bellenilmegine aýdylýar. Maýa goýum strategiýasy hökmünde kärhananyň maýa goýum işiniň baş ugruny göz öňüne getirmek mümkindir. Ykdysady ýagdaýa görä kärhananyň maýa goýum strategiýasynyň 2 ugry bardyr.

1. Passiw strategiýa – kärhananyň düşewüntliligini göz öňünde tutulan derejede saklaýan strategiýa.

2. Aktiw strategiýa – kärhananyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrýan, ýetilen dereje bilen deňeşdirilende, girdejilerini artdyrýan strategiýa.

Akylly-başly saýlanyp alnan maýa goýum strategiýasy kärhananyň maýa goýum işi bilen baglanyşykly bolan töwekgelçiligiň derejesini peseltmäge mümkinçilik berýär.

Maýa goýum strategiýasynyň düzüm bölekleri aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Konserwatiw strategiýa (kuwwatlylygy artdyrmak);
2. Ekstensiw strategiýa (hereket edýän önümçiligi giňeltmek);
3. Intensiw strategiýa (önümçiligi modernizasiýa etmek);
4. Progressiw strategiýa (täze görnüşli önümleriň öndürilmegi);
5. Konserwatiw-intensiw strategiýa (önümçiligi modernizasiýalaşdyrmak we intesifikasiýalaşdyrmak arkaly kuwwatlylygy ýokarlandyrmak);
6. Ekstensiw-progressiw strategiýa (täze önümleri öndürmek arkaly önümçiligi giňeltmek).

Kärhananyň maýa goýum taslamalarynda ýokarda görkezilen strategiýalary saýlap almaklyk şu aşakdakylar bilen ýüze çykýar:

– konserwatiw strategiýa dolanyşyk serişdeleriniň ýetmezçiligi;
– ekstensiw strategiýa ýokary derejeli hünärmenleriň ýetmezçiligi;
– intensiw strategiýa beýleki harytlar we hyzmatlar bilen bäsdeşligiň ýokarydygy;
– progressiw strategiýa öndürilýän önümlere islegleriň pesdigi;

– konserwatiw – intensiw strategiýa hereket edýän önümçiligi maliýeleşdirmek üçin pul serişdeleriniň ýetmezçiligi;

– ekstensiw-progressiw strategiýa öndürilýän önümlere ýokary derejedäki islegiň çäkliligi.

Kärhananyň maýa goýum strategiýasynyň kärhanany netijeli dolandyrmakdaky ähmiýeti şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Kärhananyň ykdysady we durmuş ösüşinde uzakmöhletleýin maksatnamalarynyň we meýilnamalarynyň önümçilige ornaşdyrylmagyny üpjün edýär;

2. Täze maýa goýum mümkinçilikleriniň önümçilige çalt ornaşdyrylmagyny üpjün edýär;

3. Kärhananyň maýa goýum işine daşarky oňaýsyz täsirleriň derejesini peseldýär;

4. Bäsdeşler bilen deňeşdirilende, kärhananyň artykmaç we kemçilik taraplaryny görkezýär;

5. Kärhananyň maýa goýum mümkinçiliklerine doly baha berilmegini üpjün edýär;

6. Kärhananyň maýa goýum işini dolandyrmagy strategiki, taktiki taýdan kämilleşdirýär.

Kärhananyň maýa goýum işiniň strategiki maksatlaryny alamatlary boýunça şu aşakdaky 2.1-nji tablisa laýyklykda görkezmek mümkindir.

*2.1-nji tablisa*

**Maýa goýum işiniň maksatlarynyň düzüm bölekleri**

| Alamatlary | Maksatlary |
|---|---|
| 1 | 2 |
| Garaşylýan netijäniň görnüşi | Ykdysady |
| | Ykdysadyýetden daşary |
| Maýa goýum işiniň wezipeleýin ugurlary | Hakyky maýa goýumlar |
| | Maliýe maýa goýumlary |
| Strategiki dolandyrmaklygyň desgalary | Kärhana |
| | Strategiki hojalyk merkezleri |
| Maýa goýum işiniň netijesiniň ugry | Içerki |
| | Daşarky |

| 1 | 2 |
|---|---|
| Ileri tutulýan ähmiýeti | Baş |
| | Esasy |
| | Kömekçi |
| Garaşylýan netijä bolýan täsiriň häsiýeti | Göni |
| | Goldaýjy |
| Önümçilige ornaşdyryş hadysasynyň ugry | Ösüş |
| | Renowasiýa |

Maýa goýum işiniň strategiki maksatlarynyň alamatlaryna görä garaşylýan netijäniň görnüşi boýunça maýa goýum işiniň ykdysady we ykdysadyýetden daşary maksatlary tapawutlandyrylýar. Ykdysady maksatlar maýa goýum işiniň ykdysady netijesi ýa-da maýa goýum girdejisiniň emele gelmegi bilen göni baglanyşyklydyr. Ykdysadyýetden daşary maksatlar durmuş meselelerini çözmek, ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek, kärhananyň abraýyny galdyrmak bilen baglanyşyklydyr.

Maýa goýum işiniň wezipeleýin ugurlary boýunça hakyky maýa goýumlary boýunça pudaklaýyn we sebitleýin ugurlary emele getirmekden ybaratdyr.

Maliýe maýa goýumlarynyň maksady beýleki kärhanalaryň paýnamalaryny satyn almaklygy kesgitleýär. Maýa goýum serişdeleriniň emele gelmeginiň maksady hususy maýa goýum serişdeleriniň emele gelmeginiň ösüşini, serişdeleriň düzüminiň gurluşyny kesgitleýär.

Strategiki dolandyrmaklygyň desgalarynda kärhananyň, aýratyn strategiki merkezleriň, aýratyn strategiki bölekleriniň strategiki maksatlary tapawutlandyrylýar. Strategiki maksatlar kärhanada kesgitleýji wezipäni eýeleýär.

Maýa goýum işiniň netijesiniň ugurlary boýunça içerki we daşarky maksatlar bellenilýär. Içerki maksatlar kärhananyň içerki maýa goýumlarynyň, ýagny amallar boýunça dürli maksatlaryň, zerur durmuş meseleleriniň çözgüdini üpjün edýär. Daşarky maksatlar kärhananyň daşarky maýa goýumlarynyň garaşylýan netijelerini we ugurlaryny kesgitleýär.

Ileri tutulýan ähmiýeti boýunça baş, esasy we kömekçi strategiki maksatlara bölünýär. Baş maksat, adatça, maýa goýum dolandyryş maksadyny, has zerur strategiki maksatlary öz içine alyp biler. Esasy maksatlar kärhananyň eýeleriniň ýagdaýyny gowulandyrmak we onuň bazar gymmatyny ýokary derejä çykarmakdan durýar. Kömekçi maksatlar maýa goýum işiniň ykdysady we ykdysadyýetden daşary maksatlaryny birikdirmek bilen baş we esasy maksatlarynyň üstünlikli berjaý edilmegine ýardam edýär.

Garaşylýan netijä bolýan täsiriň strategiki maksatlary göni we goldaýjy häsiýete eýe bolýar. Göni häsiýetli maksatlar gönüden-göni maýa goýum işiniň ahyrky netijesi bilen baglanyşyklydyr. Goldaýjy häsiýetli maksatlar maýa goýum işinde göni maksatlaryň amala aşmagyny üpjün etmäge gönükdirilendir.

Önümçilige ornaşdyryş hadysasynyň ugry boýunça ösüş we renowasiýa strategiki maksatlar tapawutlandyrylýar. Ösüş maksady kärhananyň hususy serişdeleriniň we aktiwleriniň ösüşini üpjün etmäge gönükdirilendir. Renowasiýa maksatlarynyň esasy wezipesi könelme möhleti geçen esasy serişdeleriň, material däl aktiwleriň öz wagtynda çalşylmagyny üpjün etmekden durýandyr.

## 2.3. Kärhananyň maýa goýum strategiýasyny işläp taýýarlamakda esasy tapgyrlar we şertler

Kärhananyň maýa goýum strategiýasy işlenende, strategiki maýa goýum çözgütlerini taýýarlamaklygy we kabul etmekligi üpjün edýän esasy düzgünler şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Inwaýronmentalizm maýa goýum şerti – bu şerte laýyklykda kärhananyň maýa goýum strategiýasy işlenip taýýarlananda ol daşarky maýa goýum klimatyň täsirleri bilen işjeň baglanyşykly bolan açyk kesgitli ulgam hökmünde seredilýär. Bu ýagdaý kärhananyň maýa goýum strategiýasynyň ýokary hil derejesini emele getirmäge mümkinçilik döredýär;

2. Telekeçilik şerti – bu şert maýa goýum işiniň ähli ugurlary we toparlary boýunça hem-de maýa goýum hadysasynyň dürli tapgyrlarynda netijeli maýa goýum aragatnaşyklarynyň işjeň gözlegi bilen häsiýetlendirilýär;

3. Çeýe we alternatiw maýa goýum şerti – bu şertde maýa goýum strategiýasy daşarky maýa goýum klimatynyň täsirleriniň netijesinde bolup geçýän üýtgeşmelere çalt uýgunlaşmasyny hasaba almak bilen işlenip taýýarlanylýar;

4. Innowasiýa şerti – bu şertde maýa goýum işiniň esasy düzgüni kärhananyň bazarda bäsdeşlikli ösüşini üpjün edýän täze tehnologiýalary önümçilige (işlere, hyzmatlara) ornaşdyrmakdan ybaratdyr;

5. Maýa goýum töwekgelçiligini iň pes derejä ýetirmek şerti – bu ýagdaý ilkinji nobatda maýa goýum strategiýasy boýunça kabul edilýän islendik maýa goýum işinde maýa goýum töwekgelçiliginiň derejesiniň üýtgäp durýanlygy bilen baglanyşyklydyr;

6. Başarjaňlyk şerti – kärhananyň maýa goýum strategiýasyny taýýarlamakda haýsy hünärmenleriň çekilendigine garamazdan onuň durmuşa geçirilmegine taýýarlykly hünärmenler gatnaşmalydyr.

Maýa goýum işiniň strategiki maksatlaryny durmuşa geçirmek iki ugur boýunça alnyp barylýar. Olaryň birinjisi, maýa goýum işiniň strategiki ugurlaryny işläp taýýarlamagy, ikinjisi bolsa, maýa goýum serişdeleriniň emele gelmek strategiýasyny işläp taýýarlamagy öz içine alýar.

Kärhananyň maýa goýum strategiýasy 5 tapgyrdan ybarat bolup, olar aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Bu tapgyrda umumy ykdysady ösüş strategiýasy esasynda maýa goýum işiniň strategiki maksatlary emele gelýär. Bu maksatlar:

– düýpli goýumlaryň ösüşini;

– maýa goýum işinden alynýan girdejiniň derejesiniň ösüşini;

– tehnologiýanyň we önümçiligiň täzeden üýtgemegini;

– maýa goýum maksatnamasynyň pudaklaýyn we sebitleýin üýtgemegini üpjün edýän bolmalydyr.

2. Bu tapgyr maýa goýum işiniň strategiki ugurlaryny işläp taýýarlamakdan durýar. Kärhananyň ömür dowamlylygy maýa goýum işiniň ol ýa-da beýleki ugruny saýlamak bilen berk baglanyşyklydyr.

Kärhana özüniň bäsleşik artykmaçlygyny döredýändigi sebäpli, maýa goýumyň ilkinji döwründe köp möçberde maýa goýum talap edilýär. Kärhana ylmy barlaglara, ýerleşdirmeklige, hyzmata serişdeleri goýýar. Eger-de kärhana özüniň bäsleşik artykmaçlygy üçin serişdeleri goýsa, soňra güýçli bäsleşik tarapy eýelär.

3. Maýa goýum işinde göz öňünde tutulan üznüksiz maýa goýum serişdeleri bilen üpjün edýän strategiýanyň işlenip taýýarlanylmagyndan durýar. Maýa goýum serişdeleriniň emele gelmek strategiýasynyň işlenip taýýarlanyş hadysasy şu aşakdakylardan durýar:

– maýa goýum serişdeleriniň talap edilýän möçberini çaklamaklyga seretmekden;

– dürli çeşmeleriň hasabyna maýa goýum serişdeleriniň emele gelmek mümkinçiligini öwrenmekden;

– aýry-aýry maýa goýum maksatnamalarynyň we taslamalarynyň maliýeleşdiriş usullaryny kesgitlemekden;

– maýa goýum serişdeleriniň emele geliş çeşmeleriniň düzüminiň amatlysyny saýlamakdan.

4. Maýa goýum strategiýasyny amala aşyrmaklygy döwürler boýunça anyklamak. Bu tapgyrda strategiki wezipeleri berjaý etmekligiň we aýry-aýry maksatlara ýetmekligiň möhletleri, yzygiderlikleri kesgitlenilýär.

5. Işlenip taýýarlanan maýa goýum strategiýasynda aşakdakylara görä baha berilýär:

– kärhananyň maýa goýum strategiýasynyň onuň ykdysady ösüşiniň umumy strategiýasy bilen ylalaşyklygy;

– maýa goýum strategiýasynyň daşarky gurşaw bilen ylalaşygy;

– bar bolan maýa goýum serişdelerini hasabyna maýa goýum strategiýasyny amala aşyrmak üçin töwekgelçiligiň kabul ederlikli derejesi;

– maýa goýum strategiýasynyň netijeliligi boýunça.

Maýa goýum strategiýa işlenip düzülende aşakdaky kesgitli talaplar hökman göz öňünde tutulmalydyr:

1. Göz öňünde tutulýan meýilnama ýetiljek derejede bolmalydyr hem-de bu meýilnama kärhanany we onuň işgärlerini öňe itermelidir. Ýöne göz öňünde tutulýan meýilnama kärhana üçin ýeňil bolmaly däldir, şeýle hem meýilnama kärhananyň mümkinçilikleriniň çäginde bolmalydyr;

2. Maýa goýum strategiýasy maýa goýum gurşawyň täsiri bilen üýtgeşme bolan ýagdaýynda düzediş girizer ýaly taýýarlanylmalydyr;

3. Maýa goýum strategiýasynyň maksatlary mukdar taýdan ölçäp ýa-da bahalandyryp bolar ýaly derejede taýýarlanylmalydyr;

4. Maýa goýum strategiýasynyň maksatlary anyk we aýdyň bolmalydyr;

5. Kärhananyň işini kesgitleýän subýektleri üçin maýa goýum strategiýasynyň maksatlary kabul edilerlikli bolmalydyr.

## 2.4. Maýa goýum taslamasy barada düşünje we taslamany amala aşyrmagyň durmuş tapgyrlary

**Maýa goýum taslamasy** – kesgitli maksada ýetmegi üpjün edýän haýsydyr bir işleriň toplumlaýyn çäreleridir.

Islendik maýa goýum taslamasyny amala aşyrmak harajatlar bilen baglanyşyklydyr we ol taslama kesgitli girdeji almak maksady bilen işlenip taýýarlanylýar. Öňde goýlan maksady amala aşyrmak üçin çäkli möhlete maýa goýum taslamasynyň *(2.2-nji çyzgy)* durmuş tapgyry diýilýär.




**2.2-nji çyzgy. Maýa goýum taslamasynyň durmuş tapgyrlary**

Bu ýerde I – maýa goýum taslamasynyň maýa goýumdan öňki tapgyry;

II – taslamanyň maýa goýum tapgyry;

III – taslamanyň ulanyş tapgyry.

Maýa goýum taslamasynyň tapgyrlaryny aşakdaky görnüşde göz öňüne getirip bolar.

1. Maýa goýumdan öň:

1.1. Maýa goýum pikirleriniň emele gelmegi:

– pikirleri saýlamak we ilkinji esaslandyrmak;

– desgany innowasiýa, patent we ykdysady taýdan seljermek;

– maýa goýum pikirlerini ýerli we sebitleýin dolandyryş edaralary bilen ilkinji ylalaşmak;

– taslamany durmuşa geçirmek üçin kärhananyň guramaçylyk-hukuk görnüşini saýlamak;

– maglumatlary toplamak.

1.2. Taslamadan öň maýa goýum mümkinçiliklerini öwrenmek:

– işlere we hyzmatlara bolan islegleri ilkinji öwrenmek;

– nyrhlaryň derejesini seljermek;

– täjirçilik netijeliligini ilkinji bahalandyrmak;

– taslama-gözleg işleriniň resminamalaryny taýýarlamak;

– maýadarlar üçin maýa goýum tekliplerini taýýarlamak.

1.3. Taslamanyň tehniki-ykdysady esaslandyrmasy:

– uly möçberdäki marketing barlaglaryny geçirmek;

– maýa goýum mümkinçiliginiň ilkinji esaslandyrmasy bilen bilelikde düşündiriş ýazgysyny taýýarlamak;

– tehniki çözgütleriň üstünde işlemek;

– daşarky gurşawy goramak boýunça çäreler;

– kärhanany dolandyrmak ulgamyny ýazmak;

– maliýe-çykdajy resminamalary.

Harajatlaryň hasaby, satuwyň möçberi, dolanyşyk serişdelerine bolan zerurlyk, maliýeleşdirmegiň teklip edilýän çeşmeleri, karzlary resmileşdirmek;

– töwekgelçilikleri bahalandyrmak;

– taslamany amala aşyrmagyň möhletini meýilnamalaşdyrmak;

– taslamanyň býujet we täjirçilik netijeliligini seljermek.

2. Maýa goýum tapgyry:

2.1. Ýer bölegini satyn almak ýa-da kärendä almak;

2.2. Şertnama resminamalaryny taýýarlamak;

2.3. Inžener-tehniki taýdan taslamak;

2.4. Gurluşyk-gurnama we işe goýberme işleri;

2.5. Hünärmenleri öwrenmek, saýlamak, okatmak.

3. Ulanyş:
3.1. Desgany ulanmak;
3.2. Ykdysady-maliýe görkezijileriň monitoringi;
3.3. Önümleri sertifikasiýalaşdyrmak;
3.4. Diler ulgamyny döretmek;
3.5. Serwis işleriniň merkezini döretmek;
3.6. Maliýe görkezijilerini seljermek.

## 2.5. Maýa goýum taslamalarynyň düzüm bölekleri

Maýa goýum taslamalaryny aýratynlyklaryna görä şu aşakdaky düzüm böleklere bölmek mümkindir.

1. Biri-birine bolan gatnaşygy boýunça:

– garaşsyz (taslamany amala aşyrmak beýleki taslama täsir etmeýär);

– alternatiw (birwagtda şol bir wezipäni gaýtalaýan taslamalara ygtyýar bermeýär);

– biri-biriniň üstüni dolýan taslamalary tapawutlandyrmak mümkindir.

2. Durmuşa geçirmegiň möhleti boýunça:

– gysga möhletleýin (3 ýyla çenli);

– orta möhletli (3 ýyldan 5 ýyla çenli);

– uzakmöhletleýin (5 ýyldan ýokary) ýaly görnüşlere bölünýär.

3. Möçberi boýunça (taslamanyň möçberi, köplenç ýagdaýda maýa goýumlaryň möçberi esasynda kesgitlenilýär):

– kiçi taslamalara;

– orta taslamalara;

– uly taslamalara;

– mega taslamalara bölünýär.

4. Esasy ugurlary boýunça:

– täjirçilik taslamalaryna (taslamanyň baş maksady girdeji almak);

– durmuş taslamalaryna (ilatyň durmuş-hal ýagdaýyny gowulandyrmak, işsizlik meselesini çözmek we ş.m.);

– ekologiýa taslamalaryna (daşky gurşawy goramak) bölünýär.

**Maýa goýum taslamalarynyň esasy görnüşleri**

1. Durmuş taslamalar şu aşakdakylara gönükdirilen bolýar:
– howpsuz durmuş şertlerini üpjün etmeklige;
– ilatyň durmuş taýdan goragsyz gatlagyny goldamaklyga;
– jemgyýetçilik howpsuzlygyny goramaklyga;
– daşky gurşawy goramaklyga we ş.m.

2. Ylmy-tehniki ugurlara gönükdirilen taslamalara şu aşakdakylar degişlidir:
– ylmy-barlag işlerini ösdürmek;
– täze tehnikalary we tehnologiýalary döretmek;
– täze harytlary işlemek.

3. Önümçilik-tehnologiki taslamalara şu aşakdakylar degişlidir:
– önümçiligi täzelemek;
– täze tehnologiýalary ulanmak.

4. Işiň netijeliligini ýokarlandyrmak we önümleriň hilini gowulandyrmak bilen bagly taslamalara şu aşakdakylar degişlidir:
– önümçiligiň harajatlaryny azaltmak;
– zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak;
– serişdeleri tygşytlamak;
– önümleriň (işleriň) hilini gowulandyrmak.

5. Söwda taslamalaryna şu aşakdaky çäreleriň ulgamyny:
– bazarda öz ýeriňi saklamak;
– bazarda täze ýerleri eýelemek;
– harytlary netijeli we girdejili satmagy üpjün etmek.

6. Guramaçylyk taslamalaryna şu aşakdakylar degişlidir:
– önümçiligi guramagyň progressiw usullaryndan we görnüşlerinden peýdalanmak;
– önümçilik desgalaryny we durmuş ulgamyny dolandyrmagy we guramagy kämilleşdirmek.

7. Maglumatlar boýunça taslamalar maglumatlary bermegiň, üstünde işlemegiň, saklamagyň kämil usullaryny ulanmaklyga gönükdirilendir.

## 2.6. Maýa goýum taslamalarynyň esasy ölçegleri

Maýa goýum taslamalarynyň esasy ölçegleri şu aşakdakylardan durýar:

**a) maksat, strategiýa, syýasat we gymmatlylyk:**

1. Taslamanyň kärhananyň strategiýasynyň uzakmöhletleýin meýilnamasy bilen gabat gelmegi;

2. Taslamanyň kärhananyň töwekgelçiligine gatnaşygynyň gabat gelmegi;

3. Taslamanyň kärhanany ösdürmekligiň mümkinçiligine gabat gelmegi;

4. Kärhananyň ýagdaýynyň durnuklylygy;

5. Uly möçberdäki pul serişdeleriniň we alynmaly girdejileriň möhletiniň yza süýşürilmeginiň kärhananyň ýagdaýyna täsiri.

6. Taslamanyň üstünliksiz bolan ýagdaýynda onuň kärhananyň ýagdaýyna täsiri.

**b) maliýe ölçegleri:**

1. Maýa goýumyň möçberi (önümçilige goýumlar, marketing işine goýumlar, ylmy-barlag işlerine goýumlar);

2. Girdejiniň mümkin bolan möçberi;

3. Sap peýdanyň garaşylýan kadasy;

4. Taslamany amala aşyrmak üçin ilkinji harajatlar;

5. Taslamanyň girdeji berip başlamagyna göz öňünde tutulýan wagt;

6. Taslamany maliýeleşdirmek üçin karz serişdelerini çekmegiň zerurlygy we onuň möçberiniň maýa goýumlarda tutýan paýy;

7. Taslamany amala aşyrmak üçin maliýe töwekgelçiligi;

8. Taslamadan geljek girdejileriň durnuklylygy (taslama kärhananyň girdejileriniň durnukly ösüşi ýa-da girdejiniň möçberi ýylyň-ýylynda üýtgäp durýarmy);

9. Taslamanyň önüm berip başlamagyna göz öňünde tutulýan wagt;

10. Salgyt kanunçylygyny ulanmak mümkinçiligi (salgyt ýeňillikleri);

11. Gaznalaryň önüm berijiligi;

12. Önümleri öndürmek (işler, hyzmatlar) üçin harajatlaryň düzüm gurluşynyň kämilligi (arzan we ýeňil tapylýan önümçilik serişdeler).

**ç) ylmy-tehniki ölçegler:**

1. Tehniki üstünligiň ähtimallygy;

2. Patent arassalygy;

3. Önümiň unikallygy;

4.Taslamany amala aşyrmak üçin ylmy-tehniki serişdeleriň barlygy;

5. Taslamanyň ylmy-tehniki strategiýa gabat gelmegi;

6. Taslamanyň ylmy-barlag işleri üçin zerur bolan wagt we pul serişdesi;

7. Beýleki taslamalara täsiri;

8. Maslahat beriji firmalaryň hyzmatyna bolan isleg.

**d) önümçilik ölçegleri:**

1.Taslamany amala aşyrmak üçin täze tehnologiýalary ornaşdyrmagyň zerurlygy;

2.Taslamanyň hereket edýän önümçilik kuwwatlyklaryna gabat gelmegi;

3. Önümçilik işgärleriniň barlygy (sany we hünär derejesi boýunça);

4. Önümçilik harajatlarynyň ululygy. Bäsdeşleriň harajatlarynyň ululygy bilen deňeşdirilende;

5. Goşmaça önümçilik kuwwatlyklaryna bolan zerurlyk.

**e) daşarky we ekologiýa ölçegleri:**

1. Önümçilik hadysasynyň we öndürilýän önümleriň mümkin bolan zyýanly täsirleri;

2. Taslamanyň hukuk kadalary bilen üpjünçiligi;

3. Taslamany amala aşyrmakda ekologiýa artykmaçlygy.

## 2.7. Maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmekligiň düzgünleri

Maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmekde şu aşakdaky düzgünlerden ugur alynýar:

1. Pul serişdeleriniň harçlanmagynyň we yzyna gaýtarylmagynyň bellenen möhletiniň saklanylmagy;

2. Töwekgelçiligiň deňagramlylyk düzgüni;

3. Maýa goýum taslamanyň netijesinde alnan sap peýdanyň möçberi, şol pul serişdesini banka süýşürintgi hökmünde goýmakdan alynjak göterimiň derejesinden ýokary bolmalydyr, ýagny $D > S$, bu ýerde $D$ –maýa goýumyň düşewüntliligi, $S$ – pul serişdesini banka süýşürintgi hökmünde goýmakdan alynjak göterim;

4. Maýa goýum taslamasynyň düşewüntliligi puluň hümmetsizlenmeginiň ortaça ýyllyk derejesinden ýokary bolmalydyr;

5. Maýa goýum taslamasy amala aşyrylandan soňra kärhananyň aktiwleriniň düşewüntliligi ýokarlanmalydyr;

6. Maýa goýum taslamasynyň amala aşyrylmagynyň esasy tapgyrlarynda maýa goýum döwrüniň ykdysady möhleti tapawutlandyrylýar. Maýa goýum taslamasy şu asakdaky maýa goýum tapgyrlarynyň amala aşyrylmagy bilen baglanyşyklydyr:

1. Goýlan maýa goýum serişdeleriň maýa goýum işiniň anyk desgasyna transformasiýa bolmagy.

2. Goýlan maýa goýum serişdeleriň goýumlaryň gymmatynyň ösüşine öwrülmegi.

3. Goýumlaryň gymmatynyň girdeji görnüşinde ösmegi.

## 2.8. Kärhananyň maýa goýum meýilnamasy barada düşünje

Islendik her bir täze işiň başlangyç osüşini kesgitlemekde deslapky çözgütler hökmandyr. Şeýle işe düşünmekde maýa goýum meýilnamasy gowy serişdedir.

Maýa goýum meýilnama – bu kärhananyň ösüşiniň meýilnamasy bolup, täze ugurlary özleşdirmekde möhümdir. Bu meýilnama işleýän kärhanalaryň geljekde ösüşli netijeler gazanyp, şeýle-de, täze gurlan kärhanalar üçin hem işlenip düzülip bilner.

Maýa goýum meýilnamasy şu aşakdaky maksatlar üçin düzülýär:

– taslamany amala aşyrmakda zerur bolan maliýe serişdeler bilen üpjün etmek maksady bilen mümkinçilikli maýadary tapmak;

– karz serişdelerini almak;

– telekeçiligi bilelikde alyp barmak maksady bilen ýoldaş gözlemek;

4. Sargyt № 995

– maýa goýum taslamasynyň ykdysady netijeliligini barlamak;

– kärhananyň işiniň gysga we uzakmöhletleýin meýilnamasyny taýýarlamak.

Maýa goýum-meýilnamasy şeýle möhüm meseleleri çözýär:

1. Kärhananyň geljekdäki durnuklylygynyň we başarjaňlygynyň derejesini kesgitleýär, telekeçilik işiniň töwekgelçiligini peseldýär.

2. Telekeçiligiň geljeginiň ösüşini hil we san görkezijileriň kömegi bilen aýdyňlaşdyrýar.

3. Kärhanalary geljekde maýa goýup biljekleriň ünsüni we höwesini özüne çekýär.

4. Meýilnamalaşdyrmakda tejribe toplamaga kömek berýär, geljege garaýşyňy ösdürýär.

Maýa goýum meýilnamasy – adaty meýilnamalaşdyryşdan tapawutlylykda diňe bir telekeçilik guramanyň içerki maksatlaryny hasaba alman, eýsem, daşarky maksatnamalaryny hem, hasaba alýar. Sebäbi olar täze işde peýdaly bolup biler. Maýadarlardan başga-da, täze işe potensial sarp edijiler we üpjün edijiler hem gyzyklanýarlar.




**2.3-nji çyzgy. Maýa goýum meýilnamasyna gatnaşyjy taraplar**

Şonuň bilen birlikde, maýa goýum meýilnamasyna gatnaşyjy taraplaryň dolandyryjy, paýdar, karz berijiler we telekeçilik boýunça hyzmatdaşlaryň ýokardaky 2.3-nji çyzgyda görkezilişi ýaly, hersiniň özüniň maýa goýum meýilnamasyna gatnaşmagy bilen olaryň alyp barýan işleri kesgitlenilýär.

Täze işe başlaýjy – telekeçi üçin maýa goýum meýilnama – bu maýadarlary gyzyklandyryp, höweslendirip biljek resminamadyr. Düzülen maýa goýum meýilnamanyň derejesi ygtybarlylygyň – ynamdarlygyň we ökdeligiň görkezijisi bolmalydyr.

Maýa goýum meýilnama telekeçi we mümkin bolaýjak maýadarlar (mysal üçin, bank) bilen gepleşiklere başlananda başlangyç bolýar. Bu meýilnama aýratyn hem daşary ýurt firmalary bilen gepleşikler geçirilende möhümdir.

Maýa goýum meýilnama guramanyň strategiki meýilnamasy ýaly ýeterlik uly döwri öz içine alýar, köplenç, 3-5 ýyl käwagtlar ondan hem köp bolýar. Ýöne olaryň arasynda birnäçe tapawutlyklar bardyr, ýagny strategiki meýilnama garanyňda maýa goýum meýilnama kärhananyň hemme umumy maksatlarynyň toplumy girmeýär. Maýa goýum meýilnamada haýsy-da bolsa bir anyk täze işi döretmek we ösdürmek bilen bagly maksatlar işlenip düzülýär. Maýa goýum meýilnama diňe ösüşe ugrukdyrylandyr, strategiki meýilnama guramanyň strategiki görnüşlerini hem öz içine alýar (ykdysady, ykdysady däl).

## 2.9. Maýa goýum meýilnamasyny düzmegiň tapgyrlary

Maýa goýum meýilnamasyny düzmäge başlamazdan öňürti gerekli maglumatlaryň toplumy ýygnalmalydyr.

Maýa goýum meýilnamasyny taýýarlamakda ilkinji ädim bolup, gerekli maglumatlaryň çeşmelerini kesgitlemekdir. Olara bolsa şu aşakdakylar degişlidir:

1. Maýa goýumlary meýilnamalaşdyrmak baradaky okuw kitaplary;
2. Häkimiýet guramalary (şol sanda, kiçi telekeçilik meseleleri bilen meşgullanýanlar);
3. Dolandyryşy maslahat berýän kärhanalar we ş.m. guramalar;
4. Pudaklaýyn neşir;

5. Maýa goýum meýilnamany düzýän okuwlar;

6. Auditor firmalar;

7. Tanyşlar, kärdeşler, dostlar.

Maýa goýum meýilnamany düzmekde ikinji ädim bolup, ony taýýarlamagyň maksatlaryny kesgitlemekden durýar. Maksatlar maýa goýum meýilnamany çözmäge ýardam berýän meseleleriň sany bilen kesgitlenýär. Guramanyň daşarky we içerki maksatlaryna diňe hili ýokary we örän gowy maýa goýum meýilnamanyň bolmagy bilen ýetilýär.

Maýa goýum meýilnamanyň içerki we daşarky meseleleri kesgitlenende, olaryň biri-birine mümkin aralaşmagy barada pikir etmek peýdalydyr. Mysal üçin, şeýle daşarky maksatlar bolan maýadarlary çekmek, aýdalyň täjirçilik banklaryny, olar ýöne bir karz beriji bolman, eýsem, telekeçilik taslamalaryna doly hukukly gatnaşyjylar bolmagy teklip etmek bilen hem gazanylyp bilner. Bu birinjiden – taslamalara goşmaça ünsi çekmekdir. Şeýle mümkinçilikler maýa goýum meýilnamada görkezilse, onda maliýe serişdeleri almaga ýeňillikler döreýär. Ikinjiden – täjirçilik banklarynyň we beýleki maliýe kompaniýalarynyň hünärmenleriniň nähili bolsa-da, maýa goýum taslamalaryna baha bermekde gerekli endikleri we tejribeleri bardyr.

Maýa goýum meýilnamanyň içerki we daşarky maksatlary aýdyňlaşdyrylandan soňra üçünji tapgyrdan özüňiziň takyk okyjylaryňyzy kesgitlemeli (guramanyň içerki gatnaşyjylary we daşarky gatnaşyjylary – paýdarlar, täjirçilik banklary, wençur kapitalistleri).

Şonuň bilen birlikde, maýa goýum meýilnamasynyň gurluşyny, ýagny meýilnamanyň bölümlerine görä edilmeli işleriň mazmunyny kesgitlemeli *(2.2-nji tablisa)*.

*2.2-nji tablisa*

**Kärhananyň maýa goýum meýilnamasynyň gurluşy**

| t/b | Bölümler | Mazmuny |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1. | Rezýume | Kärhananyň ady we salgysy;<br>Döredijileriň ady we salgysy;<br>Teklip edilýän taslamanyň ady;<br>Taslamanyň gymmaty |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 2. | Kärhananyň we pudagyň häsiýeti | Teklip edilýän taslamanyň esasy düzgüni |
| 3. | Bazaryň seljermesi | Hereket edýän ýagdaý we onuň ösüşiniň depgini |
| 4. | Önümçilik meýilnama | Önümçilik prosesiniň ýazgysy;<br>Kömekçi potratçylara tabşyrylmak göz öňünde tutulýan amallar;<br>Önümçilik desgalary;<br>Stanoklar, enjamlar;<br>Çig mal üpjün edijiler bilen |
| 5. | Marketing meýilnamasy | Bahalar;<br>Ýerleşdiriş ýoly;<br>Reklama;<br>Täze önümleriň çaklamasy;<br>Maksatlaýyn görkezijiler |
| 6. | Guramak, dolandyrmak, hünärmenler | Eýeçiligiň görnüşi;<br>Esasy paýçylar we hemşeriler (partnýor) barada maglumat;<br>Paýçylaryň we hemşerileriň jogapkärçiliginiň çägi;<br>Dolandyryş düzüminiň agzalary barada maglumat;<br>Guramaçylyk gurluşy, borçlaryň paýlanyşy |
| 7. | Töwekgelçilige baha bermek | Kärhananyň ejiz taraplary;<br>Täze tehnologiýalaryň ýüze çykmak ähtimallygy;<br>Alternatiw strategiýa |
| 8. | Maliýe meýilnamasy | Girdejileriň we çykdajylaryň meýilnamasy;<br>Pul girdejileriniň we tölegleriniň meýilnamasy;<br>Balans meýilnamasy;<br>Özüni ödeýiş nokady |

Maýa goýum meýilnamasynyň birinji bölümi – rezýumeden durýar. Ol maýa goýum meýilnamanyň gysgajyk manysynyň göwrümidir. Ol maýa goýum meýilnamany açýar, ýöne ol işiň ahyrynda düzülýär. Jemlenen maglumat – rezýumäniň göwrümi 3-4 sahypadan köp bolmaly däldir, onuň beýan edilişi ýönekeý, gysgajyk we islendik maýadara düşnükli bolmalydyr. Ýokary derejede ünsi çekmeli, zat harydyň niýetlenilişine, maliýeleşdirmegiň çeşmeleriniň geljek haryt bäsdeşleriň harytlaryndan nähili tapawutlarynyň barlygyny we näme üçin alyjylaryň şu haryda hyrydarlyk bildirjekdigini bellemeli. Jemlenen maglumatda – maliýe netijelere bagyşlanmalydyr, ýagny taslamadan garaşylýan görkezijileri beýan etmelidir. Şondan soňra maýa goýum meýilnamanyň esasy bölümleri beýan edilýär.

Ikinji bölümde harytlaryň ýerleşdirilmeli bazarlaryna baha berilýär.

Üçünji bölümde özüňize mümkin bolaýjak bäsdeşlere degişli maglumatlar seljerilýär, ýagny olaryň harytlary, önümiň hili, mysaly nyrhlar we ýerleşdiriş şertleri bolýar.

Dördünji bölümde marketing meýilnama seredilýär. Marketing meýilnamanyň esasy elementlerine harydy ýaýratmagyň çyzgysy, nyrh emele getiriş, reklama ýerleşdirmegi (saýlamagy) höweslendirmeginiň (gyzyklandyrmagyň) usullary, haryt müşderilere (sarp edijilere) satylandan soňra hyzmat etmäni guramagy (tehniki harytlar üçin), firma we onuň öndüren harydy barada jemgyýetçilik pikirini emele getirmek degişlidir.

Bäşinji bölümde önüm öndürmek meýilnamasyna seredilýär. Bu ýerde esasy mesele (maksat) – kärhananyň gerek möçberdäki önümi we talap edilýän hilde öndürip biljekdigini subut etmekden durýar.

Altynjy bölümde iş guramak meselesine seredilýär. Bu ýerde görkezmeli zat kim bilen iş guramaly we işgärleriň işini düzgünleşdirmegiň meýilnamasyndan ybarat.

Ýedinji bölümde kärhananyň hukuk esaslaryna, aýratyn hem, hojalyk işlerini geçirmegiň görnüşleriniň guramaçylyk hukuk tarapyna seredilýär.

Sekizinji bölümde töwekgelçiligiň dürli görnüşlerine baha bermek, çaklamak we dolandyrmak, ýagny şu töwekgelçilikleri nädeniňde iň pes ýagdaýa getirip bolýandygyny ýazyp beýan edilýär

Dokuzynjy bölümde maliýe meýilnama seredilýär. Ol öňki hemme bölümleri umumylaşdyrýar we gymmat görnüşinde aňladylýar (ýerleşdirmäniň göwrüminiň çaklamasyny, pul girdejileriň we çykdajylaryň balansyny, girdejileriň we harajatlaryň tablisasyny, kärhananyň aktiwleriniň we passiwleriniň balansyny, ýitgisizlige ýetmegiň nokady).

Onunjy bölümde maliýeleşdirmegiň strategiýasy taslamany maliýeleşdirmäge gerekli serişdeler hem-de olary almagyň çeşmeleri we çykdajylaryň yza gaýtjak möhleti kesgitlenýär.

Ýokarda beýan edilenlere baglylykda, dogry düzülen maýa goýum meýilnamasy ahyrky netijede şol işiň başyny tutmalymy ýa-da ýok diýen soraga jogap berýär. Maýa goýum meýilnamasy, bu diňe bir kärhananyň içindäki resminama bolman, eýsem, ol daşarky resminama hem degişlidir. Onuň karz almakda we daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmekde möhüm ähmiýeti bardyr.

Maýa goýum meýilnamalaşdyryşda ýene-de bir ädim – maýa goýum meýilnamanyň her bir bölümini taýýarlamaga gerekli maglumatlary ýygnamagy göz öňünde tutýar. Şu tapgyrda maýa goýum meýilnamany düzmekde endikleri we bilimleri bar adamlara daýanmak hökmandyr. Şeýle adamlar bolup içerki gatnaşyjylar, ýagny guramanyň adamlary-guramanyň içerki ýagdaýyny gowy bilýän we tejribeliler bolup biler. Şeýle-de, daşarky maslahat berijileri işe çekseň gowy, sebäbi olar bazaryň maliýe çaklamalaryny we marketing gözleglerini amala aşyrmakda gerekdir. Maliýeçilerden, hasapçylardan, marketologlardan başga-da, maýa goýum meýilnamany düzmekde giň ugurly ykdysadyýetçileri, dolandyryş boýunça maslahat berijileri işe çekseň bähbitli bolar.

Maglumatlary toplamaga başlamazdan öň soraglar ýazgysyny, ýygyndysyny düzmek peýdalydyr. Onda maýa goýum meýilnamanyň her bölümine degişli möhüm soraglar bolmalydyr.

Maýa goýum meýilnamany düzmekde soňky tapgyr gönüden-göni maýa goýum meýilnamany ýazmakdyr.

Bu ýerde wagtyň az bolmagy, endigiň ýoklugy päsgel-bahana bolmaly däldir. Içerki we daşarky maslahat berijileriň kömegi geçen tapgyrlarda tamamlanmalydyr. Şu tapgyrda olar diňe kömekçiler bolup bilerler.

Maýa goýum meýilnamanyň hemme bölümleri ýazylyp tamamlanandan soň, telekeçi maýa goýum meýilnamanyň esasy manysynyň (rezýume) gysgajyk netijesini taýýarlamalydyr.

Maýa goýum meýilnamany telekeçi ýazmagy tamamlasa-da, ony gowulandyrmak (kämilleşdirmek) üçin ýene-de bir tapgyr peýdalydyr. Ol tapgyrda telekeçi taýýar – maýa goýum meýilnamany abraýly adamlaryň birine okamaga hödürlemelidir, ýöne ol adam şol işden bähbit-peýda gözlemeýän, özem peýdaly tankyt esasynda baha berip biljek adam bolmalydyr.

Maýa goýum meýilnamany gyzyklanýan okyjylara bermezden öň olaryň düzümini pugta pikirlenip taýýarlamalydyr.

Umuman, maýa goýum meýilnamalaşdyryşy bu köp zähmet we uzak döwür talap edýän işdir.

Şonuň bilen birlikde, maýa goýum taslamasyny işläp taýýarlamagyň tapgyrlaýyn yzygiderliligi 2.3-nji tablisada berilýär.

*2.3-nji tablisa*

**Maýa goýum taslamasyny işläp taýýarlamagyň tapgyrlary**

| Maýa goýum teklibi |
|---|
| Öndürilmeli önüm (ýerine ýetirilmeli hyzmat) barada maglumatlary ýygnamak we seljermek |
| Öndürilmeli önümiň (ýerine ýetirilmeli hyzmatyň) ýerleniljek bazarlary barada maglumatlary ýygnamak we seljermek |
| Kärhananyň mümkinçiliklerini we ýagdaýyny seljermek |
| Ýer, hünärmenler, enjamlar we beýleki serişdeler bilen üpjünçiligi kesgitlemek (Önümçilik meýilnamasy) |
| Zerur bolan maýa goýumlary we maliýeleşdiriş çeşmesini hasaplamak |
| Taslamanyň möçberini kesgitlemek we netijeliligini hasaplamak |
| Taslamanyň durmuşa geçirilişiniň grafigini we guramaçylyk düzümini hem-de hukuk üpjünçiligini işlemek |
| Kepillik we töwekgelçilik soraglaryny çözmek |

## 2.10. Maýa goýum taslamasyna goşundylar

**1. Kärhana we pudak barada maglumat:**

1) kärhana barada umumy maglumatlar;

2) kärhananyň taryhy;

3) kärhananyň işiniň maliýe-ykdysady görkezijileri;

4) ýerleşýän ýeri;

5) dolandyryş gurluşy;

6) kadrlar düzümi;

7) tejribesi we iş ugry;

8) kärhananyň ösüş ugry;

9) ykdysadyýetiň pudagy we onuň geljegi;

10) kärhananyň sebitiň ösüşindäki we jemgyýetçiliik durmuş ähmiýeti.

**2. Önümi (hyzmaty) suratlandyrmak:**

1) önümiň (hyzmatyň) ady;

2) haýsy ýerde ulanylýar we öndürmekligiň geljegi;

3) esasy häsiýetnamasyny gysgaça bellemek;

4) önümiň (hyzmatyň) bäsdeşlige ukyplylygy (*2.4-nji tablisa*).

*2.4-nji tablisa*

**Önümiň bäsdeşlige ukyplylygy**

| Deňeşdirme görkezijileri | Bäsdeş kärhanalaryň önümleri bilen deňeşdirme | | |
|---|---|---|---|
| | ***A* kärhana** | ***B* kärhana** | ***Ç* kärhana** |
| 1. | | | |
| 2. | | | |
| 3. | | | |

5) bäsdeşleriň köpeltmek mümkinçiligi;

6) önümi (hyzmaty) öndürmek üçin ygtyýarlandyrmagyň zerurlygy we barlygy;

7) önümiň (hyzmatyň) hilini sertifikatlaşdyrmagyň zerurlygy;

8) howpsuzlygy we ekologiýa zyýansyzlygy;

9) gaplamaklygyň we ýerlemekligiň şertleri;

10) ýeňillikleriň barlygy we salgytlaryň möçberi.

## 3. Marketing

*2.5-nji tablisa*

### 3.1. Önüme (hyzmata) bolan sarp edijileriň talaplary

| Önüm | Sarp edijiler we olaryň häsiýetnamalary | Sarp edijileriň önüme bolan talaplary |
|---|---|---|
| | | |

### 3.2. Bäsdeşlik

*2.6-njy tablisa*

**Bäsdeşler**

| Bäsdeş kärhanalar | Önümçiligiň (hyzmatyň) möçberi | Bäsdeşleriň güýçli we gowşak taraplary | Kärhananyň güýçli we gowşak taraplary |
|---|---|---|---|
| | | | |

### 3.3. Önümleri ýerleýiş bazary

*2.7-nji tablisa*

**Sarp edijiler we önümleri ýerleýiş bazary**

| Önüm | Sarp ediji | | Bir gezek söwdanyň mukdary we onuň köplügi | Ýyldaky möçberi | Bahasy | Gymmaty, müň manat (ýylda) |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | Ady | möçberi | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |

*2.8-nji tablisa*

**Ýylyň dowamynda islegiň üýtgäp durmagy (%)**

| Önüm | I çärýek | | | II çärýek | | | III çärýek | | | IV çärýek | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | ýan | few | mart | apr | maý | iýun | iýul | awg | sen | okt | noý | dek |
| | | | | | | | | | | | | |

## 3.4. Önümiň (hyzmatyň) bahasy, baha syýasaty

*2.9-njy tablisa*

**Önümiň bahasy**

| Önüm | Bäsdeşleriň bahasy | Sarp edijiler | | Meýilleşdirilen baha | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | Kimler | Iň ýokary baha, *manat* | Bahalaryň aralygy | |
| | | | | Iň pes | Iň ýokary |
| | | | | | |
| | | | | | |

## 3.5. Önümi ýerlemekligiň ugurlary

*2.10-njy tablisa*

**Öndüriljek önümiň ýerleýiş ulgamy**

| **Ýerleýiş ulgamy** | **Häsiýetnamasy** | **Şertleri** | **Ýerlemekligiň meýilleşdirilýän möçberi** |
|---|---|---|---|
| | | | |
| | | | |

## 4. Önümçilik meýilnamasy

### 4.1. Ýerleşişi

*2.11-nji tablisa*

**Häsiýetnama**

| | |
|---|---|
| Transport ulgamy | |
| Inžener ulgamy | |
| Zerur serişdeler | |
| Üpjün edijiler | |
| Sarp edijiler | |

### 4.2. Önümçiligiň tehnologiýasy, hili, sertifikasiýasy

*2.12-nji tablisa*

**Önümçiligiň tehnologiki häsiýetnamasy**

| Tehnologiki amallar | Enjamlara we tehnologiýa talaplar we olaryň üpjünçiligi | Beýleki talaplar |
|---|---|---|
| | | |

### 4.3. Önümçiligiň we önümleri ýerlemekligiň tapgyrlary

*2.13-nji tablisa*

**Önümçiligiň we önümleri ýerlemekligiň grafigi**

| Önümiň ady | Ýerine ýetiriji | Dowamlylygy (sagat, gün) | Wagty ____ | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |

## 4.4. Önümçilik desgasy we onuň ýerleşýän ýeri, enjamlar we materiallar

*2.14-nji tablisa*

**Önümçilik desgasy we onuň ýerleşýän ýeri**

| Häsiýetnamasy | Umumy mukdary, $m^2$ | Üpjünçiligi | Işläp başlamaga taýýarlygy | Çykdajylar, manat |
|---|---|---|---|---|
| | | çeşmesi $m^2$ | | |
| Jemi çykdajylar | | | | |

*2.15-nji tablisa*

**Enjamlar we materiallar**

| Ady, häsiýetnamasy | Bahasy, manat | Mukdary | Üpjün ediji, şerti | Möhleti, üpjün etmegiň möhleti we şerti | Çykdajy, manat |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | |
| Jemi harajatlar | | | | | |

## 4.5. Işgärler bilen üpjünçiligi

*2.16-njy tablisa*

**Işgärler**

| Ady, häsiýetnamasy | Mukdary | | Kategoriýasy | Işgärleri almaklygyň çeşmesi | Aýlyk zähmet haky, (*manat*) | Jemi möçberi ýylda, (müň *manat*) |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | bary | goşm. | | | | |

## 5. Guramaçylyk meýilnamasy

*2.17-nji tablisa*

**Dolandyryş işgärleri**

| F.A.A., wezipesi | Alyp barýan işi we jogapkärçiligi | Doglan ýyly, bilimi, hünäri, tejribesi |
|---|---|---|
| | | |

*2.18-nji tablisa*

**Hukuk üpjünçiligi**

| Resminamalar we rekwizitler | Gysgaça manysy |
|---|---|
| | |
| | |
| | |

*2.19-njy tablisa*

**Hyzmatdaşlyk**

| № t/b | Taslamanyň zerurlygy | Hyzmatdaş (kärhana, F.A.A. tel./faks) | Hyzmatdaşlygyň görnüşi we şertleri |
|---|---|---|---|
| | | | |
| | | | |

*2.20-nji tablisa*

**Goldaw we ýeňillikler**

| № t/b | Resminama we onuň rekwiziti | Gysgaça mazmuny (taslama üçin esas we mazmun) |
|---|---|---|
| | | |
| | | |
| | | |

*2.21-nji tablisa*

**Taslamanyň grafiki amala aşyrylyşy**

| № t/b | Tapgyrlaryň atlary | Jogapkär | Sene | | Dowamlylygy (gün) | Netije | Beýleki tapgyrlar bilen baglanyşyk |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | Başy | Ahyry | | | |
| | | | | | | | |

*2.22-nji tablisa*

**Walýutanyň hümmetiniň üýtgemegi**

| Taslamanyň başyndaky hümmetiň ýagdaýy | Ösüş derejesi / ýyllar boýunça walýuta hümmetiniň düşmegi (%)-de | | | |
|---|---|---|---|---|
| | 1-nji | 2-nji | 3-nji | 4-nji |

*2.23-nji tablisa*

**Salgytlar**

| Atlary | Girdeji (%)-de | Tölegiň wagtynda tölenilmegi | Salgytlaryň möçberi |
|---|---|---|---|
| | | | |
| | | | |

*2.24-nji tablisa*

**Işgärler üçin çykdajylar**

| Adam sany | Zähmet haky, man | Tölegiň wagtynda tölenilmegi | Ulanylyş | | Jemi, man |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | Aýda | Aýlar boýunça | |
| Dolandyryş işgärleri | | | | | |
| | | | | | |
| Önümçilikdäki işgärler | | | | | |
| | | | | | |
| Marketing işgärleri we beýleki işgärler | | | | | |
| | | | | | |
| Işgärler üçin ähli çykdajylar | | | | | |

*2.25-nji tablisa*

**Önüm öndürmeklige göni çykdajylar**

| Atlary | Ölçeg birligi | Çykdajy | Nyrhy | Umumy jemi |
|---|---|---|---|---|
| Materiallar | | | | |
| | | | | |
| Komplektirleýjiler | | | | |
| | | | | |
| Potradyna işlemegiň tölegi | | | | |
| | | | | |
| Beýleki çykdajylar | | | | |

*2.26-njy tablisa*

**Önüm öndürmeklige hemişelik çykdajylar**

| Atlary | | Jemi |
|---|---|---|
| Dolandyrmak üçin hemişelik çykdajylar | | |
| | | |
| Önümçilik üçin hemişelik çykdajylar | | |
| | | |
| Marketing we önümi ýerlemäge hemişelik çykdajylar | | |
| | | |
| Beýleki hemişelik çykdajylar | | |

*2.27-nji tablisa*

**Önümiň özüne düşýän gymmatynyň kalkulýasiýasy**

| № | Atlary | Ölçeg birligi | Sany | Nyrhy | Jemi |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | |
| | | | | | |
| Jemi özüne düşýän gymmaty | | | | | |

*2.28-nji tablisa*

**Önümçilige çykdajylaryň hasaby**

| № | Atlary | Sany | Nyrhy | Gymmaty | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Hemmesi | Şol sanda | |
| | | | | | Hususy serişde | Karz serişdesi |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| Taslamada bary | | | | | | |

*2.29-njy tablisa*

**Peýdanyň we ýitginiň hasabaty**

| Pul akymy/ýyl | 1-nji | 2-nji | 3-nji |
|---|---|---|---|
| Ýerlenen harydyň, önümiň işiň özüne düşýän gymmaty | | | |
| Söwda çykdajylar | | | |
| Dolandyryş çykdajylar | | | |
| Ýerlemekden gelen girdeji (çykdajy) | | | |
| Beýleki guramalara paýlaýyn gatnaşmakdaky girdejiler | | | |
| Gaýry amallaýyn girdejiler | | | |
| Gaýry amallaýyn çykdajylar | | | |
| Amaly däl işler üçin çykdajylar | | | |
| Amaly däl işlerden girdejiler | | | |
| Jemi peýda | | | |
| Salgyt borçnamalary | | | |
| Peýda salynýan salgyt | | | |
| Hasabat döwründe arassa peýda (ýitgi) | | | |

5. Sargyt № 995

## 2.11. Kärhananyň maýa goýumlarynyň dolandyrylyşy barada esasy düşünjeler

Kärhanalaryň maýa goýumlarynyň dolandyrylyşy, işleriň usullaryny hem-de şolar bilen bagly bolan çözgütleri özüne birleşdirýär. Eger maýa goýumlary goýmak meselesi öňünden maksatlaşdyrylan bolsa, onda bellibir bölümlerdäki we pudaklardaky maýa goýumlaryň pese gaçmagynyň öňüni almak maksady bilen olaryň töwekgelçiligini peseltmek üçin maksatnama düzmeklik gerek bolýar. Maýa goýumlary beýle töwekgelçiliklerden goramak, esasan hem, olaryň maýa goýumlary goýlan pudaklary diwersifikasiýalaşdyrmak arkaly, aýratyn pudaklara maýa goýumdan gaça durmak we olary şol ugur boýunça bäsdeşleriňe geçirmeklige ýol bermezlik, içki we daşky ätiýaçlandyrmaklygyň netijeliligini gazanmakdan ybaratdyr hem-de maýa goýumlary dolandyrmakda şu aşakdaky meseleleriň ýerine ýetirilmegini gazanmaly.

1. Maýa goýumlaryň likwidliligini we olaryň çalt reinwestrirlenmegini gazanmak.

2. Maýa goýum ulgamynyň talap edýän möçberini ödemeklik.

3. Kärhananyň maýa goýum syýasatyny çalt ornaşdyrmagyň ýollaryny gözlemeklik.

4. Maýa goýum amallary alnyp barylýan kärhanalara deňagramlyk ýagdaýyny saklap galmaklygy ýardam bermek. Bu, esasan hem, kärhananyň maliýeleşdiriş ulgamyndaky durnuklylygy we onuň ähli tapgyrlarynda tölege ukyplylygyny saklamaklyk arkaly gazanylýar. Bu bolsa kärhananyň maýa goýum syýasatynyň iň wajyp görkezijisi bolup durýar.

Ady agzalyp geçilen meseleleriň her biri aýratyn bir ugur boýunça hereket edýän bolsalar-da olar biri-biri bilen baglanyşyklydyrlar. Şol sebäpli hem maliýeleşdirişde ähli meseleler deň derejede tutulyp çözülmelidirler.

## 2.12. Maýa goýum ulgamynyň esasy tapgyrlary we olary dolandyrmak

Kärhananyň maýa goýum ulgamy, esasan hem, strategik dolandyrmak ulgamyna esaslanýar. Kärhananyň maýa goýumyny strategik esasynda dolandyrmaklyk şu aşakdakylary öz içine alýar:

1. Geçen döwürdäki maýa goýluş ulgamy seljerilýär. Bu işiň geçirilmeginiň esasy sebäbi bolsa, şol kärhananyň içerki maýa goýum ýagdaýyna hemmetaraplaýyn seljerme bermeklikdir. Seljerme geçirmeklik işi, esasan hem, geçen döwrüň maglumatlaryny şu döwrüň maglumatlaryna görä deňeşdirilýär we önümçilik, önüm ýerlemeklik, we ş.m. ulgamlara seljerme bermeklikdir;

2. Ikinji tapgyrda bolsa, maýa goýum ulgamyny aýratyn ulgamlar boýunça seljerýärler. Dinamikanyň ösüş ulgamyna we maýa goýumlaryň ulgamyna seljerme berilýär we olaryň kärhananyň ösüşindäki orny anyklanylýar;

3. Üçünji tapgyrda bolsa, maýa goýumlaryň diwersifikasiýasyna seredilip geçilýär we onuň aýratyn territoriýalar boýunça seljermesi geçirilýär;

4. Dördünji tapgyrda bolsa, kärhananyň şol seljerilýän ulgamdaky maýa goýum syýasatynyň netijesi kesgitlenýär. Daşarky maýa goýum ulgamynyň we gurluşynyň derejesi seljerilýär. Bu barlagda bolsa daşarky maýa goýum bazaryna tutuşlygyna we onuň aýratyn ulgamlary boýunça seljerme berilýär. Bu barlag geçirilende, ýene-de bir göz öňünde tutulmaly esasy mesele hem daşarky maýa goýum bazary diňe bir pul serişdelerinden durman, eýsem, ol hakyky (real) maýa goýum serişdelerinden hem ybaratdyr;

5. Maýa goýum ulgamlarynyň maýa goýum serişdelerini talap edişine görä töwekgelçilik ýagdaýlary. Bu ulgamda bolsa kärhananyň maýa goýum syýasatynyň girdejiligi we onuň töwekgelçilik derejeleri kesgitlenilýär *(2.29-njy tablisa)*.

*2.30-njy tablisa*

**Kärhananyň ýaşaýyş tapgyrlary boýunça onuň maýa goýum strategiýasynyň differensirlenişi (tapawutlandyrylyşy)**

| Kärhananyň ýaşaýyş döwürleriniň tapgyrlary | | Esasy strategik maksatlar |
|---|---|---|
| № | 1 | 2 |
| 1. | Ýaşlyk | Hakyky maliýeleşdirmekligi üpjün etmek |
| | | Maýa goýum syýasatynyň çykdajysynyň az bolmagyny gazanmak |
| 2. | Ýetginjeklik | Hakyky maýa goýumyň möçberini artdyrmak |
| | | Hakyky maýa goýum ulgamyny diwersifikasiýalaşdyrmak |
| | | Maýa goýumyň iň pes girdejiliginiň derejesini gazanmak |
| 3. | Ir ýetişgenlik | Hakyky maliýeleşdiriş ulgamlaryny diwersifikasiýalaşdyryş |
| | | Ykdysady maýa goýumlarynyň portfeliniň emele gelmegi |
| | | Maýa goýum ulgamynyň ösüşiniň gazanylmagy |
| 4. | Ahyrky ýetişen döwri | Maýa goýumlaryň netijeli ýagdaýynyň saklanylmagyny gazanmak |
| | | Hakyky we maliýe maýa goýum ulgamynyň giň gerimde ösmegini gazanmak |
| | | Maýa goýum girdejisiniň ortaça derejesini saklamak |
| | | Durmuş maksatlara gönükdirilýän maýa goýumlaryň ösüşi |

| | | |
|---|---|---|
| 5. | Garramaklyk döwri | Amortizasiýa aktiwleriň azwagtly renowasiýasyny gazanmak |
| | | Girdeji almak maksady bilen maliýe maýa goýum portfelini gysmaklyk |
| | | Maýa goýum ulgamynda az çykdajy etmeklik bilen girdeji almaklyk |
| | | Bellibir ugurdaky ulgamyň önümçiligini ýokarlandyrmak maksady bilen reinwestirlenen maýa goýumlar |

Strategik maliýeleşdirişde, esasan, konserwatiw, agressiw we kanagatly usullary tapawutlandyrýarlar. Maliýeleşdirişiň konserwatiw usuly kärhananyň maliýeleşdirilişiniň töwekgelçiligini kemeltmek maksady bilen geçirilýär. Bu işler amala aşyrylanda, maýadarlar öz maýa goýumlaryndan iň ýokary girdeji almaklyga çemeleşmeýärler, maýa goýumlarynyň möçberini artdyrmakçy hem bolmaýarlar, eýsem, olar geljekki döwürler üçin öz bar bolan maýa goýumlaryny ätiýaçlandyrýarlar. Bu maksatnamada bolsa, esasan, bazar şertlerinde kärhananyň maýa goýumlarynyň möçberi we olardan gelýän girdejiler hem kadaly derejede saklanýar, olaryň geljekki döwür üçin ätiýaçlandyrylyşy bolsa olara hiç hili täsir etmeýär. Bu usulyň amala aşyrylyşynyň mysaly bolup kärhana tarapyndan döredilen maýa goýum usulyýeti bolup durýar.

Maýa goýmaklygyň agressiw usuly bolsa, şol döwürde maýadarlaryň goýan maýa goýumlaryndan iň ýokary girdeji almaklyga gönükdirilen. Bu usul amala aşyrylanda bolsa maýa goýumyň bazar bahasyna we olaryň hümmetsizleniş derejesine ikinji derejeli orun berilýär. Maýa goýmaklygyň bu usulynda bolsa, maýadarlar möçberi uly bolan ulgamlara maýa goýumlykdan gaça durýarlar.

Bellibir ugurlar boýunça maýa goýumlary ätiýaçlandyrmaklyk, esasan hem, şu aşakdaky ulgamlarda alnyp barylýar:

1. Kärhananyň maýa goýum filosofiýasy;
2. Kärhananyň maliýe we korporatiw usullaryny saýlap almaklyk;

3. Maýa goýum bazarynda maliýeleşdiriliş ugurlarynyň we degişli maýa goýum portfelleriniň bolmaklygy;

4. Maýa goýum syýasaty boýunça kärhananyň esasy ugurlarynyň emele gelmegi;

5. Kärhananyň maýa goýum ulgamynda çäkleýin we ulgamlaýyn maýa goýum syýasatynyň düzülişi we onuň ýola goýluşy.

Munuň esasy bolup, şol döwletiň maýa goýum ulgamynyň bölekler boýunça özüne çekijilik ukyby häsiýetlendirilýär;

6. Kärhananyň maýa goýum ulgamlarynyň biri-biri bilen özara baglanyşygynyň bolmaklygy. Bu usulda bolsa kärhananyň her bir maliýeleşdiriş ulgamynyň möçberi we wagty boýunça özara baglanyşygy bolup geçýär.

# III bap MAÝA GOÝUM KLIMATY WE TÖWEKGELÇILIKLERI

## 3.1. Maýa goýum ýagdaýy we maýa goýum mümkinçilikleri

**Maýa goýum ýagdaýy** – maýadar tarapyndan öz serişdelerini girdeji almak maksady bilen ykdysadyýete goýmagy üçin maýa goýumlaryň netijeli ulanylmagyny üpjün etmekde döwletiň içindäki syýasy, ykdysady we durmuş şertlerden ybarat.

Dünýäniň köp döwletlerinde maýadarlar üçin döwletiň içindäki sebitleriň maýa goýum ýagdaýynyň örän uly ähmiýeti bardyr. Şonuň bilen baglylykda, sebitleriň maýa goýumlary özüne çekijiligini toplumlaýyn öwrenmek zerurdyr.

Maýa goýum ýagdaýy jemgyýetde täsir ediş ýagdaýyna görä 2 topara bölünýär:

1) obýektiw (tebigy-klimat, energiýa çig mal serişdeleri bilen üpjünçiligi, geografiki ýerleşişi, demografiki ýagdaý);

2) subýektiw (Dolandyryş bilen baglanyşykly).

Şeýlelikde, maýa goýum ýagdaýyny bahalandyrmak üçin, şu aşakdaky ýagdaýlaryň ulgamyndan peýdalanylýar.

Maýa goýumlary goýmak üçin sebitiň ykdysady görkezijileri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– sebitiň tebigy resurslar bilen üpjünçiliginden;

– sebitiň bioklimat mümkinçiliginden;

– önümçilik maýa goýumlary üçin erkin ýer serişdeleriniň barlygyndan we olary almak mümkinçiliginden;

– sebitde ulag ulgamynyň ösüşiniň mümkinçiliginden;

– sebitiň zähmet serişdelerinden;

– ýokary hünärli hünärmenler bilen üpjünçilik derejesinden;

– sebitde ylmy-tehniki ösüşiň gazananlarynyň ösüşiniň derejesinden.

Maýa goýum mümkinçilikleri – döwletiň makroykdysady görkezijileriniň (ykdysady ösüşiň depgini, goýumlaryň we sarp edilişiň gatnaşygy, girdejileriň kadaly peýdasy, puluň hümmetsizlenmeginiň derejesi, ilatyň sarp edijilik talaby) jemi häsiýetnamasydyr hem-de infrastrukturanyň ösüşini öz içine alýar.

## 3.2. Sebitde maýa goýumlary goýmak üçin amatlylygy boýunça beýleki şertler we olaryň toparlara bölünişi hem-de maýa goýum klimatyny gowulandyrmak üçin geçirilmeli çäreler

Sebitde maýa goýumlary goýmaklygyň amatlylygy boýunça hem öz içinde 6 sany toparlara bölünýär.

**1. Sebitde hojalygy ýöretmek üçin umumy şertler:**

– maddy önümçilik pudagynyň ösüşinden;

– sebitiň ekologiýa howpsuzlygynyň derejesinden;

– gurluşygy tamamlanmadyk desgalaryň ulanylmak mümkinçiliginden;

– sebitiň öňdebaryjy pudaklarynyň kärhanalarynda esasy önümçilik gaznalarynyň köneliş derejesinden;

– gurluşyk binýadynyň ösüş derejesinden;

– önümçilik infrastrukturasynyň ösüş derejesinden ybaratdyr.

**2. Sebitde bazaryň emele gelmegi boýunça şertler:**

– bazar infrastrukturasynyň ösüş derejesinden;

– hususylaşdyrmagyň maýa goýum işjeňligine täsirinden;

– puluň hümmetsizlenmeginiň maýa goýum işjeňligine täsirinden;

– maýa goýum hadysasyna ilatyň çekilmeginiň derejesinden;

– ykdysadyýetde monopolizmiň başa bardyrylmazlygyndan we telekeçilikde bäsdeşligiň ösüş derejesinden;

– täze önümler we hyzmatlar üçin ýerli bazaryň sygymyndan;

– sebitiň beýleki sebitler bilen baglaşygynyň işjeňliginden;

– sebitiň eksport mümkinçiliklerinden;

– sebitde ykdysady durmuşyň we daşary ýurt maýa goýumlarynyň barlygynyň derejesinden ybaratdyr.

**3. Syýasy ýagdaýlar boýunça şertler:**

– ilatyň hökümet ýolbaşçylaryna bolan ynamyndan;

– sebitde syýasy durnuklylygynyň derejesinden;

– sebitde milletçilik we dini durnuklylygynyň derejesinden ybaratdyr.

**4. Durmuş we medeni-durmuş ýagdaýlar boýunça şertler:**

– sebitde ilatyň durmuş derejesinden;

– durmuş hyzmatynyň ösüş derejesinden;

– medisina hyzmatynyň ösüş derejesinden;

– ýerli ilatyň arasynda sagdyn durmuş ýörelgesiniň derejesinden;

– sebitde jenaýatçylygyň derejesinden;

– ilatyň zähmet haklarynyň satyn alyjylyk mümkinçiliginden;

– ilatyň migrasiýasynyň maýa goýum hadysalaryna täsirinden;

– ilatyň ýerli telekeçilere bolan gatnaşygyndan;

– ilatyň daşary ýurt telekeçilerine bolan gatnaşygyndan;

– sebitde daşary ýurt hünärmenleriň ýaşamagy we işlemegi üçin adaty şertleriň barlygyndan;

– maýadarlar üçin medeni-taryh mirasynyň özüne çekijilik derejesinden we ş.m. ybaratdyr.

**Guramaçylyk-hukuk ýagdaýlar boýunça şertler:**

– kada-kanunlaryň berjaý edilişiniň derejesinden;

– dolandyryş guramalaryň telekeçilere bolan gatnaşygyndan;

– ýerli häkimiýetiň daşary ýurt maýadarlaryna bolan garaýşyndan;

– kadalaşdyryjy namalardan we ýerli häkimiýet edaralarynyň çözgütlerinden maýadarlaryň, telekeçileriň habardar bolmagyndan;

– ýerli dolandyryş edaralaryň işgärleriniň hünär derejesinden;

– ýerli hukuk goraýjy edaralaryň işiniň netijeliliginiň derejesinden;

– işçi güýjüniň, maýa goýumlaryň we harytlaryň erkin geçirilmegi üçin bar bolan şertlerden;

– ýerli telekeçileriň daşary ýurt maýadarlar bilen aragatnaşyklarynyň barlygyndan;

– ýerli telekeçileriň iş alyp barşynyň medeni we hil derejesinden ybaratdyr.

**5. Sebitiň maliýe ýagdaýy boýunça şertler:**

– maliýe serişdeleriniň peýdalanmak mümkinçiliginiň derejesinden;

– ýerli býujetden maliýe serişdelerini peýdalanmak mümkinçiliginiň derejesinden;

– milli walýutada karzlary peýdalanmagyň mümkinçiliginiň derejesinden;

– bank karz göterimleriniň ortaça derejesinden;

– bank ulgamlarynyň işiniň ýokarylygyndan;

– ilatyň jan başyna düşýän maýa goýumlarynyň möçberinden;

– sebitde zyýanly işleýän kärhanalaryň möçberinden ybaratdyr.

Şeýlelikde, maýa goýum klimatynyň derejesi näçe ýokary bolsa, maýa goýum töwekgelçiliginiň derejesi hem şonça pes bolýar hem-de içerki we daşarky maýadarlary özüne çekmek mümkinçiligi ýokary bolýar.

**Maýa goýum ýagdaýyny kesgitlemek** – bu sebitde maýa goýum işiniň netijeliligine täsir edýän ýa-da täsir edip biljek ýagdaýlaryň kesgitleniş prosesine aýdylyp, bu poreses sebitiň bellibir wagtyň dowamynda (5 ýyl we ondan hem köp) maýa goýum çekijiliginiň dinamikasyny öwrenmek esasynda geçirilýär.

– Sebitiň maýa goýum klimatyny bahalandyrmak üçin ilkinji nobatda maýa goýumlaryň netijeliligine täsir ediji ýagdaýlaryň (indikator) düzümini we olary emele getirýän görkezijileri öwrenmeli *(3.1-nji tablisa).*

*3.1-nji tablisa*

**Sebitiň maýa goýum klimatyny kesgitlemek üçin integral we hususy maýa goýumlaryň netijeliligine täsir ediji ýagdaýlaryň görkezijileri**

| Integral indikator | Hususy indikator | Görkezijiler |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| Maýa goýum mümkinçiligi | Önümçilik mümkinçiligi | Jan başyna düşýän jemi içerki önümiň möçberi |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| | Zähmet mümkinçiligi | – Ykdysadyýetiň pudaklarynda işleýän işgärleriň ortaça ýyllyk sany;<br>– Garaşylýan ömrüň dowamlylygy;<br>– Her 10 000 adama ýokary okuw mekdeplerinde okaýan talyplaryň sany |
| | Sarp ediş mümkinçiligi | – Ilatyň jan başyna düşýän hakyky sarp ediş möçberi;<br>– Her 1000 adama hususy ýeňil awtoulaglaryň sany;<br>– Her bir adama düşýän ýaşaýyş meýdanyň möçberi |
| | Infrastruktura mümkinçiligi | – Umumy peýdalanylýan demir ýollaryň uzynlygy;<br>– 1000 *kw. km*. meýdana düşýän gara ýollaryň uzynlygy;<br>– Ilatly nokatlaryň telefon üpjünçiligi |
| | Maliýe mümkinçiligi | – Sebitleýin býujetiň profisiti;<br>– Satylan önümleriň düşewüntliligi |
| | Institusional mümkinçiligi | – Umumy kärhanalaryň sanynda kiçi kärhanalaryň möçberi;<br>– Jemi işleýän adamlaryň sanynda hususy telekeçileriň möçberi |
| | Innowasiýa mümkinçiligi | – Jemi kärhanalaryň sanynda innowasiýa tehnologiýalaryny ornaşdyran guramalaryň sany;<br>– Döredilen öňdebaryjy önümçilik tehnologiýalaryň sany |
| | Tebigy serişdeler mümkinçiligi | – Sebitiň meýdanynyň döwletiň umumy meýdanyna bolan gatnaşygy;<br>– Mineral çig mal serişdeleriň hakyky gorlarynyň möçberi;<br>– Sebitiň geografiki ýerleşişine berlen baha |
| | Syýahatçylyk mümkinçiligi | 10 bally şkalada sebitiň syýahatçylyk mümkinçiligine berlen baha |

**Maýa goýum ýagdaýyny gowulandyrmak üçin geçirilmeli çäreler şu aşakdakylardan ybarat:**

1. Salgyt salmagyň, amortizasiýa geçirimlerini hasaplamagyň we ulanmagyň mehanizmlerini kämilleşdirmek;
2. Maglumat beriş we seljeriş merkeziniň ulgamyny döretmek we ösdürmek;
3. Kompaniýalaryň ähli ugurlar boýunça reýtingini taýýarlamak we köpçülige ýetirmek;
4. Ilatyň pul serişdelerini we beýleki býujetden daşary serişdeleri ulanmak boýunça işleri geçirmek;
5. Antimonopoliýa çärelerini geçirmek.

## 3.3. Maýa goýum töwekgelçiligi barada düşünje hem-de maýa goýum töwekgelçiliginiň düzüm bölekleri

**Töwekgelçilik** – bu taslama durmuşa geçirilýän döwründe oňa gatnaşyjylaryň käbirleri ýa-da hemmesi üçin oňaýsyz (oňaýsyz) şertleriň ýüze çykmak mümkinçiligidir.

Maýa goýum töwekgelçiligi birinjiden – hemişe kompaniýanyň maliýe serişdeleriniň mobilizasiýasy bilen baglanyşykly bolýar, ikinjiden – adatça, kesgitsizlik şertlerinde amala aşyrylýar, şol sebäpli hem olaryň derejesi ähmiýetli derejelerde üýtgäp bilýär. Täze esasy serişdeleriň satyn alynýan pursadynda hiç haçan bu amalyň ykdysady netijeliligini öňünden takyk kesgitlemek mümkin bolmaýar. Şol sebäpden hem, köplenç, çözgütler intuitiw esasynda kabul edilýär. Satyn almagyň maksadalaýyklygy babatda ýalňyş çaklama şu aşakdaky görnüşlerde amatsyz netijelerini ýüze çykaryp bilýär:

1. Maýa goýumyň peselen ýagdaýyndaky ýalňyşyny, girdejiniň alnyp bolmajak mümkinçiligi bilen ýüze çykaryp bolar;
2. Artykmaç maýa goýum kuwwatlyklaryň doly däl göwrümde işledilmegine getirip biler.

Maýa goýumlarynyň töwekgelçiliginiň düzüm bölekleri:

1. Wagtal-wagtal gaýtalanýan (sistematik) bazar töwekgelçiligi:

– goýumyň göteriminiň üýtgemek töwekgelçiligi;

– pul serişdeleriň (walýuta) töwekgelçiligi;
– hümmetsizlenmek (infilýasiýa) töwekgelçiligi;
– syýasy töwekgelçilik.

2. Wagtal-wagtal gaýtalanmaýan (her wagtdan bir ýüze çykýan) töwekgelçilik:
– pudaklaýyn töwekgelçilik;
– iş bilen bagly töwekgelçilik;
– karz töwekgelçilik.

Maýa goýumlaryň taslamalary geljek döwre degişlidir, şonuň üçin onuň netijelerini ynam bilen öňünden aýtmak kyndyr. Bular ýaly taslamalar ýerine ýetirilende, bolup biljek töwekgelçilikleri göz öňünde tutmak zerurdyr. Eger maýa goýumlaryň birnäçe bolup biläýjek soňlamalary bar bolsa, onda bu maýa goýumlar töwekgelçilikli ýa-da takyk däl diýip atlandyrylýar.

Taslamalar amala aşyrylanda, onuň üçin netijeliligiň hasabatlary esasy diýip seredilýär, galanlary bolsa dürli gyşarmalara getirip biljek we taslamanyň esasyna laýyk gelmeýän netijeliligiň görkezijilerini emele getirýär. Töwekgelçiligiň barlygy ýa-da ýoklugy taslamany amala aşyrmak bilen bagly bolup, ony gatnaşyjylaryň hersiniň özi kadadan çykmalaryň derejesi we belgisi esasynda anyklanýar.

Oňa garşylykda (alternatiw) berilýän anyklamada töwekgelçilik – bu islendik kadadan çykmalaryň (oňaýsyz ýa-da pozitiw) görkezijileriň taslamada göz öňünde tutulan ortaça görkezijilerden tapawutlanmak mümkinçiligidir. Bu tassyklama laýyklykda töwekgelçilik – bu bolup biljek ýa-da bolup bilmejek waka (bolup biljek howp) we ol bolan ýagdaýynda netijesi 3 görnüşde bolýar:

1. Oňaýly (girdeji, gazanç we peýda);
2. Oňaýsyz (zyýan, ýitgi we ş.m.);
3. Nol netijeli (zyýansyz we girdejisiz).

Maýa goýum taslamalarynyň durmuşa geçirilmegine syýasy, durmuş, täjirçilik ýagdaýlarynda bolan özgermeler, bulardan başga-da tehnikada, tehnologiýada, öndürijilikde, bahalardaky özgerişler, töwerek-daşyň ýagdaýy, hereket edýän salgytlar, hukuk namalary we başga meselelere öz täsirini ýetirýär.

## 3.4. Maýa goýum töwekgelçiliginiň görnüşleri

Maýa goýum töwekgelçiliginiň daşyndaky (ekzogen) we içindäki (endogen) görnüşleri bardyr.

Daşyndaky (ekzogen) töwekgelçilikler – olar taslama gatnaşyjylaryň özüniň işi bilen baglanyşykly däl bolup, bulara töwekgelçilikleriň şu aşakdakylary degişlidir:

1) ýurtda ykdysadyýetiň durnuksyzlyk ýagdaýy bilen baglanyşykly;

2) syýasy durnuksyzlyk ýa-da onuň üýtgemegi bilen bagly ýagdaý;

3) hukuk namalaryň kadasyzlygy;

4) tebigat we howa şertleriniň üýtgemegi bilen bagly ýagdaýlar (Ýer titreme, suw joşmak we başga betbagtçylyklar);

5) bazar konýukturalarynyň durnuksyzlygy;

6) pullaryň (walýutanyň) hümmetiniň üýtgemegi;

7) daşary ykdysady özgertmeleriň netijesinde dörän ýagdaýlar (söwda geçirmäge çäklendirilmeleriň girizilmegi, gümrük salgytlaryň üýtgemegi we ş.m.).

Içerki (endogen) töwekgelçilikler – bular taslama gatnaşyjylaryň işi bilen bagly bolup, olara şu aşakdakylar degişlidir:

1) taslamalar düzülende doly däl ýa-da nätakyk maglumatlaryň ulanmagy, taslama-smeta resminamalarda ýalňyşlaryň bolmagy;

2) işgärleri (hünärmenler) saýlap-seçip almaklyk talabalaýyk geçirilmänligi, maýa goýum menejmentiň pes derejede bolmagy;

3) marketing strategiýasynyň ýalňyşlygy;

4) kärhananyň ugrunyň üýtgemegi;

5) maliýe serişdeleriniň çenden aşa sowulmagy;

6) tehniki önümçilik bozulmalary;

7) taslamanyň dolandyryşynyň pes derejede bolmagy;

8) önümçiligiň hiliniň we öndürijiliginiň peselmegi;

9) şertnamanyň ýerine ýetirilmezligi.

Syýasy töwekgelçilikleri, ykdysady çökgünlikleri, tebigy betbagtçylyklary, defolty, sebitleýin çaknyşyklary, betbagtçylyklary hiç kim aradan aýryp bilenok. Şonuň üçin islendik maýa goýumlar bellibir töwekgelçilik bilen bagly bolup durýar.

Maýa goýum töwekgelçiligini azaltmak we aradan aýyrmak üçin aşakdaky çäreleri işläp taýýarlamak zerurdyr:

– göz öňünde tutulmaýan çykdajylar üçin ätiýaçlyk goruny döretmek;

– önümleri öndürmekligiň möçberini çaklamak we söwdada bahany hakykata ýakynlaşdyrmak üçin marketing barlaglaryny geçirmek;

– ätiýaçlandyrmak;

– şertnama goşmaça şertleriň ýüklenilmegini gazanmak bilen töwekgelçiligiň başga taraplara hem paýlanylmagyny üpjün etmek.

## 3.5. Maýa goýumlarynyň taslamasynyň töwekgelçiliginiň baha beriş usullary

Maýa goýum taslamasyny durmuşa geçirmek boýunça dolandyryş ulgamy üýtgäp durýan şertler barada maglumatlary ýygnamak, olary seljermek we taslama düzetmeleri girizmek, gatnaşyjylaryň özara hereketleriniň düzgünini, olaryň arasynda baglaşylan şertnamalaryň şertlerini göz öňünde tutmak gerekdir. Maýa goýum taslamasynda töwekgelçilige baha bermegiň usullarynyň iki görnüşini ulanyp bolar:

– töwekgelçilige hil taýdan baha bermek usuly;

– töwekgelçilige möçberi boýunça baha bermek usuly.

Töwekgelçilige hil taýdan baha bermek usuly. Bu usulda ýüze çykan töwekgelçilikleri maliýe taýdan kesgitläp, olaryň halanmaýan netijeliligini anyklap, durnuklylyk çärelerini geçirmelidir. Bu usul taslamanyň täjirçilik taslamasynyň düzülýän tapgyrynda geçirilýär. Hökmany bolan taslamanyň köptaraplaýyn derňewi bolsa töwekgelçilikler barada giňişleýin maglumatlary taýýarlap, ony seljermäge mümkinçilik berýär.

Hil taýdan baha bermekde şu usullary tapawutlandyryp bolar:

– ekspert usuly;

– çykdajylaryň ýerlikliliginiň seljerme usuly;

– analogiýa usuly.

Ekspert usulynda aýry-aýry ekspertleriň her görnüş boýunça bahalandyrmalary seljerilip, töwekgelçiligiň integral derejesini anyk-

lamakdan ybaratdyr. Bu usul ekspertleriň beren bahalarynyň obýektiw derejesini ýokarlandyrýar. Onuň gowy (položitel) taraplary – hasaplanyşynyň ýönekeýligi, anyk maglumatlaryň bolmagynyň we kompýuter ulanmagynyň hökman däldigi. Oňaýsyz (otrisatel) taraplary – baha bermegiň subýektiwligi, ýokary hünärli ekspertleri ulanmakda kynçylyklaryň ýüze çykmagyndan ybaratdyr.

Çykdajylaryň ýerlikliliginiň seljerme usulynda bolup biljek töwekgelçilikleriň zolaklaryny ýüze çykarmaga we maýa goýumlary ulanmak baradaky çözgüdi kesgitleýän şahsyýetiň goýumlarynyň töwekgelçiliginiň iň pes derejede bolmagy üçin gönükdirilendir. Maliýe serişdeleriniň artykmaç harçlanmagynyň sebäpleri şu aşakdaky:

– ilkibaşda taslamanyň tutuşlaýyn ýa-da onuň bölek düzümleriniň we tapgyrlarynyň pes derejede bahalandyrylmagy;

– göz öňünde tutulmadyk ýagdaýlar sebäpli taslamanyň çäkleriniň üýtgemegi;

– öndürijilikde bolan tapawut (taslamada göz öňünde tutulan öndürijilikdäki tapawut);

– puluň hümmetsizlenmegi ýa-da salgyt kanunçylygynyň üýtgemegi sebäpli taslamanyň başdaky bahasynyň ýokarlanmagy ýaly dört faktorlaryň biriniň ýa-da olaryň özara baglanyşygynyň netijesinde ýüze çykyp bilýär diýip çaklanýar.

Tassyklanan görnüşli sanawyň esasynda bolup biläýjek çykdajylaryň ýokarlanmagynyň maddalar boýunça taslamanyň her bir görnüşi ýa-da onuň bölekleri üçin jikme-jik sanawyny işläp düzmek bolýar. Maýa goýumlarynyň tassyklanmagy tapgyrlara bölünýär we olar taslamanyň tapgyrlary bilen baglanyşykda tassyklanmalydyr.

Töwekgelçiligiň ýokary derejede bolanlygy barada maglumatlary alnandan soňra taslamanyň her tapgyrynda maýa goýumlarynyň eýesi olary bes etmek hakynda çözgüt kabul edip biler.

Maýa goýumlaryň tapgyrlaýyn ulanylmagy goýumlaryň eýesine töwekgelçiligiň ýokarlanmagynyň ilkinji alamatlary ýüze çykanda, taslamanyň maliýeleşdirilmegini bes etmek we çykdajylaryny azaltmagyň çäreleriniň gözlegine çykmaga mümkinçilik berýär.

Analogiýa (Meňzeşlik) usuly – bu usulda meňzeş taslamalary öwrenmekden durýar. Analogiýa usulynyň ulanmagy köp halatlar-

da başga usullaryň netijesizliginde ulanylýar hem-de meňzeş taslamalaryň töwekgelçilikleri baradaky maglumatlaryň ulanmagy bilen baglydyr. Taslamalarda bolup biläýjek töwekgelçilikleri analogiýa usuly bilen seljermekde taslamalar amala aşyrylandan soňra, geçirilmegi möhüm ýagdaý bolup durýar. Bu usul dünýäde belli banklar tarapyndan ulanylýar, mysal üçin, Bütindünýä banky tarapyndan şeýle barlaglaryň netijesinde alnan maglumatlaryň üstünde işlenip, gutarnykly taslamalarda baglylyklary ýüze çykarmak üçin ulanylýar we täze taslamalary durmuşa geçirmekde bolup biläýjek töwekgelçilikleri ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär.

Şeýle hem maýa goýum töwekgelçiliklerini 3.2-nji tablisa laýyklykda ykdysady, maliýe, hukuk, kriminal, ekologiki töwekgelçilik görkezijileriniň esasynda öwrenmek giňden peýdalanylýar.

*3.2-nji tablisa*

**Maýa goýum töwekgelçiligini öwrenmek**

| | | |
|---|---|---|
| Maýa goýum töwekgelçiligi | Ykdysady töwekgelçilik | – Sarp ediş bahalarynyň indeksi;<br>– Işsizligiň derejesi;<br>– Esasy gaznalaryň könelmesiniň derejesi |
| | Maliýe töwekgelçiligi | – Sebitleýin býujetiň defisiti;<br>– Döwlet bergileriniň sebitleýin býujetiň girdejilerine gatnaşygy;<br>– Salgytlar we ýygymlar boýunça döwlet býujetine bergiler |
| | Hukuk töwekgelçiligi | 10 bally şkalada sebitiň hukuk töwekgelçiligine berlen baha |
| | Kriminal töwekgelçiligi | – 100 000 ilata hasaba alnan jenaýatlaryň möçberi;<br>– Kriminal töwekgelçiligine berlen baha |

6. Sargyt № 995

*3.2-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| | Ekologiki töwekgelçilik | – Atmosfera howasyna zyňylýan zyňyndylaryň möçberi;<br>– Suw desgalaryna zyňylýan zyňyndylaryň möçberi |

Maýa goýum mümkinçiliklere we töwekgelçilikler üçin hususy indikatorlaryň ähmiýetini kesgitlemekde statistiki maglumatlardan, ylmy-barlag işleriniň maglumatlaryndan, geçirilen barlag soraglaryň netijelerinden peýdalanylýar.

Statistiki, ylmy-barlag işleriniň maglumatlaryndan, geçirilen barlag soraglaryň netijelerinden peýdalanyp, sebitiň maýa goýum mümkinçiliklere we töwekgelçiliklere hususy indikatorlaryň ähmiýetini kesgitlemekde aşakdaky derejede görkezilýär *(3.3-nji tablisa)*.

*3.3-nji tablisa*

**Maýa goýum mümkinçiliklerde we töwekgelçiliklerde her bir hususy indikatorlaryň ähmiýeti**

| **Integral indikatorlar** | **Hususy indikatorlar** | **Ähmiýeti** |
|---|---|---|
| Maýa goýum mümkinçiligi | Önümçilik mümkinçiligi | 0,7 |
| | Zähmet mümkinçiligi | 0,7 |
| | Sarp ediş mümkinçiligi | 0,65 |
| | Infrastruktura mümkinçiligi | 0,6 |
| | Maliýe mümkinçiligi | 0,6 |
| | Institusional mümkinçiligi | 0,4 |
| | Innowasiýa mümkinçiligi | 0,4 |
| | Tebigy serişdeler mümkinçiligi | 0,35 |
| | Syýahatçylyk mümkinçiligi | 0,05 |
| Maýa goýum töwekgelçiligi | Ykdysady töwekgelçiligi | 0,9 |
| | Maliýe töwekgelçiligi | 0,9 |
| | Hukuk töwekgelçiligi | 0,9 |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| | Durmuş töwekgelçiligi | 0,7 |
| | Syýasy töwekgelçiligi | 0,7 |
| | Kriminal töwekgelçiligi | 0,65 |
| | Ekologiýa töwekgelçiligi | 0,4 |

Ýurduň içinde her bir görkezijiniň ähmiýetiniň ululygy şu aşakdaky formula bilen kesgitlenilýär:

$$p = \frac{p_s}{P_{max}} \cdot 100\%,$$

bu ýerde $p$ – hasaplanylýan görkeziji, $p_s$ – sebitde görkezijiniň ähmiýetiniň derejesi, $p_{\max}$ – ähli sebitleriň arasynda ähmiýetiniň iň uly derejesi.

## 3.6. Maýa goýum taslamalarynyň girdejililiginiň töwekgelçilik arabaglanyşygy hem-de maýa goýum taslamalarynyň töwekgelçilik derejeleriniň toparlara bölünişi

Töwekgelçiligiň derejesi maýa goýum taslamasynyň girdejililigi bilen berk arabaglanyşyklydyr. Girdejililigiň derejesi näçe ýokary bolsa, töwekgelçiligiň derejesi hem şonça ýokary bolýar ýa-da tersine töwekgelçiligiň derejesi pes bolsa, girdejililik hem pes bolýar (ony şu aşakdaky *3.1-nji çyzgydan* hem görmek bolýar).




**3.1-nji çyzgy. Girdejililigiň töwekgelçilik bilen baglanyşygy**

Maýa goýum taslamalary töwekgelçilik derejeleri boýunça şu aşakdaky toparlara bölünýär:

1) töwekgelçiliginiň derejesi ortadan pes; bu maýa goýum taslamalaryna önümiň özüne düşýän gymmatyny peseltmek boýunça işler degişlidir;

2) töwekgelçiliginiň derejesi ortaça; bu maýa goýum taslamalaryna önümçiligi giňeltmek boýunça täze gurluşyklar işleri degişlidir;

3) töwekgelçiliginiň derejesi ortaçadan ýokary; bu maýa goýum taslamalaryna ýerlemekligiň beýleki bazarlary eýelemek boýunça geçirilýän işler degişlidir;

4) töwekgelçiliginiň derejesi has ýokary; bu maýa goýum taslamalaryna täze taslamalar we ylmy barlag işleriniň netijelerini ilkinji gezek ornaşdyrylmagy ýaly işler degişlidir.

Aşakdaky getirilýän mysallaryň üsti bilen pul serişdelerini saklamakda we maýa goýumda pul serişdelerini seýfde saklamagyň, öýde saklamagyň, banklara goýum goýmaklygyň, gozgalmaýan emläklere maýa goýumlygyň, gaznalara paýly gatnaşmaklygyň töwekgelçilikli aýratynlyklaryna seljerme geçireliň.

### Pul serişdelerini saklamagyň we maýa goýumlygyň töwekgelçilik aýratynlyklary

1. Pul serişdesini bankda seýfde saklamak:
– oňyn taraplary;
– talanmak mümkinçiligi pes;
– oňaýsyz taraplary;
– saklamak üçin tölegler;
– girdejiniň bolmazlygy;
– hümmetsizlenmek sebäpli ýitgiler.
2. Pul serişdesini öýde saklamak:
– oňyn taraplary;
– pul serişdesi hemişe eliň aşagynda;
– oňaýsyz taraplary;
– girdejiniň bolmazlygy;

– hümmetsizlenmek sebäpli ýitgiler;
– talanmak we ýangyn töwekgelçiligi.
3. Banklara goýum goýmak:
– oňyn taraplary;
– kepillikli girdeji;
– oňaýsyz taraplary;
– puluň hümmetsizlenmegi girdejiden ýokary bolmagy mümkin;
– beýleki goýumlara seredeniňde girdejiniň pesligi.
4. Gozgalmaýan emläklere goýulýan maýa goýum:
– oňyn taraplary;
– bazaryň durnukly ýagdaýynda ýokary we durnukly girdeji;
– oňaýsyz taraplary;
– pula öwürmek üçin köp wagtyň gerekligi;
– gozgalmaýan emlägiň bahasynyň ýokarylygy.
5. Maýa goýum gaznalaryna paýly gatnaşmak:
– oňyn taraplary;
– bazaryň durnukly ýagdaýynda ýokary girdeji;
– oňaýsyz taraplary;
– bazaryň durnuksyz ýagdaýynda girdejiniň ýitirilmek howpy.

## 3.7. Maýa goýum töwekgelçiliklerini hil taýdan seljermek

Maýa goýum töwekgelçiliklerini hil taýdan seljermek töwekgelçiligiň käbir görnüşlerini ýüze çykarmaga hem-de şol töwekgelçiligiň derejesine täsir edýän sebäpleri we şertleri bellemäge, kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Her bir maýa goýum töwekgelçiligiň görnüşine üç nukdaýnazardan seretmek mümkindir:

1) maýa goýum töwekgelçiliginiň şol görnüşiniň döremeginiň sebäpleri;

2) şol töwekgelçiligiň täsiri netijesinde ýüze çykyp biljek oňaýsyz ýagdaýlary öwrenmek;

3) seredilýän maýa goýum töwekgelçiliginiň täsirini peseltmek boýunça geçirilmeli çäreleri seljermek.

**Maýa goýum taslamalaryny ýerine ýetirmegiň barşynda ýüze çykyp biljek töwekgelçilikli ýagdaýlar we olaryň garaşylýan girdejilere oňaýsyz täsirler**

*3.4-nji tablisa*

**Taslamanyň tapgyrlarynda töwekgelçilik ýagdaýlar**

| **Töwekgelçiligiň görnüşi** | **Töwekgelçilikleriň maýa goýum taslamalaryny amala aşyrmak bilen garaşylýan girdejilere oňaýsyz täsirleri** |
|---|---|
| 1 | 2 |
| **Taslamanyň taýýarlaýyş tapgyryndaky töwekgelçilikler** | |
| Inžener ulgamlaryndan we ulag setlerinden daşlygy | Inžener ulgamlaryny we getiriji ýollary çekmek üçin goşmaça çykdajylar |
| Çig mal üpjünçiliginiň ýeke-täkligi | Çig mal serişdeleriniň bahasynyň ýokary bolmak ähtimallygy |
| **Gurluşyk tapgyryndaky töwekgelçilikler** | |
| Garaşylmaýan harajatlar | Karz serişdeleriniň möçberiniň artmagy |
| Taslama işiniň ýetmezçiligi | Gurluşygyň gymmatynyň ýokarlanmagy, kuwwatlylygyň önümçilige girizilmeginiň bökdenilmegi |
| Gurluşyk serişdeleriň wagtynda gelmezligi | Gurluşygyň möhletiniň uzalmagy, buýrujy tarapyndan jerimäniň bellenilmegi |
| **Ulanyş döwründe maliýe-ykdysady töwekgelçilikleri** | |
| Bäsdeşleriň önümçiliginiň artmagy | Bahanyň peselmegi, önümçiligiň möçberiniň peselmegi |
| Dolanyşyk serişdeleriň ýetmezçiligi | Karz serişdeleriň artmagy |
| Salgytlaryň artmagy we sarp edijileriň tölege ukyplylygynyň peselmegi | Söwdanyň möçberiniň peselmegi, sap peýdanyň azalmagy |

| 1 | 2 |
|---|---|
| Çig mal serişdeleriniň bahasynyň ýokarlanmagy | Bahalaryň ýokarlanmagy sebäpli peýdanyň peselmegi |
| Puluň hümmetsizlenmegi sebäpli garaşylmadyk harajatlar | Karz serişdeleriň möçberiniň ýokarlanmagy |
| **Ulanyş döwründe durmuş töwekgelçilikleri** | |
| Ýerli häkimiýetiň gatnaşygy | Olaryň talaplaryny ýerine ýetirmek üçin goşmaça çykdajylar |
| Zähmet hakynyň derejesiniň ýeterlik dälligi | Hünärmenleriň gelip-gitmegi |
| Ýokary derejeli hünärmenleriň ýetmezçiligi | Pes hilli önümleriň köpelmegi, adatdan daşary heläkçilikli ýagdaýlaryň artmagy |
| Durmuş infrastrukturasynyň pesligi | Önümçilik däl harajatlaryň artmagy |
| **Ulanyş döwründe tehniki töwekgelçilikleri** | |
| Enjamlaryň könelmegi | Bejergi we heläkçilikli ýagdaýlar üçin harajatlaryň artmagy |
| Kuwwatlylygyň ätiýaçlygynyň ýoklugy | Ýokary islegleri kanagatlandyrmak mümkinçiliginiň ýoklugy, önümçiligiň möçberiniň ýitirilmegi |
| **Ulanyş döwründe ekologiki töwekgelçilikleri** | |
| Atmosfera we suwlara zyňylýan zyňyndylaryň artmagy | Atmosfera we suwlara zyňylýan zyňyndylary arassalamak üçin harajatlar, tebigaty goramak dolandyryş edarasy tarapyndan jerimeleriň salynmagy |
| Galyndylaryň ammarlara ýerleşdirilmegi | Önümiň özüne düşýän gymmatynyň artmagy |

Kärhanalar we guramalar ýerine ýetirilen şertnamalaryň hasabatlaryny ýöredýärler hem-de olar üstünlikli tamamlanan şertnamalaryň sanyny kesgitläp bilerler. Şonuň netijesinde hem maýa goýum işiniň üstünlikli tamamlanmak ähtimallygyny aşakdaky 4.1-nji formula esasynda kesgitläp bilerler:

$$P = U / V, \quad (4.1)$$

bu ýerde $P$ – şertnamanyň üstünlikli tamamlanmak ähtimallygy,

$U$ – üstünlikli tamamlanan şertnamalaryň sany, $V$ – ähli şertnamalaryň sany.

Kompaniýa özüne bagly däldigi sebäpli, töwekgelçiligiň derejesini peseldip bilmeýär. Ýöne, kompaniýa olar ýaly ýagdaýlaryň işe bolan ýaramaz täsirleriniň derejesini azaldyp bilýär.

Kompaniýa tarapyndan maýa goýum taslamalaryny bahalandyrmak üçin şu aşakdaky kesgitli ýagdaýlary saýlap almaly:

1) ilkinji nobatda dünýäde we şol döwletdäki makroykdysady ýagdaýlary öwrenmeli. Bu bize umumy ykdysady ösüşiň barlygyny ýa-da ýoklugyny kesgitlemek üçin gerek bolýar;

2) soňra kärhananyň işlejek pudagyndaky ýagdaýlary öwrenmeli. Bu ýerde marketing barlaglaryny geçirmek, bäsdeşleri seljermek, bahalary çaklamak, tehnologiýany seljermek zerurdyr;

3) ondan soňra önümçilik kärhanasyny guramak nukdaýnazaryndan maýa goýum taslamasynyň özüne baha bermeli;

4) şondan soňra bolsa önümçilik we täjirçilik töwekgelçiliklerini seljermeli. Çig mal ätiýaçlyklaryny, önümiň özüne düşýän gymmatyny we satuw işini seljermeli;

5) maýadarlar üçin ýene-de bir tapgyr, ol hem öz paýynyň bellibir bölegini satmak üçin täze maýadaryň tapylmagy.

6) maýa goýum taslamasynyň töwekgelçiliklerini seljermek

*3.5-nji tablisa*

**Makroykdysady töwekgelçilikler**

| Ady | Häsiýeti | Töwekgelçiligiň bahalandyrylyşy | Töwekgelçiligiň derejesini peseltmek boýunça çäreler |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| Satyn alyjylaryň (ilatyň) tölege ukyplylygynyň peselmegi | Häzirki wagtda ykdysadyýetiň ösmegi bilen ilatyň tölege ukyplylygynyň ösmegine garaşylýar | Ähmiýetsiz | Talap edilmeýär |

*3.5-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| Puluň hümmetsizlenmegi | Puluň hümmetsizlenmeginiň derejesi ýylda 7-8% | Uly däl | Satuw bahalaryna gaýtadan seretmek gerek bolar |

*3.6-njy tablisa*

**Süýji-köke önümçiliginde pudaklaýyn töwekgelçilikler**

| **Ady** | **Häsiýeti** | **Töwekgelçiligiň bahalandyryşy** | **Töwekgelçiligiň derejesini peseltmek boýunça çäreler** |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| Täze bäsdeşleriň döremegi | Islendik wagt täze öndürijileriň döremegi mümkin | Ortaça | Ýerlemegiň ýeňillikli şertleri. Taýýar önümleri tölegini soňa goýmak bilen ownuk dükanlara hem ýaýratmak |
| Süýji-köke önümleriniň bazar bahalarynyň peselmegi | Häzirki wagtda bazar ýokary hilli we elýeterli süýji-köke önümleri bilen doly derejede üpjün däl. Şol sebäpli bahalaryň gaýtadan ýokary galmagy bolar diýlip göz öňünde tutulýar | Ähmiýetsiz | Bahalary peseltmek |

*3.6-njy tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| Täze görnüşli süýji-köke önümleriniň öndürilmegi | Islendik wagtda täze görnüşli süýji-köke önümleriniň öndürilmegi | Ortaça | Süýji-köke önümleriniň görnüşlerini hemişe üýtgedip durmaly |

*3.7-nji tablisa*

**Taslamany durmuşa geçirmek bilen bagly töwekgelçilikler**

| **Ady** | **Häsiýeti** | **Töwekgelçiligiň bahalandyrylyşy** | **Töwekgelçiligiň derejesini peseltmek boýunça çäreler** |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| Karz almaklygynyň kynlygy | Taslamada ýyllyk 15% şerti bilen 10 müň manady karz almak göz öňünde tutulýar | Uly däl | Göterim derejesini azaltmak boýunça bank bilen iş geçirmeli |
| Önümçilik jaýyny tapmaklygyň kynlygy | Önümçiligi ýöretmek üçin 1000 $m^2$ meýdan zerur | Uly däl | Önümçilik binasyny kärendä almak meýilleşdirilýär |
| Dolanyşyk serişdeleriniň ýetmezçiligi | Taslamany işe girizmeginiň dowamynda dolanyşyk serişdeleriniň ýetmezçiligi mümkin | Uly | 2-nji önümçilik liniýasynyň işe girizilmegini yza süýşürmek |

*3.8-nji tablisa*

**Taslamany durmuşa geçirmek bilen bagly töwekgelçilikler**

| Ady | Häsiýeti | Töwekgelçiligiň bahalandyrylyşy | Töwekgelçiligiň derejesini peseltmek boýunça çäreler |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| Satyn alyjyny tapmaklygyň kynlygy | Satyn alyjy hökmünde uly bolmadyk dükanlar göz öňünde tutulýar | Uly | Taslamada önümlere tölegini 1 aý soňa goýmak şerti bilen distribýuterlere eltip bermek üçin, 4 sany awtoulag göz öňünde tutulan |
| Goýberilen harytlar üçin töleg almaklygyň kynlygy | | Uly | Uly bolmadyk möçberdäki harytlary goýbermek. Töleg geçirilenden soňra harytlary goýbermek |

## 3.8. Maýa goýum taslamasynyň durmuşa geçirilmegi bilen garaşylýan girdejiniň alynmazlyk we likwidliligi ýeterlik däl töwekgelçilik toparlary

Maýa goýum taslamalarynyň durmuşa geçirilmegi bilen garaşylýan girdejiniň alynmazlyk töwekgelçilik toparyna taslamanyň işe girizilip, ulanyş döwründe pul serişdeleriniň gelmegi göz öňünde tutulyp, edilýän çaklamalar bilen baglanyşykly töwekgelçilikler degişlidir.

**Marketing töwekgelçiligine** – meýilleşdirilen söwdanyň möçberine ýetilmedik halatynda ýa-da satyş bahalarynyň meýilleşdirilen bahadan pes bolmagy sebäpli garaşylýan girdejiniň alynmazlygy degişlidir. Şol sebäpli, girdejiniň taslamanyň netijeliligini kesgitlemekde

baş görkeziji bolup durýandygy üçin marketing töwekgelçiligi maýa goýum taslamasynyň esasy töwekgelçiligidir. Bu töwekgelçiligiň täsirini peseltmek üçin bazary içgin öwrenmeli hem-de taslama täsir edip biljek ähli görkezijileri ýüze çykarmaly hem-de olaryň taslama oňaýsyz täsirlerini aradan aýyrmaly. Maýa goýum taslamasynyň durmuşa geçiş döwründe mümkin bolan täsirler şulardan ybaratdyr:

– bazaryň düzüminiň üýtgemegi;
– bäsdeşligiň güýçlenmegi;
– bazarda hyrydarlygyň pese gaçmagy;
– bazaryň satyn alyjylygynyň peselmegi;
– bazar bahalarynyň peselmegi.

Marketing töwekgelçiligi aýratyn-da täze önümçilik işe girizilende ýa-da önümçilik giňeldilende has ýörgünlidir. Önümçiligiň harajatlaryny azaltmak boýunça geçirilýän maýa goýum taslamalarynda marketing töwekgelçiligi az öwrenilýär.

**1-nji mesele.** Myhmanhananyň gurluşygynda marketing töwekgelçiligine myhmanhananyň orny üçin bahalar we myhmanhananyň dolujylygy degişlidir. Maýadar myhmanhananyň ýerleşýän ýerine we klasyna baglylykda onuň orunlary üçin bahalary kesgitledi diýenimizde hem myhmanhananyň dolujylygy kesgitsiz bolup durýar.

**Önümiň özüne düşýän gymmatynyň ýokarlanmak töwekgelçiligine** – önümçilik harajatlarynyň meýilleşdirilen möçberinden ýokarlanmagy netijesinde garaşylýan girdejiniň alynmazlygy degişlidir. Şu ýagdaýda ilkinji nobatda çykdajylaryň seljerilmegi hem-de taslama üçin edilen çykdajylary bu taslama meňzeş taslamanyň çykdajylary bilen deňeşdirmek hökmandyr. Çig mallar bilen üpjün edijileriň seljerilmegi zerurdyr.

**2-nji mesele.** Eger sarp edilýän çig mallaryň arasynda oba hojalyk önümleri bar diýip göz öňünde tutulsa, onda çig malyň bahasy diňe bir puluň hümmetsizlenmegine bagly bolman ol hasyla, tebigy ýagdaýlara hem baglydyr.

**Tehnologiýa töwekgelçiligine** – önümçiligiň meýilleşdirilen möçberine ýetmezligi ýa-da saýlap alnan önümçilik tehnologiýasynyň bahasynyň ýokarlanmagy netijesinde garaşylýan girdejiniň alynmazlygy degişlidir.

Enjamlar bilen üpjün edijiniň günäsi netijesinde enjamlary getirmegiň möhletiniň bozulmagy ýa-da pes hilli enjamlaryň getirilmegi hem-de oturdylan enjamlara hyzmat edilişiniň pes bolmagy bilen baglydyr.

**Administratiw töwekgelçilige** – administratiw şertiň täsiri netijesinde garaşylýan girdejiniň alynmazlygy degişlidir.

**3-nji mesele.** Administratiw töwekgelçiligine gurluşygy başlamak üçin ygtyýarnama almak bilen bagly kynçylyklar we beýlekiler degişlidir. Sebäbi banklar gurluşygy başlamak üçin ygtyýarnama alynýança taslamany maliýeleşdirmeýärler.

**Ýeterlik däl likwidlilik töwekgelçilik toparyna** hasabat döwrüniň ahyryna pul serişdeleriniň ýetmezçiligi ýa-da ýoklugy bilen baglanyşykly töwekgelçilikler degişlidir.

Bu toparyň töwekgelçilikleri taslama döwründe we ulanyş döwründe-de ýüze çykyp biler.

**Taslamanyň býujetiniň ýokarlanmak töwekgelçiligine** – maýa goýum taslamasyny durmuşa geçirmek üçin zerur bolan serişdeleriň göz öňünde tutulan möçberinden köp bolmagy degişlidir. Taslamanyň meýilleşdirilýän döwründe düýpli seljerme geçirmegiň netijesinde bu töwekgelçiligiň derejesini şulary doly seljerip peseltmek mümkindir:

– beýleki birmeňzeş taslama ýa-da önümçilik bilen deňeşdirip;

– tehnologiýa zynjyryny;

– maýa goýum taslamasyny durmuşa geçirmegiň gurluşyny.

Şeýle hem, garaşylmaýan çykdajylary öwrenmek hem hökmandyr. Emma muňa garamazdan maýa goýum taslamasy doly we düýpli öwrenilen ýagdaýynda maýa goýum taslamasyny durmuşa geçirmek üçin zerur bolan serişdeleriň göz öňünde tutulan möçberinden 10%-e çenli ýokary bolmagy kadaly ýagdaý diýlip hasaplanylýar.

**Maýa goýum taslamasynyň grafigi bilen maliýeleşdirmegiň döwürleriniň gabat gelmezlik töwekgelçiligine** – maliýeleşdirmegiň gijä galmagy ýa-da gerek möçberde bolmazlygy şeýle hem, berk grafik esasynda maliýeleşdirilmegi bilen bagly töwekgelçilikler degişlidir. Bu ýagdaýda maýadaryň goşmaça paýdar ýa-da täze karz ugruny tapmaklygy zerurdyr.

# IV bap MAÝA GOÝUM TASLAMALARYNYŇ NETIJELILIGI

## 4.1. Maýa goýum taslamalarynyň netijeliligine baha bermegiň esasy ýörelgeleri

Maýa goýum taslamalarynyň netijeliligi - taslama gatnaşyjylaryň bähbidiniň we maksadynyň taslama laýyk gelýänligini aýan etmek derejesidir. Şuňa laýyklykda bütin taslamanyň netijeliligini, şeýle-de, taslama gatnaşyjylaryň her haýsynyň işiniň netijeliligine baha berilmegi zerurdyr.

Bütewi taslamanyň netijeliligini kesgitlemegiň maksady, onuň geljekki gatnaşyjylarda höweslenme döretmekdir we ony maliýeleşdirmek üçin çeşmeleri tapmakdyr.

Bu görkeziji taslamanyň durmuş –ykdysady netijeliligini öz içine alýar. Taslama gatnaşmagyň netijeliligi, taslamanyň amala aşyryljaklygyny barlamak we oňa gatnaşyjylary gyzyklandyrmak maksady bilen kesgitlenýär we şu aşakdakylary öz içine alýar:

– taslama kärhanalaryň we guramalaryň gatnaşmagynyň netijeliligini;

– taslama maýa goýumlaryň netijeliligini;

– taslama has ýokary derejeli düzümiň gatnaşmagynyň netijeliligini, şol sanda sebitleýin we halk hojalygy boýunça pudaklaýyn netijeliligini;

– býujet netijeliligini.

Taslamalaryň netijeliligine baha bermekde esasy möhüm ýörelgelere:

– taslamalaryň doly hereket ediş döwrüniň dowamynda seredilmegini;

– pul akymlarynyň modelirlenmegini;

– dürli taslamalaryň (ýa-da dürli görnüşli taslamalaryň) deňeşdirilmek şertleriniň gatnaşygyny;

– wagt ýagdaýlaryny;

– diňe geljekki çykdajylary we girdejileri;
– «Taslamaly» we «Taslamasyz» ýagdaýlary deňeşdirmekligi;
– taslama dürli gatnaşyjylaryň bolup bilmegini;
– baha kesmäniň köp tapgyrlylygy;
– dolanyşyk serişdeleri üçin maýa goýumlaryň zerurlygynyň taslamanyň netijeliligine täsirini;
– taslama amala aşyrylanda maliýe çökgünligiň, puluň hümmetsizlenmeginiň we birnäçe walýuta serişdeleriniň ulanylmagynyň täsirini kesgitlemegi;
– taslama amala aşyrylanda näbelliligi we töwekgelçiligi san görnüşinde hasaba almagy degişli edilýär.

Ilkinji ädim bolup, taslamanyň jemgyýetçilik ähmiýetine ekspertleriň baha bermegi jemgyýetçilik ähmiýetli taslama hasap edilýär. Jemgyýetçilik ähmiýetli taslamalar üçin ilki bilen olaryň durmuş-ykdysady netijeliligi bahalandyrylýar.

Ikinji tapgyrda, bitewi taslamanyň netijelilik görkezijisi hasaplanylýar. Bu tapgyryň maksady – taslama çözgütleriniň birleşdirilen ykdysady bahalandyrylyşy we maýadarlary gözlemek üçin zerur şertleriniň döredilmegi durýar.

Bahalandyryşyň üçünji tapgyry, maliýeleşdirmek işlenilip düzülenden soňra amala aşyrylyp biler. Bu tapgyra gatnaşyjylaryň düzümi anyklanýar we gatnaşyjylaryň her haýsynyň taslama gatnaşmagynyň netijeliligi we maliýe taýdan amala aşyrylyşy kesgitlenýär (sebitleýin we pudaklaýyn netijelilik, aýry-aýry kärhanalaryň we paýdarlaryň taslama gatnaşmagynyň netijeliligi, býujet netijeliligi we ş.m.).

## 4.2. Netijeliligiň görnüşleri

Umumy düşünjede netijelilik diýip az çykdajylaryň şertinde has oňat netijeleriň gazanylmagynyň derejesini atlandyrýarlar.

Taslamanyň netijeliligi – maýa goýum taslamasynyň çykdajylarynyň we netijeleriniň gatnaşyjylarynyň bähbitlerine we maksatlaryna laýyklygyny görkezýär, şeýle hem, bu ýerde döwletiň we ilatyň bähbitleri nazara alynýar.

Taslamalara baha berlende netijeliligiň şu aşakdaky görnüşleri ulanylýar:

– taslama gatnaşmagynyň netijeliligi;

– taslamanyň umumy netijeliligi.

Taslama gatnaşmagyň netijeliligi taslamanyň durmuşa geçirilmeginiň mümkinçiligini kesgitlemek üçin, şeýle hem oňa gatnaşyjylarynyň taslama bolan bähbitlerini kesgitlemek üçin anyklanylýar.

Taslamalaryň netijeliliginiň köp görnüşliliginiň arasynda şu aşakdakylary görkezip bolýar:

– ykdysady netijelilik – taslamanyň durmuşa geçirilmegi üçin çykdajylaryň we onuň netijeleriniň, taslamanyň gatnaşyjylarynyň bähbitlerine we maksatlaryna, pul ekwiwalentinde gatnaşygyny;

– taslamanyň ykdysady netijeliligi – döwletiň we jemgyýetiň nukdaýnazaryndan çykdajylaryň we netijeleriň laýyklygyny;

– durmuş netijeliligi – bu ýerde seredilýän taslamanyň çykdajylarynyň we jemgyýetçilik netijeleriniň taslama gatnaşyjylaryň maksatlaryna we durmuş bähbitlerine laýyk gelmekligini.

Taslamanyň umumy netijeliligi, onuň ähtimal gatnaşyjylary üçin taslamanyň potensial özüne çekijiligini öwrenmek, şeýle hem maýadarlary agtarmak maksady bilen kesgitlenilýär. Netijeliligiň beýle görnüşi öz içine jemgyýetçilik (durmuş-ykdysadyýet) we täjirçilik netijeliligini alýar.

Taslamalaryň netijeliliginiň has ähmiýetli görnüşlerine jikme-jik seredip geçeliň:

1. Täjirçilik netijeliligi;
2. Durmuş -ykdysady netijeliligi;
3. Innowasiýa taslamalarynyň býujet netijeliligi.

**Taslamanyň täjirçilik netijeliligi**

Taslamanyň täjirçilik netijeliligi maýa goýumlarynyň netijeliligine toplumlaýyn baha bermegiň meselesi bilen göni baglanyşykly bolýar, çünki beýle ýagdaýda taslama maýa goýulýan obýekt hökmünde seredilýär.

Netijeliligiň görnüşlerine baha bermekde esasy düzgünler.

Täjirçilik netijeliligine baha bermek şu aşakdaky esasy düzgünlere esaslanylýar:

1. Taslamada göz öňünde tutulan harytlar we hyzmatlar üçin hemişelik ýa-da üýtgeýän nyrhlar ulanylýar (bazar nyrhlary, ýagny erkin bazarda harydyň satyn alynýan nyrhlary);

2. Pul akymlary walýutada hasaplanylýar, olar bilen taslamada serişdeleri satyn almak we önümleriň töleglerini geçirmeklik göz öňünde tutulýar;

3. Hasaplamalarda kanunçylykda göz öňünde tutulan salgytlar, ýygymlar, geçirmeler hasaba alynýar.

Maýa goýum taslamasynyň täjirçilik netijeliligi kesgitlenilende, netije hökmünde hakyky pullaryň akymyna seredilýär. Taslama durmuşa geçirilende maliýe, amallar we maýa goýum işleri ýerine ýetirilýär. Hakyky pullaryň akymy öz ýanyndan şu taslamanyň amala aşyrylmagynyň her bir döwri üçin aýratynlykda amallar we maýa goýumlar işlerinden pul serişdeleriniň gelýän we çykýan akymynyň arasyndaky tapawut bolup durýar.

Hakyky pullaryň tapawudy – bu işleriň ähli 3 görnüşlerinden pul serişdeleriniň geliş akymlarynyň we yzyna gaýdyş akymlarynyň arasyndaky tapawut.

Pullaryň akymynyň görnüşlerini şu aşakdaky 4.1-nji tablisa laýyklykda görkezmek mümkindir.

*4.1-nji tablisa*

**Pullaryň akymy**

| **Işleriň görnüşi serişdeleri** | **Gelýän pul serişdeleri** | **Çykýan pul serişdeleri** |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| Maýa goýum | Aktiwleriň ýerleşdirilmeginden; Gymmatly kagyzlara goýlan maýa goýumlardan alnan girdejiler; Dolanyşykdan boşan serişdeler | Material däl aktiwleriň we esasy serişdeleriň satyn alynmagy; Ýapmak (likwidasiýa) çykdajylary; Dolanyşyk serişdelerine satyn almaga edilen harajatlar |

7. Sargyt № 995

*4.1-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| Amallar (önümçilik) | Önümleri ýerlemekden, hyzmatlary ýerine ýetirmekden alnan girdeji; Ýerlemekden daşgary girdejiler | Materiallar we çig mallar üçin tölegler; Ýangyç we elektrik energiýa üçin çykdajylar; Işgärleriň zähmet haky üçin çykdajylar; Karzlaryň göterimi üçin tölegler; Salgytlar |
| Maliýe | Gymmat kagyzlaryň ýerlenilmeginden Zaýom we çekilen maýa goýumlar | Diwidendleri tölemek; Çekilen maýa goýumlar üçin borçlaryň gaýtarylmagy |

Haýsydyr bir maýa goýum taslamasyny kabul etmek üçin, hakyky pullaryň tapawudy wagtyň ölçenilýän aralygynda hemişe položitel bolmalydyr, onda bu taslamanyň gatnaşyjysy çykdajylary amala aşyrýar we girdejileri alýar. Hakyky pullaryň otrisatel tapawudy goşmaça serişdeleri çekmegiň zerurlygynyň şaýatnamasy bolup durýar (hususy ýa-da karzyna alynýan).

Täjirçilik netijeliligi, umuman, taslama gatnaşyjylar boýunça olaryň goýumlary esasynda hasaplanylýar. Aýyň, çärýegiň ýa-da ýylyň dowamynda emele gelýän netije – bu hakyky pul serişdeleriniň akymydyr. Maýa goýumlar ýa-da amallar (ulanyş) işleriniň netijeleri položitel ýa-da otrisatel bolup bilerler. Pul serişdeleriniň gelip gowuşmasynyň (akymynyň) ($P_{it}$) bu serişdeleriň çykdajysyndan (akmagyndan) ýokary bolan ýagdaýynda onuň netijesi položitel bolýar we aşakdaky esasda kesgitlenilýär:

$$RZ = P_{it} + O_{it} \ (P_{it} > O_{it} \text{ bolanda}). \qquad (4.1)$$

*T* ýylda maýa goýumlarynyň we amallaryň netijesi otrisatel bolanda $P_{it} < O_{it}$ bolar.

Kärhananyň maliýe ýagdaýy şu görkezijileriň kömegi bilen kesgitlenilýär we olara girdejililik, karzyna alynýan serişdeleri çekmek, maliýe durnuklylygy, töleglere ukyplylyk, dolanyşyk serişdeleriniň likwidligi degişlidir.

**Taslamanyň durmuş-ykdysady netijeliligi** maýa goýum taslamasynyň durmuş-ykdysady netijeliliginiň görkezijileri tutuş jemgyýetiň bähbitleriniň nukdaýnazaryndan şu taslamanyň netijeliligini görkezýär.

Taslamanyň durmuş netijeliligine baha bermegiň esasy usulyýeti bilermenlik usulyýeti bolup durýar. Durmuş netijeleriniň derňewi şu aşakdaky dürli görnüşlerde:

– hususy we (ýa-da) köpçülikleýin ekspertiza işleriň dürli ulgamlaryndan hünärmenleri çekmek bilen;

– işgärlere we ilata durmuş taýdan soraglary geçirmek;

– jemgyýetiň dürli gatlaklarynyň arasynda ählihalk referendumlary geçirmek bilen gurnalýar.

Taslamanyň durmuş netijeleri kesgitlenilende, maýa goýum taslamasynyň netijeliliginiň hasaplamalarynda şu aşakdakylar:

– sebitde iş orunlarynyň sanynyň üýtgemegi;

– işleýänleriň ýaşaýyş we medeni-durmuş şertlerini gowulandyrmak;

– sebitleriň ilatyny ýa-da ilatly nokatlary käbir harytlar bilen üpjün etmegiň ygtybarlylygynyň üýtgemegi;

– işleýänleriň zähmet şertleriniň üýtgemegi;

– ilatyň wagtyny tygşytlamak hasaba alynýar.

Maýa goýum taslamasynyň durmuş netijeleri kesgitlenilende, şeýle ýagdaýlar ulanylýar.

Ilkinji nobatda taslama durmuş kadalarynyň talaplaryna, adam hukuklarynyň berjaý edilmeginiň şertlerine we standartlaryna laýyk gelmeli.

Şeýle hem, netijeliligi hasaplanylanda işgärleriň durmuş, ýaşaýyş we medeni şertleriniň gowulandyrylmagy nazara alynýar (mysal üçin, ýaşaýyş jaýyny bermegiň tölegsiz ýa-da ýeňillikli şerti), şeýle hem olar ýaly obýektleriň döredilmegi ýa-da satyn alynmagy üçin çyk-

dajylar taslama boýunça çykdajylaryň düzümine girýärler (olar hem umumy tertipde taslamanyň netijeliligine baha bermegiň hasaplamalarynda nazara alynýarlar).

**Taslamanyň býujet netijeliligi**

Maýa goýum taslamasynyň býujet netijeliligine döwlet ýa-da sebitleýin dolandyryş edaralarynyň buýurmasy boýunça baha berilýär. Beýle talaplara laýyklykda, dürli derejelerdäki býujetler üçin býujet netijeliligini kesgitlemek mümkin bolýar.

Maýa goýum taslamasynyň býujet netijeliligine haýsydyr bir býujet gaznasynyň serişdelerinden maýa goýum taslamasy üçin zerur maýa goýumlarynyň göwrümini deňeşdirip görmegiň we ýerli býujetiň umumylaşdyrylan girdejililigine baha bermegiň üsti bilen seredilýär. Eger maýa goýumlar döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna döwlet kepillikleri hökmünde berilýän bolsalar, onda olara býujet gaznasynyň serişdeleriniň yzyna gaýtmalary hökmünde seredilýär.

Býujet netijeliliginiň görkezijileri maýa goýum taslamasynyň durmuşa geçirilmeginiň netijeleriniň degişli derejedäki býujetiň girdejilerine we çykdajylaryna edýän täsirine baha bermäge mümkinçilik berýär. Has uly ähmiýete, býujet netijesi hökmünde býujet netijeliliginiň görkezijisi eýe bolýar. Býujet netijeliligi, anyk maýa goýum taslamasynyň durmuşa geçirilmegi bilen baglanyşykda degişli derejedäki býujetiň girdejileriniň ýokary bolmagy hökmünde kesgitlenilýär.

Býujet netijeliliginiň esasy görkezijisi – bu býujetiň arassa diskontlaşdyrylan girdejisidir. Bu ýerde býujet netijeliliginiň görkezijilerini hasaplamak üçin esas hökmünde býujete gelip gowuşmalaryň jemleri ulanylýar (şol sanda salgytlar, ýygymlar we ş.m., karzlary we olar boýunça göterimleri gaýtaryp bermek, paýnamalar boýunça diwidendler) we býujetiň çykdajylary ulanylýar (mysal üçin, dotasiýalar, subsidiýalar, karzlar, şeýle hem paýnamalary satyn almak üçin çykdajylar).

Şeýle hem, býujet netijeliligine baha berlende döwletiň maýa goýum taslamasynyň amala aşyrylmagyna gatnaşyş derejesi kesgitle-

nilýär we býujetiň çykdajylarynyň harajat ödeýjiliginiň möhleti kesgitlenilýär, olar ýyllyk býujet netijeliliginiň görkezijileriniň esasynda hasaplanylýarlar.

Mundan başga-da, maýa goýum taslamasynyň býujet netijeliliginiň seljermesi geçirilende, şu aşakdaky şertleri nazara almak zerurdyr.

1. Býujetiň serişdeleriniň hasabyna taslama ýerine ýetirilende, netijeliligiň beýleki görkezijileriniň maglumatlaryndan başga, salgyt girdejileriniň köpelmeginiň hasabyna býujetiň girdejileriniň ýokarlanmagyny nazara almak zerurdyr.

2. Döwletiň nukdaýnazaryndan, talap edilýän görkezijiler hökmünde, şeýle hem döwlet mätäçlikleri üçin taslamanyň netijeleriniň ulanarlylygyna hem seredip bolýar.

3. Şeýle hem maliýe çökgünliginiň şertlerinde, taslamanyň amala aşyrylmagyna itergi berýän wajyp faktor bolup, sebitde ilatyň iş bilen üpjünçiligi durýar. Döwletiň ykdysady peýdasy işsizlik boýunça kömek pullarynyň tölenilmegi üçin býujetiň çykdajylarynyň azaldylmagyndan ybarat bolýar, şeýle hem işleýänler tarapyndan şahsy taraplaryň girdejilerine salynýan salgytlaryň tölegi hökmünde salgyt tölegleriniň akymy durýar.

Býujet netijeliliginiň görkezijileri, taslamany amala aşyrmaklygyň netijeleriniň degişli býujetiň girdejilerine we çykdajylaryna edýän täsirini görkezýärler.

$t$ – ýylda taslamanyň durmuşa geçirilmeginiň býujet netijeliligi, şu taslamany amala aşyrmak boýunça degişli býujetiň girdejileriniň ($D_t$) arasyndaky we çykdajylarynyň ($P_t$) arasyndaky tapawut hökmünde şu aşakdaky 4.2-nji formula boýunça kesgitlenilýär:

$$E_{bt} = D_t - P_t. \qquad (4.2)$$

Çykdajylaryň düzümine aşakdakylar goşulýar:

– göni býujet maliýeleşdirilmesi üçin berilýän serişdeler;

– býujetiň hasabyna öweziniň doldurylmagyna degişli, karzyna berilýän serişdeler hökmünde berilýän, banklaryň karzlary;

– ýangyç we energiýa göterijiler üçin bazar nyrhlarynyň üstüne goýulýan bahalar üçin pul goýberilmeler;

– işsizlik sebäpli kömek pullarynyň we taslamanyň amala aşyrylmagy bilen baglanyşykly berilýän kömek pullary;

– döwletiň gymmat bahaly kagyzlary boýunça tölegler.

Býujetiň girdejileriniň düzümine:

– goşulan bahanyň üstüne salgyt, edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan alynýan salgyt, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt, ýerden, suwdan we beýleki tebigy serişdelerinden peýdalanylmagy üçin býujete gelip gowuşýan ähli beýleki salgytlar;

– rentaly töleg serişdelerine salynýan ýörite salgytlar, gümrük paçlary we goşmaça tölegleri, gymmat bahaly kagyzlaryň goýberilmegi üçin emissiýa girdejisi, taslamanyň maliýeleşdirmek maksady bilen goýberilýän, döwlete, sebite degişli paýnamalar we beýleki gymmat bahaly kagyzlar boýunça diwidendler, taslama boýunça ýeňillikli karzlaryň üzülmegi we ş.m.

**Adaptasiýa çykdajylarynyň usuly**

Adaptasiýa çykdajylary diýip, täze maýa goýumlar gurşawyna adaptasiýa bilen baglanyşykly ähli çykdajylara düşünmeklik zerurdyr. Olar, önümçiligiň üýtgedip guralmagynyň netijesinde goýberilen önümleriň göwrümi bilen ölçenilýär. Kärhana gurluş üýtgeşmelere meňzeş gelmek üçin işgärleriň gaýtadan taýýarlanylmagy we enjamlaryň gaýtadan sazlanylmagy üçin goşmaça çykdajylary çekýär. Şu ýagdaýda wagtyň ýitirilmegine hem girdejiniň ýitirilmegi hökmünde seredilýär.

Islendik adaptasiýanyň özüniň çykdajylary bolýar, ýagny işgärleri gaýtadan taýýarlamak, täze maglumatlar, täze tehnologiýalar, serişdeler gerek bolýar we ş.m.

**Multiplikator usuly**

Beýle usul pudaklaryň özara aragatnaşyklaryna esaslanýar. Mysal üçin, awtomobillere bolan islegleriň ýokarlanmagy, tehnologik taýdan utgaşykly harytlar üçin islegleriň awtomatiki ýokarlanmasyny (metala, plastmassa, rezina we ş.m. ýüze çykarýar). Eger maşyn gurluşygynyň beýleki pudaklar bilen tehnologik baglanyşygy belli bolsa, onda bu baglanyşygyň multiplikasiýa netijeliligini öňünden hasaplamak mümkin bolýar. Multiplikator, muňa baglylykda, pudaklaryň arasyndaky bar bolan aragatnaşyklary ýüze çykarýar we bu aragatnaşyklary san taýdan häsiýetlendirýär.

Käwagtlar multiplikatory suwa taşlanan daş bilen deňeşdirýärler. Suwa gaçan daşyň töwereginde togalak tolkunlar ýaýrap gidýärler, olar biziň modelimizde özara baglanyşykly pudaklar bolup durýarlar. Daş bolsa – bu çeşme, maýa goýumly multiplikatoryň generatory (haýsydyr bir peýdaly pudak). Eger haýsy pudakda maýa goýumlaryň zenzelesiniň bolup geçjekdigi hem-de degişli ösüşiň bolup geçjekdigi belli bolsa, onda işjeňligiň «tolkunynyň» biziň pudagymyzyň kärhanasyna çenli ýaýramagynyň çaklamasynyň bolmagy bilen, kärhananyň maýa goýum strategiýasynda bu ýagdaýlary nazara almak zerurdyr. Multiplikator kärhana anyk täsir etmäniň wagtyny we ykdysady güýjüni öňünden bilmeklige mümkinçilik berýär we bu maglumatlardan netijeli peýdalanmaga mümkinçilik berýär.

## 4.3. Maýa goýumlaryň netijeliligi bahalandyrylanda wagt şertini hasaba almak

Islendik ykdysady hadysada serişdeleriň önümçilik şertiniň netijesinde ykdysady önüme öwrülmegi kesgitli wagtyň dowamynda bolup geçýär.

Wagtyň özi aýratyn ykdysady serişde bolup durýar. Adamlar özüniň önümçilik-ykdysady işinde bu öwezi dolunmaýan serişdäniň kesgitli möçberine eýedir. Emma, wagt ykdysady serişdeleriň hataryna örän seýrek ýagdaýda geçirilýär.

Ýöne muňa garamazdan, wagt has uniwersal serişde bolmak bilen onsuz hiç bir ykdysady hadysa geçmeýär. Öndürijiler önümçilik şertini döretmek maksady bilen ilkinji nobatda mejbury ýagdaýda zerur serişdeleri satyn almaly, harajatlary etmeli bolýar. Bu faktorlary ulanmagyň netijesinde öndürilen önümleri ýerlemegiň netijesinde harajatlaryň öwezi dolunýar. Ýagny ykdysadyýetde ilkinji nobatda onümçilige serişdeleri, ýagny maýa goýumlary goýmaly, önümçilik hadysasy üçin şertleri döretmeli we diňe şondan soňra islenilýän netije, girdeji alynýandyr.

Maýa goýum we girdeji gazanmak hadysasy dürli wagtyň dowamynda bolup geçýär. Hadysalaryň yzygiderli bolup geçmesi – maýa goýum doly möçberde tamamlanandan soňra girdeji gazanylýar. Ha-

dysalaryň parallel bolup geçmesi maýa goýum hadysasy entäk doly tamamlanmanka girdeji alynmagy mümkindir. Hadysalaryň interwal bolup geçmesi maýa goýum tamam bolup, kesgitli wagt geçenden soňra girdeji gazanylýar.

Kärhananyň ykdysadyýetinde pul serişdesiniň gymmatynyň möçberini kesgitlemek – pul girdejisiniň gazanylandygy ýa-da çykdajysynyň haçan bolandygy bilen berk baglanyşyklydyr. Ýagny şu günki gazanylan manadyň gymmaty geljekde gazanylan manadyň gymmatyndan ýokarydyr. Pul serişdeleriniň wagt gymmatlylygyny şu aşakdaky birnäçe nukdaýnazardan seretmek mümkindir:

1. Maýa goýlan serişdeleriň girdeji getirmek mümkinçiligi, iň azyndan şu aşakdaky iki sebäp boýunça häsiýetlendirilip bilner:

– başlangyç maýa goýumyň wagtyň geçmegi bilen onuň fiziki häsiýetleriniň üýtgemegi netijesinde (hasylyň ýetişmegi, baglaryň ösmegi we ş.m.) gymmatynyň artmagy;

– önümçilikde has netijeli serişdeleriň ulanylmagy bilen öndürijiligiň artmagy netijesinde maýa goýumlar üçin goşmaça girdejileriň alynmagy bilen.

2. Puluň satyn alyjylyk ukybynyň üýtgemegi, ýagny häzirki wagtda we geljekde puluň hümmetsizlenmeginiň täsiriniň netijesinde nominal gymmatlykdaky şol bir serişdeleriniň satyn alyjylyk ukyby deň däldir.

3. Pul serişdeleriniň maýa goýumlara öwrülmeginiň hem-de maýa goýumlaryň dolanyşygyndan girdeji gazanylmagy. Muňa iki ugur boýunça seredeliň:

1. I = 100 *manat* pul serişdesi

2. II = 100 *manat* serişdesi her çärýekde 10% girdeji getirýär.

**Çözülişi.**

I ugur

$G_{ýyl} = 100 \times 1 = 100.$

II ugur

$G_{I} = 100 \times 0,1 = 10;$
$G_{II} = (100 + 10) \times 0,1 = 11;$
$G_{III} = (110 + 11) \times 0,1 = 12,1;$
$G_{IV} = (121 + 12,1) \times 0,1 = 13,31.$

$G_{ýyl} = (10 + 11 + 12,1 + 13,31) = 46,41$ *man* goşmaça girdeji.

## 4.4. Maýa goýum taslamalarynyň netijeliligini kesgitlemegiň hasaplama usullary

**1. Maýa goýum taslamasy seljerme edilende, ulanylýan göterimli derejeler.**

Ýönekeý göterimli köpelme derejesi – binýatlyk hasaplamada hemişe galýandyr.

Karzyň ähli döwründe göterimi şu aşakdaky 4.3-nji formula esasynda kesgitlenilýär:

$$I = PV \times r \times n, \qquad (4.3)$$

bu ýerde $PV$ – alnan karzyň möçberi, $r$ – karzyň möhleti (ýylda), $n$ – göterimiň ýönekeý ýyllyk derejesi.

Şeýlelikde, tölemeli pulunyň möçberi bolsa ýönekeý göterimli köpelme derejesinde aşakdaky formula esasynda kesgitlenilýär:

$$FV = PV(1 + (n \times r)). \qquad (4.4)$$

**1-nji mesele.** Ýyllyk 18%-li 0,7 ýyl möhleti bilen 25000 *manat* möçberinde karz berlen. Göterimiň we tölemeli ähli pulunyň möçberini kesgitlemeli.

**Çözülişi.**

$$I = PVnr = 25000 \times 0{,}7 \times 0{,}18 = 3150 \textit{ manat};$$

$$S = PV + I = 25000 + 3150 = 28150 \textit{ manat}.$$

Ýokardaky mysaldan görnüşi ýaly, ýönekeý göterimli köpelme derejesinde ýyllyk 18%-li 0,7 ýyl möhletli 25000 *manat* möçberinde alnan karzy 28150 *manat* edip gaýtarylmaga degişlidir.

**2-nji mesele.** Ýyllyk 20%-li 15.01-den 11.11-e çenli 100 000 manat möçberinde karz berlen. Ýönekeý göterimli köpelme derejesinde hasabat döwrüniň ahyrynda tölenilmeli puluň möçberini kesgitlemeli.

**Çözülişi.**

$$FV = 100\,000(1 + (300/365)*0{,}2) = 116\,438{,}4 \textit{ manat}.$$

Ýokardaky mysaldan görnüşi ýaly, ýönekeý göterimli köpelme derejesinde ýyllyk 20%-li 15.01-den 11.11-e cenli möhlet bilen alnan 100 000 manat möçberindäki karzy 116438,4 *manat* edip gaýtarylmaga degişlidir.

Artyşyň çylşyrymly göterim derejesi – binýatlaýyn hasaplama üýtgäp durup, göterime göterim hasaplanylanda ulanylýar. Ýagny bizde $PV$ manat bar diýip göz öňüne getireliň hem-de göterimiň artyş möçberini hem maýa goýum mümkindir. Şunlukda, bir ýyldan soňra bu serişdelere eýelik etmek mümkindir. $PV(1 + r)$ möçberindäki serişdäni maýa goýum hadysasyny täzeden gaýtalasak ikinji ýylyň ahyrynda serişdäniň möçberi şu aşakdaky 4.5-nji formula laýyklykdaky möçbere barabar bolar:

$$[PV(1 + r)](1 + r) = PV(1 + r)^2. \qquad (4.5)$$

Şeýlelikde, hadysany dowam etdirmek bilen, çylşyrymly göterimiň formulasyny aşakdaky 4.6-njy formulada bellemek bolar:

$$S = PV(1 + r)^n. \qquad (4.6)$$

**3-nji mesele.** Ýyllyk 20% çylşyrymly artyş derejesinde 8000 *manada* deň bolan ýene-de 4,6 ýyldan soňra bergi näçe möçbere barabar bolar.

**Çözülişi.**

$$S = PV(1 + r)^n = 8000(1 + 0,2)^{4,6} = 18506,48 \textit{ manat}.$$

Ýokardaky mysaldan görnüşi ýaly, ýyllyk 20%-li çylşyrymly artyş derejesinde 8000 *manada* deň bolan karz ýene-de 4,6 ýyldan soňra 18506,48 *manada* barabar bolar diýip hasaplanyldy.

Nominal göterim derejesi ulanylanda, artýan serişdeleriň möçberi şu aşakdaky 4.7-nji formula bilen kesgitlenilýär:

$$S = PV\left(1 + \frac{j}{m}\right)^{mn}. \qquad (4.7)$$

**4-nji mesele.** Ýyllyk 16,5%, çylşyrymly artyş derejesinde 15000 *manada* deň bolan bergi ýene-de 5,7 ýyldan soňra her ýylda we her aýda hasaplananda, näçe möçbere deň bolýandygyny kesgitlemeli:

**Çözülişi.**

$$S = PV(1 + r)^n = 15000(1 + 0{,}165)^{5{,}7} = 35821{,}9\ \textit{manat};$$

$$S = P\left(1 + \frac{j}{m}\right)^{mn} = 15000\left(1 + \frac{0{,}165}{12}\right)^{12\cdot 5{,}7} = 38173{,}55\ \textit{manat}.$$

Şeýlelikde, ýyllyk 16,5%, çylşyrymly artyş derejesinde 15000 *manada* deň bolan bergi ýene-de 5,7 ýyldan soňra her ýylda we her aýda hasaplananda, degişlilikde, 35821,9 *manada* we 38173,55 *manada* barabar bolýar diýlip hasaplanyldy.

**Karzyň möhletini we maliýe amalynyň girdejililigini kesgitlemek.**

Karzyň möhletiniň we girdejililiginiň ýönekeý göterim derejesindäki artyşy aşakdaky 4.8-nji formula esasynda kesgitlenilýär:

$$n = \frac{\frac{S}{PV} - 1}{r};$$

$$r = \frac{\frac{S}{PV} - 1}{n}.$$

Karzyň göteriminiň we girdejililiginiň çylşyrymly göterim derejesindäki artyşy aşakdaky formula esasynda kesgitlenilýär:

$$n = \frac{\ln\frac{S}{P}}{\ln(1 + r)};$$

$$r = \left(\frac{S}{PV}\right)^{\frac{1}{n}} - 1.$$

**5-nji mesele.** 25000 *manada* gymmat bahaly kagyz satyn alyndy hem-de 1,8 ýyldan soňra onuň satyn alyş bahasy 35000 *manat* boldy. Çylşyrymly ýyllyk göterim derejesinde bu maliýe amalynyň düşewüntliligini kesgitlemeli.

**Çözülişi.**

$$i = \left(\frac{S}{PV}\right)^{\frac{1}{n}} = \left(\frac{35000}{25000}\right)^{\frac{1}{1,8}} = 0,200417 = 20,55\%.$$

25000 *manada* satyn alnan gymmat bahaly kagyzyň 1,8 ýyldan soňra onuň satyn alyş bahasynyň 35000 *manada* barabar bolan ýagdaýynda çylşyrymly ýyllyk göterim derejesinde bu maliýe amalynyň düşewüntliligi 20,55% diýip kesgitlenildi.

## 4.5. Pul akymlaryny hasaba almak (diskontirlemek (*NPV*))

***NPV*** (Net Present Value) – arassa getirilen gymmaty diýlip terjime edilýär. Bu pul akymlaryny diskontirlemek usulyna esaslanan maýa goýum taslamalaryny bahalandyrmagyň görnüşidir. Eger geljegi uly bolar diýip maýa goýum taslamasyna pul serişdesini goýmak isleseňiz, bu maýa goýum taslamasynyň *NPV*-sini hasaplap görmek maksadalaýykdyr. Hasaplamanyň manysy şu aşakdakylardan ybaratdyr.

Eger *NPV*-niň möçberi 0-dan ýokary bolsa, taslamany kabul etmek mümkin, 0-dan pes bolsa taslamadan ýüz öwürmeli diýip hasaplanylýar. *NPV* şu aşakdaky 4.9-njy formula esasynda kesgitlenilýär:

$$NPV = \sum_{t=0}^{n} \frac{CF_t}{(1+R)^t}, \qquad (4.9)$$

bu ýerde *n,t* –wagtlaýyn döwürleriň mukdary, *CF* – pullaryň akymy (Cash Flow), *R* – maýa goýumlaryň gymmaty (diskontirlemegiň derejesi)

*NPV*-ni hasaplamak üçin iki görnüşdäki, ýagny *A* we *B* taslamalary alalyň we olaryň ýakyn 4 ýyldaky girdejilerini aşakdaky görnüşde görkezeliň.

*4.2-nji tablisa*

**A we B taslamalaryň ýyllar boýunça girdejileriniň görkezijileri**

| Ýyl | *A* taslama | *B* taslama |
|---|---|---|
| 0. | (10 000) | (10000) |
| 1. | 5000 | 1000 |

*4.2-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 2. | 4000 | 3000 |
| 3. | 3000 | 4000 |
| 4. | 1000 | 6000 |

**6-njy mesele.** Iki taslamanyň *(4.2-nji tablisa)* hem 10 000 manada barabar başlangyç maýa goýumlara eýedigine garamazdan olardan gelýän pul akymlary soňraky ýyllarda düýpli tapawutlanýar. *A* taslamada ilkinji ýyllarda girdejiniň gowudygyna garamazdan soňraky ýyllarda gelýän girdejiler peselýär. *B* taslamada bolsa tersine taslamanyň ilkinji ýylynda girdejiniň azdygyna garamazdan soňraky ýyllarda gelýän girdejiler artýar.

Maýa goýum taslamasynyň *NPV*-sini aşakdaky görnüşde hasaplamaly:

a) ähli pul akymlary ýylyň ahyryna gelýär;

b) diskontirlemegiň derejesi 10% .

*A* taslamada *NPV* – niň formulasyny ulanalyň:

$$NPV = \frac{CF_0}{(1+R)^0} + \frac{CF_1}{(1+R)^1} + \frac{CF_2}{(1+R)^2} + \frac{CF_3}{(1+R)^3} + \frac{CF_4}{(1+R)^4};$$

$$NPV = \frac{10000}{1} + \frac{5000}{(1+0,10)^1} + \frac{4000}{(1+0,10)^2} + $$
$$+ \frac{3000}{(1+0,1)^3} + \frac{1000}{(1+0,1)^4}.$$

*4.3-nji tablisa*

**_A_ taslamanyň görkezijileri (_manat_)**

| Ýyl | *A* taslama | 10% hasabynda | Faktor | Möçberi |
|---|---|---|---|---|
| 0. | (10 000) | 1 | 1 | (10 000) |
| 1. | 5000 | 1/(1,10)1 | 0,9091 | 4545,5 |
| 2. | 4000 | 1/(1,10)2 | 0,8264 | 3305,8 |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 3. | 3000 | 1/(1,10)3 | 0,7513 | 2253,9 |
| 4. | 1000 | 1/(1,10)4 | 0,6830 | 683 |
| **Jemi:** | | | | **788,2** |

*A* taslama




**4.1-nji çyzgy. *A* taslama**

Şeýle hem, *B* taslamada *NPV*-ni edil ýokardaky görnüşde işläp çykaralyň *(4.1-4.2-nji çyzgylar).*

$$NPV = \frac{10000}{1} + \frac{1000}{(1+0,10)^1} + \frac{3000}{(1+0,10)^2} + \frac{4000}{(1+0,1)^3} + \\ + \frac{6000}{(1+0,1)^4}.$$

*4.4-nji tablisa*

**_B_ taslamanyň görkezijileri (_manat_)**

| Ýyl | *B* taslama | 10% dereje | Faktor | Möçberi |
|---|---|---|---|---|
| 0. | (10 000) | 1 | 1 | (10 000) |
| 1. | 1000 | $1/(1,10)^1$ | 0,9091 | 909,1 |
| 2. | 3000 | $1/(1,10)^2$ | 0,8264 | 2479,2 |

| 1. | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| 3. | 4000 | $1/(1,10)^3$ | 0,7513 | 3005,2 |
| 4. | 6000 | 1/(1,10)4 | 0,6830 | 4098,0 |
| **Jemi:** | | | | **491,5** |

*B* taslama




**4.2-nji çyzgy. *B* taslama**

**Netije.** Iki taslamany hem kabul etmek mümkindir, sebäbi taslamalaryň ikisiniň hem netijesi 0-a deň bolmaýar, diýmek, iki taslama hem maýadaryň girdejisiniň artmagyny üpjün edýär. Eger 2 taslamadan birini saýlamaly bolanda, *A* taslama *B* taslama görä has amatlydyr.

**7-nji mesele.** Ýene-de 2 ýyldan puluň möçberi 1500 manada deň bolmagy üçin, şu wagtda puluň möçberi näçe manada deň bolmaly?

$$PV = \frac{15000}{(1 + 0,10)^2} = 1240.$$

Jogaby: 1240 *manat*.

**Netije.** Ýene-de 2 ýyldan puluň möçberi 1500 manada deň bolmagy üçin şu wagtda zerur puluň möçberi diskontirlemek ýoly bilen kesgitlenende, 1240 *manada* barabar diýip hasaplanyldy *(4.5-nji tablisa)*.

*4.5-nji tablisa*

**Diskontirlemegiň koeffisiýentiniň tablisasy**

(Present Value table) $1/(1 + r)^n$

| Ýyllar | 5% | 6% | 7% | 8% | 9% | 10% |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| 1. | 0,9524 | 0,9434 | 0,9346 | 0,9259 | 0,9174 | 0,9091 |
| 2. | 0,9070 | 0,8900 | 0,8734 | 0,8573 | 0,7417 | 0,8264 |
| 3. | 0,8638 | 0,8396 | 0,8163 | 0,7938 | 0,7722 | 0,7513 |
| 4. | 0,8227 | 0,7921 | 0,7629 | 0,7350 | 0,7084 | 0,6830 |
| 5. | 0,7835 | 0,7473 | 0,7130 | 0,6806 | 0,6499 | 0,6209 |
| 6. | 0,7462 | 0,7050 | 0,6663 | 0,6302 | 0,5963 | 0,5645 |
| 7. | 0,7107 | 0,6651 | 0,6227 | 0,5835 | 0,5470 | 0,5132 |
| 8. | 0,6768 | 0,6274 | 0,5820 | 0,5403 | 0,5019 | 0,4665 |
| 9. | 0,6446 | 0,5919 | 0,5439 | 0,5002 | 0,4604 | 0,4241 |
| 10. | 0,6139 | 0,5584 | 0,5083 | 0,4632 | 0,4224 | 0,3855 |
| 11. | 0,5847 | 0,5268 | 0,4751 | 0,4289 | 0,3875 | 0,3505 |
| 12. | 0,5568 | 0,4970 | 0,4440 | 0,3971 | 0,3555 | 0,3186 |

Eger şu günden geljek döwre tarap hasaplananda, onda şu aşakdaky hasaplamalary alarys.

*4.6-njy tablisa*

**Ösdürmegiň koeffisiýentiniň tablisasy**

(Future Value table) $(1 + r)^n$

| Ýyllar | 5% | 6% | 7% | 8% | 9% | 10% |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| 1. | 1,05 | 1,06 | 1,07 | 1,08 | 1,09 | 1,1 |
| 2. | 1,1025 | 1,1236 | 1,4449 | 1,1664 | 1,1881 | 1,21 |
| 3. | 1,1576 | 1,1910 | 1,2250 | 1,2597 | 1,2950 | 1,3310 |
| 4. | 1,2155 | 1,2625 | 1,3108 | 1,3605 | 1,4116 | 1,4641 |
| 5. | 1,2763 | 1,3382 | 1,4026 | 1,4693 | 1,5386 | 1,6105 |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 6. | 1,3401 | 1,4185 | 1,5007 | 1,5869 | 1,6771 | 1,7716 |
| 7. | 1,4071 | 1,5036 | 1,6058 | 1,7138 | 1,8280 | 1,9487 |
| 8. | 1,4775 | 1,5938 | 1,7182 | 1,8509 | 1,9926 | 2,1436 |
| 9. | 1,5513 | 1,6895 | 1,8385 | 1,9990 | 2,1719 | 2,3579 |
| 10. | 1,6289 | 1,7908 | 1,9672 | 2,1589 | 2,3674 | 2,5937 |
| 11. | 1,7103 | 1,8983 | 2,1049 | 2,3316 | 2,5804 | 2,8531 |
| 12. | 1,7959 | 2,0122 | 2,2522 | 2,5182 | 2,8127 | 3,1384 |

## 4.6. Maýa goýumlaryň özüni ödeýiş möhleti

Häzirki wagtda maýa goýum taslamalaryny bahalandyrmagyň has giň ýaýran we ýönekeý hasaplama usuly maýa goýum taslamasynyň özüni ödeýiş möhletini kesgitlemekdir.

Maýa goýumlaryň özüni ödeýiş möhleti 4.10-njy formula bilen düşündirilýär:

$$Ö_m = I/(A + S_p), \qquad (4.10)$$

bu ýerde $Ö_m$ – taslamanyň özüni ödeýiş möhleti, (*ýyl)*, $I$ – maýa goýumlaryň möçberi *(manat)*, $A$ – ýyldaky amortizasiýa (könelme) çykdajylarynyň möçberi (*manat)*, $S_p$ – ýyldaky sap girdejiniň möçberi (*manat)*.

Şeýle hem maýa goýum taslamasynyň özüni ödeýiş möhletini kesgitlemegiň diskontirlemek usulyndan hem peýdalanylýar.

**8-nji mesele.** Başlangyç maýa goýumlaryň möçberi 50 müň *manada* barabardyr hem-de maýa goýum döwrüniň ilkinji ýylynda ýene-de 10 müň *manat* goşmaça maýa goýum göz öňünde tutulýar we ondan geljek girdejileriň möçberi aşakdaky tablisada görkezilýär *(4.7-nji tablisa)*.

8. Sargyt № 995

*4.7-nji tablisa*

| **Ýyllar** | **Geljek girdejiler, müň *manat*** |
|---|---|
| 0. | – 50 |
| 1. | – 10 |
| 2. | 5 |
| 3. | 20 |
| 4. | 40 |
| 5. | 40 |

$$NPV(1) = -50 - \frac{10}{1+0,1} = -59,1;$$

$$NPV(2) = -50 - \frac{10}{1+0,1} + \frac{5}{(1+0,1)^2} = -54,9;$$

$$NPV(3) = -50 - \frac{10}{1+0,1} + \frac{5}{(1+0,1)^2} + \frac{20}{(1+0,1)^3} = -39,9;$$

$$NPV(4) = -50 - \frac{10}{1+0,1} + \frac{5}{(1+0,1)^2} + \frac{20}{(1+0,1)^3} + \\ + \frac{40}{(1+0,1)^4} = -12,6;$$

$$NPV(4) = -50 - \frac{10}{1+0,1} + \frac{5}{(1+0,1)^2} + \frac{20}{(1+0,1)^3} + \\ + \frac{40}{(1+0,1)^4} + \frac{40}{(1+0,1)^5} = 12,2.$$

Hasaplamadan görnüşi ýaly, maýa goýum taslamasy diňe soňky bäşinji ýylda özüni ödäp başlaýar. Şol sebäpli hem, maýadarlar üçin bu taslama özüne çekiji däldir *(4.8-nji tablisa)*.

*4.8-nji tablisa*

**Taslamanyň özüni ödeýiş möhletini hasaplamagyň artykmaçlyklary we kemçilikleri**

| Artykmaçlyklar | Kemçilikler |
|---|---|
| 1. Peýdalanmagyň we hasaplamagyň ýönekeýligi;<br>2. Taslamanyň likwidliligine baha bermäge mümkinçilik berýär, ýagny özüni ödeýiş möhletiniň uzaklygy likwidliliginiň pesligini görkezýär;<br>3. Taslamanyň töwekgelçiligine baha bermäge mümkinçilik berýär, ýagny özüni ödeýiş möhletiniň uzaklygy töwekgelçiligiň ýokarydygyny görkezýär | 1.Özüni ödeýiş möhleti tamamlanandan soňra pul serişdeleriniň gelmegini inkär edýär;<br>2. Girdejileriň gaýtadan paýlanmak mümkinçiligini (reinwestirowaniýe) hasaba almaýar;<br>3. Özüni ödeýiş möhletiniň dowamlylygy deň bolan ýöne girdejisiniň wagtynyň gurluşy birmeňzeş bolmadyk taslamalary deň bahaly diýip hasaplaýar;<br>4. Taslamanyň özüni ödeýiş möhletiniň ähmiýeti taslamanyň netijeliligi barada hiç zat görkezmeýär, ýöne diňe onuň likwidliligine we töwekgelçiligine baha berýär |

Bu usulyň peýdalanylmagy şu aşakdaky şertlerde ulanmak mümkindir:

– birmeňzeş möhletli maýa goýum taslamalarynda;

– pul serişdeleriniň gelmegi wagt boýunça düýpli tapawutlanmaýan taslamalarda;

– bir gezeklik maýa goýumlarda.

**5. Hasaba alnan (diskontirlenen) arassa peýda:**

$$NPV = \sum_{t=1}^{n} \frac{FVt}{(1+R)^t} - IC, \qquad (4.11)$$

bu ýerde ***IC*** – maýa goýum çykdajylary.

**6. Girdejililigiň indeksi *PI* (Profitability Index)**

Häzirki wagtda maýa goýum taslamalaryny bahalandyrmagyň has giň ýaýran hasaplama usuly maýa goýum taslamasynyň girdejililiginiň indeksini kesgitlemekdir:

$$PI = \sum_{t=1}^{n} \frac{FVt}{(1+R)^t} / \sum_{t=0}^{n} \frac{ICt}{(1+R)^t}. \quad (4.12)$$

Ýokarda görkezilen hasaplama formulalaryny şu aşakdaky maýa goýum taslamasynyň mysalynda işläp göreliň.

Maýa goýum taslamasynyň möhleti 5 ýyl we maýa goýum taslamasyna laýyklykda tehnologiýa enjamy satyn almak üçin çykdajylaryň gymmaty 500 müň *manada* we taslama üçin zerur bolan goşmaça dolanyşyk serişdeleriniň bahasy 100 müň *manada* barabar.

*4.9-njy tablisa*

**Maýa goýum taslamasynyň ykdysady görkezijileri (müň *manat*)**

| Görkezijiler | Ýyllar | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | **1-nji ýyl** | **2-nji ýyl** | **3-nji ýyl** | **4-nji ýyl** | **5-nji ýyl** |
| **1. Maýa goýum işi** | | | | | |
| Täze tehnologiýanyň bahasy | 500 | – | – | – | – |
| Goşmaça dolanyşyk serişdeleriniň bahasy | 100 | – | – | – | – |
| Maýa goýumlaryň jemi | 600 | – | – | – | – |
| **2. Amaly iş** | | | | | |
| Ýerleşdirmekden gelen girdejiler | 750 | 880 | 1020 | 1170 | 1050 |
| Işgärleriň zähmet haky | 200 | 210 | 220 | 230 | 240 |
| Çig mallaryň gymmaty | 250 | 275 | 300 | 325 | 350 |
| Beýleki harajatlar | 10 | 10 | 10 | 10 | 10 |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| Könelme harajatlary | 100 | 100 | 100 | 100 | 100 |
| Karzlar üçin göterimler | 125 | 125 | 93,75 | 62,5 | 31,25 |
| Balans peýda | 65 | 160 | 296,25 | 442,5 | 318,75 |
| Peýda salgydy (20%) | 13 | 32 | 59.25 | 88,5 | 63,75 |
| Oba hojalyk ministrliginiň maksatlaýyn hasabyna geçirimler (3%) | 1,95 | 4,8 | 8,9 | 13,2 | 9,6 |
| Meýilleşdirilýän sap peýda | 50,05 | 123,2 | 228,1 | 340,8 | 245,4 |
| Amaly işlerden sap girdeji | 150 | 223,2 | 328,1 | 440,8 | 345,4 |

**Hasaba alnan (diskontirlenen) arassa peýda**

$$\boldsymbol{NPV} = \left(\frac{150,05}{(1+0,15)^1} + \frac{223,2}{(1+0,15)^2} + \frac{328,1}{(1+0,15)^3} + \frac{440,8}{(1+0,15)^4} + \frac{345,4}{(1+0,15)^5}\right) - \frac{600}{(1+0,15)^1} = 417,636.$$

**Girdejililigiň indeksi *PI* (Profitability Index)**

$$PI = \left(\frac{150,05}{(1+0,15)^1} + \frac{223,2}{(1+0,15)^2} + \frac{328,1}{(1+0,15)^3} + \frac{440,8}{(1+0,15)^4} + \frac{345,4}{(1+0,15)^5}\right) / \frac{600}{(1+0,15)^1} = 1,8.$$

## 4.7. Maýa goýumlaryň likwidliligini bahalandyrmak

Maýa goýumlary ykdysady taýdan bahalandyrmakda, maýa goýumlaryň dürli görnüşleriniň likwidliligini bahalandyrmak ýokary ähmiýete eýedir.

Ykdysady edebiýatlarda likwidliligi aşakdaky görnüşlerde düşündirilýär:

– kärhananyň likwidliligi – kärhana ýapylanda ýa-da batanda onuň çalt ýerlenilmegine;

– aktiwleriň likwidliligi –kärhananyň gündelik tölege ukyplylyk mümkinçiligine;

– maýa goýum desgalarynyň likwidliligi – maýa goýum bazarynyň gurluşynyň üýtgemeginde düýpli goýumlary çalt depginde gaýtadan maýa goýuma gönükdirmek mümkinçiligine.

**Maýa goýumlaryň likwidliligi** maýa goýum desgalarynyň gysga wagtyň dowamynda maliýe ýitgilerini çekmezden pul serişdelerine öwrülmek mümkinçiligine aýdylýar.

Maýa goýumlaryň likwidliligini bahalandyrmak esasy aşakdaky görkezijiler bilen kesgitlenilýär:

– maýa goýumlaryň pul serişdesine öwrülmek (transformasiýa) wagty;

– pul serişdesine öwrülmek hadysasynda maýadaryň maliýe ýitgisiniň möçberi.

Maýa goýumlaryň likwidliligi wagt boýunça maýa goýumlaryň haýsydyr bir desgasyny bazarda ýerlemek üçin gerek bolan günleriň möçberi boýunça ölçenilýär.

Maýa goýum desgalaryny ýerlemekde sarp edilýän wagt aşakdaky 4.10-njy tablisa laýyklykda görkezilýär.

*4.10-njy tablisa*

**Maýa goýum desgalaryny ýerlemekde sarp edilýän wagtyň derejesi boýunça bölünişi**

| Maýa goýumlaryň toparlary | Pul serişdesine öwrülmekligiň möhleti | Maýa goýum desgasynyň görnüşi |
|---|---|---|
| Gyssagly likwidli maýa goýum desgalary | 7 güne çenli | Talap edilýänçä goýlan depozit goýumlary |

*4.10-njy tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| Ýokary likwidli maýa goýum desgalary | 8 günden 30 güne çenli | Gysga möhletleýin obligasiýalar |
| Orta likwidli maýa goýum desgalary | 1 aýdan 3 aýa çenli | Garažlar, daçalar, öý, kottej jaýlar |
| Gowşak likwidli maýa goýum desgalary | 3 aýdan ýokary | Önümçilik desgalary |

Maliýe ýitgisiniň derejesi boýunça maýa goýumlaryň likwidliligi aşakdaky 4.11-nji tablisa laýyklykda ýitginiň möçberiniň maýa goýumlaryň desgasynyň jemi bahasynda tutýan paýy bilen kesgitlenilýär.

*4.11-nji tablisa*

**Maýa goýum desgalarynyň ýerleşdirmekde çekilýän maliýe ýitginiň derejesi**

| **Maliýe ýitgisiniň derejesi** | **Maliýe ýitgisiniň derejesiniň maýa goýumlaryň umumy möçberindäki tutýan paýy (%-de)** | **Maý goýum desgasy** |
|---|---|---|
| Pes | 5 göterimden az | Depozit goýumlar |
| Orta | 6-10 | Kärhanalaryň aksiýalary |
| Ýokary | 11-20 | Enjamlar |
| Örän ýokary | 20-den ýokary | Gozgalmaýan emläk |

Şol sebäpli, maýa goýum desgasynyň likwidliligi näçe pes bolsa, ondan alynjak girdejiniň möçberi 1-nji çyzga laýyklykda şonça ýokary bolmalydyr. Bu ýerde maýadaryň deň şertlerde ýokary likwidli maýa goýum desgalaryny tapyp bilmek ukyby gysga wagtda uly bolmadyk meselesiz girdeji alynmagyny üpjün edýär. Eger-de maýadar maýa doýum desgasyny ýerleşdirmekde ýokary maliýe ýitgisine razy bolsa, desgany çalt ýerläp biler.

**Maýa goýum desgalarynyň görnüşlerine görä likwidlilik derejesi**




*4.3-nji çyzgy*

4.3-nji çyzgydan görnüşi ýaly önümçilik ugurly desgalaryň, gutarylmadyk gurluşyklaryň we gozgalmaýan emläkleriň likwidlilik derejesi pes bolýar hem-de gymmat kagyzlaryň, depozit goýumlarynyň likwidlilik derejesi bolsa ýokarydyr.

Maýa goýumlaryň likwidlilik derejesi näçe ýokary bolsa, ondan alynýan girdejiniň möçberi 4.4-nji çyzgydan görnüşi ýaly, şonça-da pes bolýar.




**4.4-nji çyzgy. Maýa goýumlaryň likwidliliginiň derejesiniň girdejä täsiri**

Çyzgydan görnüşi ýaly, maýa goýumlaryň girdejisiniň derejesi onuň likwidliligi bilen berk baglanyşyklydyr.

# V bap MAÝA GOÝUM GAZNALARY WE MALIÝE MAÝA GOÝUMLARY

## 5.1. Maliýe maýa goýumlary barada düşünje

Häzirki zaman bazar ykdysadyýetinde maýa goýumlaryň aglaba bölegi maliýe maýa goýumlarynyň paýyna düşýär. Maýa goýumlarynyň beýle görnüşiniň saýlanyp alynmagy maýa goýum serişdelerinden netijeli peýdalanmagyň zerurlygy bilen öňünden kesgitlenip bilner. Kärhananyň möwsümleýin işleri bilen baglanyşykly bolan erkin pul serişdeleriniň wagtlaýyn bolmagy olaryň maýa goýum gaznalaryna (ýa-da olaryň paýnamalarynyň göze ilip durýan bukjasyny satyn almak) maýa goýumyň ýoly bilen beýleki kärhanalary «eýelemekligi» göz öňünde tutýandyr.

Maliýe maýa goýumlary, esasan hem, girdejileriň alynmagyna, kärhananyň bazardaky ornunyň berkidilmegine, kärhananyň beýleki kärhanalaryň işleriniň dolandyrylmagyna gatnaşmagyna gönükdirilendir.

Maliýe maýa goýumlaryna aşakdakylar degişlidir:

– beýleki edara-kärhanalaryň dörediş gaznasyna goýumlary goýmak;

– beýleki kärhanalaryň zaýomlary;

– döwlet we munisipal kärhanalaryň gymmat bahaly kagyzlary;

– karz guramalaryna depozit goýumlary;

– debitor bergiler we başgalar.

Maliýe maýa goýumlary aşakdaky görkezijiler boýunça häsiýetlendirilýär.

1. Möhletleýinligi bilen:

– uzakmöhletleýin (bir ýyldan köp bolan);

– gysga möhletleýin (bir ýyla çenli bolan) maliýe maýa goýumlary häsiýetlendirilýär.

2. Dörediş gaznasyna baglylygy bilen:

– dörediş gaznasyny döretmek maksady bilen goýulýan maliýe maýa goýumlary;

– bergili gymmat bahaly kagyzlary bilen häsiýetlendirilýär.

3. Eýeçilik görnüşi boýunça:

– döwlet gymmat bahaly kagyzlary;

– döwlet degişli däl kärhanalaryň gymmat bahaly kagyzlary bilen häsiýetlendirilýär.

Ykdysady edebiýatlarda maliýe maýa goýumlarynyň kesgitlemeleriniň dürli görnüşleri getirilýär.

«Maliýe maýa goýumlary – bu maddy önümçilik ulgamyndaky kärhanalaryň gymmat bahaly kagyzlaryna maýa goýum, şeýle hem maýalygy bank edaralaryna ýerleşdirmekdir» diýip ykdysadyýetçi alym W.A. Borowkowa hasap edýär.

Ykdysadyýetçi S.W.Waldaýsewiň pikirine görä, maliýe maýa goýumlary, dellalçynyň bolmagy bilen häsiýetlenýän (maýa goýum gaznasynyň ýa-da maliýe dellalçysynyň), göni däl maýa goýumlardyr.

Ykdysadyýetçi W.A. Lýaliniň pikirine görä bolsa, maliýe maýa goýumlary öz ýanyndan maliýe aktiwlerine goýulýan maýa goýumlarydyr. Maliýe aktiwlerine nagt pullar, banklaryň gündelik we gyssagly hasaplaryndaky goýumlar, daşary ýurt walýutasy, gymmat bahaly kagyzlar degişlidir.

## 5.2. Maliýe maýa goýumlaryny amala aşyrmaklygyň aýratynlyklary

Maliýe maýa goýumlaryny amala aşyrmak birnäçe aýratynlyklar bilen häsiýetlendirilýär, olardan esasylary bolup aşakdakylary öz içine alýar:

1. Maliýe maýa goýumlary ykdysadyýetiň kärhanalary üçin hojalyk işleriniň garaşsyz görnüşi bolup durýar. Bu garaşsyzlyk kärhanalaryň amallar işleri, şeýle hem olaryň hakyky maýa goýum hadysasy netijesinde hem ýüze çykýar;

2. Maliýe maýa goýumlary kärhana tarapyndan daşary maýa goýumlaryny amala aşyrmagyň esasy serişdesi bolup durýar. Maliýe maýa goýumlarynyň ähli esasy görnüşleriniň we gurallarynyň, maýa

goýulýan maýalygyň daşarky ugry bolýar, olar öz kärhanasynyň öndürijilikli hadysalarynyň çäklerinden daşary çykýarlar. Maliýe maýa goýumlarynyň kömegi bilen kärhanalaryň hem öz ýurdunyň çäklerinde, şeýle hem daşary ýurtlarda, daşarky maýa goýumlaryny amala aşyrmak üçin mümkinçilikleri bolýar.

3. Ykdysadyýetiň hakyky ulgamyndaky kärhanalaryň jemleýji maýa goýum talaplarynyň ulgamynda maliýe maýa goýumlary ikinji derejeli (ikinji nobatdaky) maýa goýumlar talaplaryny emele getirýärler. Olar beýle kärhanalar tarapyndan, adatça, onuň hakyky maýa goýumdaky talaplary kanagatlandyrylandan soňra amala aşyrylýar.

Bu aýratynlyk sebäpli, maliýe maýa goýumlary, düzgün bolşy ýaly, kärhananyň «dogulmagy», «çagalygy» we «ýetginjekligi» ýaly durmuş döwrüniň irki tapgyrlarynda amala aşyrylmaýarlar.

4. Maliýe maýa goýumlary kärhana «girdejililik-töwekgellik« şkalasy boýunça maýa goýumyň gurallaryny saýlamakda giňişleýin çägini berýär. Hakyky maýa goýum bilen deňeşdirilende, bu şkala ähmiýetli derejede giň bolýar – ol öz içine, maýa goýumça özüniň maýa goýumlar syýasatyny giňişleýin çäkde amala aşyrmaklyga mümkinçilik bermek bilen, maýa goýumyň töwekgelçiliksiz, şeýle hem ýokary töwekgelçilikli (spekulýatiw) gurallarynyň toparyny alýar.

5. Maliýe maýa goýumlary kärhana maýa goýumyň gurallaryny saýlamak üçin ýeterlikli giňişleýin çägini we «girdejililik» şkalasy boýunça berýär. Hakyky maýa goýumlary bilen deňeşdirilende olar likwidliligiň biraz ýokary derejesi bilen häsiýetlenýän hem bolsalar, bu dereje örän giň çäklerde üýtgeýär.

## 5.3. Maliýe maýa goýumlaryny kärhana tarapyndan amala aşyrylyşynyň görnüşleri

Maliýe maýa goýumlary kärhana tarapyndan şu aşakdaky görnüşlerde amala aşyrylýar:

**1. Maýa goýumlaryny kärhanalaryň maýa goýum gaznalaryna goýmak**

Maliýe maýa goýumlarynyň beýle görnüşi, kärhananyň işleri bilen has içgin baglanyşykly bolýar we şu aşakdakylary öz içine alýar:

– ol çig mallaryň we materiallaryň getirijileri bilen strategiki hojalyk aragatnaşyklarynyň berkidilmegini (olaryň maýa gaznasyna gatnaşýan ýagdaýynda);

– özüniň önümçilik infrastrukturasyny ösdürmekligi (maýa goýumlaryň ulag we beýleki meňzeş kärhanalaryna goýlan ýagdaýynda);

– önümleri ýerlemegiň mümkinçilikleriniň giňeldilmegini ýa-da beýleki sebitleýin bazarlaryna girmegini (maýa goýumlary söwda kärhanalarynyň maýa goýum gaznalaryna goýmagyň ýoly bilen);

– amallar işleriniň pudaklaýyn we harytlyk diwersifikasiýasynyň dürli görnüşlerini we kärhanany ösdürmegiň beýleki strategiki ugurlaryny.

**2. Pullaryň gurallarynyň girdejili görnüşlerine maýa goýum**

Maliýe maýa goýumlarynyň beýle görnüşi, ilki bilen, kärhananyň wagtlaýyn erkin pul serişdeleriniň netijeli ulanylmagyna gönükdirilendir. Maýa goýumyň pul gurallarynyň esasy görnüşi bolup täjirçilik banklarynda depozit goýumlary hyzmat edýärler.

**3. Gaznalaryň girdejili görnüşlerine maýa goýum**

Maliýe maýa goýumlarynyň beýle görnüşi has köpçülikleýindir we geljegi ýokarydyr (perspektiwalydyr). Ol gaznalar bazarynda erkin dolanyşykdaky, gymmat bahaly kagyzlaryň dürli görnüşlerine maýa goýulmagy bilen häsiýetlenýär («bazar gymmat bahaly kagyzlary» diýlip atlandyrylýanlar).

## 5.4. Maýa goýum kompaniýalary we gaznalary

Maýa goýumlar kompaniýalary we gaznalary, bar bolan önümçiliklere, pudaklaýyn ýa-da sebitleýin derejesinde täze tehniki we guramaçylyk taslamalaryna maýa goýumlary goýmak görnüşinde hususy we ssuda maýalygynyň hemişelik dolanyşygyny amala aşyrýarlar.

Maýa goýum gaznalary açyk we ýapyk görnüşlerine bölünýärler.

**Açyk gaznalar** kesgitsiz möhlet bilen döredilýärler we özüniň maýa goýumlar sertifikatlarynyň, maýa goýumlar gaznasynyň maýa goýumlar jarnamasynda bellenilen möhletlerde satyn alynmagyny amala aşyrýarlar.

**Ýapyk gaznalar** kesgitsiz möhlet bilen döredilýärler we maýa goýumlar gaznasynyň işleriniň möhletiniň tamamlanmagy boýunça maýa goýumlar sertifikatlary babatda hasaplaşyklary amala aşyrýarlar.

Maýa goýumlar gaznasynyň esaslandyryjylary bolup edara görnüşli taraplar we şahsy taraplar durýarlar. Esaslandyryjylar maýa gaznasynyň gatnaşyjylarynyň öňünde maýa goýum gorundaky özlerine degişli paýnamalaryň bahasynyň çäklerinde jogapkärçilik çekýärler. Paýnamalar depozitariýada saklanýarlar we satuw üçin çykarylyp bilýän däldirler.

Maýa goýumlar gaznasyny döretmek üçin onuň esaslandyryjylary esaslandyryjy şertnamany taýýarlaýarlar, tertipnamany tassyklaýarlar we paýdarlar jemgyýetlerini hasaba almak üçin bellenilen tertipde maýa goýumlar gaznasynyň hasaba alynmagyny geçirýärler.

Esaslandyryjy şertnama esaslandyryjylar tarapyndan maýa goýumlar gaznasyny döretmek bilen baglanyşykly bilelikdäki işleri amala aşyrmagyň tertibini, gatnaşyjylaryň öňündäki we üçünji taraplaryň öňündäki jogapkärçiligi kesgitleýär.

Maýa goýumlar gaznasynyň tertipnamasynda maýa goýumlar gaznasynyň ady, ýerleşýän ýeri we görnüşi bellenilýär, esaslandyryjylaryň düzümi, maýa goýumlar gaznasynyň dolandyryş edaralaryny döretmegiň tertibi, olaryň ygtyýarlyklary we olar tarapyndan çözgütleri kabul etmegiň tertibi, esaslandyryjylar tarapyndan bir maýa goýumlar sertifikatynyň möçberine deň bolan her bir paýnama üçin diwidendleri almagynyň tertibi, maýa goýumlar gaznasyny üýtgedip guramagyň we ýatyrmagyň tertibi bellenilýär.

Maýa goýumlar gaznasynyň gatnaşyjylary bolup, şahsy taraplar we edara görnüşli taraplar durýarlar. Maýa goýumlar gaznasynyň gatnaşyjysyna maýa goýumlar sertifikatlarynyň jemleýji bahasyna sertifikat berlip biler. Maýa goýumlaryň şu aşakdaky rekwizitleri bar:

– maýa goýumlar gaznasynyň firma ady;

– onuň ýerleşýän ýeri;

– gymmat bahaly kagyzyň ady («maýa goýumlar sertifikaty») we onuň tertip belgisi;

– goýberilen senesi;

– maýa goýumlar sertifikatynyň görnüşi, onuň bellenilen bahasy;

– hususyýetçiniň ady (ady ýazylan maýa goýumlar sertifikaty üçin);

– diwidendleri tölemegiň möhleti;

– wezipeli adamyň goly – maýa goýumlary dolandyryjysynyň ýa-da beýleki ygtyýarlykly adamyň goly;

– maýa goýumlar gaznasynyň möhüri. Bu maýa goýumlar sertifikatynyň nominal bahasyny esaslandyryjylara degişli bolan bir paýnamanyň nominal bahasyna deňleşdirmeli.

Maýa goýumlar gaznasyny dolandyrmagyň ýokary durýan edarasy bolup, esaslandyryjylaryň umumy ýygnamalary durýarlar, olaryň aýratyn ygtyýarlyklaryna şular degişli:

– maýa goýumlar gaznasynyň esaslandyryjy şertnamasyna we tertipnamasyna üýtgeşmeleri we goşmaçalary girizmek;

– maýa goýumlar jarnamasyny tassyklamak, depozit şertnamasynyň şertlerini tassyklamak, maýa goýumlary dolandyryjy bilen şertnamany, auditor ýa-da auditorçylyk firmasy bilen şertnamany tassyklamak we beýle resminamalara bellenilen tertipde üýtgeşmeleri we goşmaçalary girizmek;

– maýa goýumlar sertifikatlarynyň goýberilmegi barada maglumatlary kabul etmek we tassyklamak;

– auditorçylyk barlaglary geçirilenden soňra maýa goýumlar gaznasynyň işleriniň ýyllyk netijelerini tassyklamak;

– diwidendleri hasaplamagyň tertibini tassyklamak;

– maýa goýumlar gaznasynyň şahamçalaryny, sebitleýin wekilhanalaryny döretmek, üýtgedip gurmak ýa-da ýatyrmak barada çözgütleri kabul etmek;

– gaznany ýatyrmak barada çözgüdi kabul etmek, ýatyryş toparyny döretmek we ýatyryş balansyny tassyklamak.

Maýa goýumlary dolandyryjynyň işlerine gözegçilik etmek we gatnaşyjylaryň bähbitlerini goramak maksady bilen synçylar geňeşi döredilýär. Maýa goýumlary dolandyryjy maýa goýumlar gaznasynyň adyndan maýa goýumlaryň aktiwleriniň dolandyrylmagyny tabşyryk almazdan amala aşyrýar we maýa goýumlar sertifikatlarynyň goýberilmegi barada habar beriş habarnamalarynyň taslamasyny taýýarlaýar. Maýa goýumlary dolandyryjy maýa goýumlar gaznasynyň maýa goýumlar sertifikatlarynyň satuwlaryny guraýar. Maýa goýumlary

dolandyryjy, maýa goýumlar sertifikatlaryny, olaryň nominal bahasyndan pes bahadan satuw üçin teklip edip bilmeýär. Açyk maýa goýumlar gaznasynyň maýa goýumlary dolandyryjysy maýa goýumlar sertifikatlaryny olaryň eýeleriniň talap etmekleri boýunça maýa goýumlar kompaniýasynyň adyndan onuň hasabyna satyn almak üçin çäreleri görmeklige borçludyr.

Maýa goýumlar gaznasynyň aşakdakylara hukugy ýokdur:

– obligasiýalary we wekselleri goýbermek;

– gymmat bahaly kagyzlarda maýa goýumlar kompaniýasynyň aktiwleriniň 70 göterimden köpüsini saklamaga;

– beýleki maýa goýumlar gaznasynyň ýa-da maýa goýumlar kompaniýasynyň maýa goýumlar sertifikatlaryny satyn almaklyga;

– hususylaşdyrylan kagyzlar boýunça wekilçilik işleri bilen meşgullanmaga;

– bankdan karzlary almaga, diňe bu karzlary açyk gazna tarapyndan özüniň maýa goýumlar sertifikatlaryny satyn almak üçin ulanmakdan başga ýagdaýlarda;

– emläkleýin kepilliklerini bermeklige, üçünji taraplar üçin gaznanyň emlägi bilen üpjün etmeklige;

– girew şertnamalaryny taýýarlamaklyga.

Maýa goýumlar kompaniýasy diýlip gymmat bahaly kagyzlaryň söwdagäri hasap edilýär. Ol işleriň beýleki görnüşlerini geçirmekden başga-da, gymmat bahaly kagyzlarynyň emissiýasynyň we olary ýerleşdirmegiň ýoly bilen bilelikde maýa goýumy amala aşyrmak üçin serişdeleri çekip bilýär. Maýa goýumlar kompaniýasy paýdarlar jemgyýetleri görnüşinde ýa-da jogapkärçiligi çäklendirilen jemgyýet görnüşinde bellenilen tertipde döredilýär.

Maýa goýumlar kompaniýasy bilen bilelikde maýa goýum boýunça işleri amala aşyrmak üçin özara gaznany döretmäge borçludyr, maýa goýumlar sertifikatlarynyň goýberilmeginiň hasaba alynmagyny geçirmäge, maýa goýumlar jarnamasyny we onuň maýa goýumlar sertifikatlaryny goýberýänligi barada maglumatlary çap etmeklige borçludyr.

Maýa goýum kompaniýalary, maýa goýum sertifikatlaryny özi tarapyndan özara gaznasyna berlen emlägiň bahasyna deň möçberde alýar. Esaslandyryjylaryň maýa goýum sertifikatlary depozitariýada saklanýarlar we satuw üçin çykarylyp bilinýän däldirler.

Özara gazna maýa goýumlar kompaniýasynyň şahamçasy bolup durýar, ol onuň ýokarda duran guramasynyň karary boýunça döredilýär. Özara gaznany döretmek baradaky karar kabul edilen hasap edilýär, eger onuň üçin paýdarlaryň (gatnaşyjylaryň) ¾ bölegi ses beren bolsalar, olar maýa goýumlar kompaniýasynyň umumy ýygnaklarynda ses bermeklige gatnaşýarlar.

Özara gaznanyň aýratyn balansy we gündelik hasaby bar we telekeçilik işleriniň subýektlerini hasaba almak üçin göz öňünde tutulan tertipde döwlet tarapyndan hasaba alynmaga degişlidir. Özara gaznanyň balansyna maýa goýum kompaniýalary emlägi gymmat bahaly kagyzlaryň we gozgalmaýan emlägiň obýektleri görnüşinde berip biler. Özara gaznanyň serişdelerini maýa goýum kompaniýalarynyň ýitgileriniň üstüni ýapmak üçin ulanyp bolýan däldir.

Bilelikde maýa goýumy amala aşyrmak üçin, özara gaznalaryny esaslandyran maýa goýum gaznalary, şeýle hem maýa goýum kompaniýalary, maýa goýum sertifikatlaryny goýberýärler hem-de olary gatnaşyjylaryň arasynda ýerleşdirmek üçin çykarýarlar. Gatnaşyjylardan alnan serişdeleri açyk gaznalar beýleki emitentleriň gymmat bahaly kagyzlaryna maýa goýýarlar.

Ýapyk gaznalaryň hususylaşdyrylmagynyň dowamynda, hojalyk jemgyýetleriniň emläginde döwlete degişli bolan gymmat bahaly kagyzlara maýa goýmaga hukuklary we gozgalmaýan emlägi, bölekleri we paýlary satyn almaga hukuklary bardyr.

Açyk gaznalaryň maýa goýumlar sertifikatlary gatnaşyjylaryň serişdeleriniň hasabyna, ýapyk gaznalaryň bolsa gatnaşyjylaryň serişdeleriniň hasabyna we hususylaşdyrylan kagyzlaryň hasabyna satyn alnyp bilerler.

Maýa goýumlarynyň emissiýasy gymmat bahaly kagyzlar we gaznalar bazary boýunça Döwlet topary tarapyndan olaryň goýberilmegi hasaba alnandan soňra amala aşyrylýar.

Ýapyk gaznalar erkin gaýtadan satylmaga degişli bolmaýan maýa goýumlar sertifikatlaryny goýberýärler, açyk gaznalar bolsa erkin gaýtadan satylmaga degişli bolan maýa goýumlar sertifikatlaryny goýberýärler.

Gaznanyň eýeçiligindäki hususylaşdyrylan kagyzlar, hususylaşdyrylan kagyzlaryň umumy indeksasiýasynyň bolan ýagdaýynda indeksirlenmäge degişli bolýarlar.

Gaznanyň girdejileri diwidendlerden we beýleki gymmat bahaly kagyzlardan gelip gowuşmalardan ybarat bolýarlar, olar gaznanyň eýeçiliginde durýarlar we gymmat bahaly kagyzlardan we beýleki aktiwler bilen amallardan gelip gowuşýan girdejilerden ybarat bolýarlar. Gaznanyň, onuň esaslandyryjylarynyň we gatnaşyjylarynyň girdejilerine, hereket edýän kanunçylykda bellenilen tertipde, diwidendler tölenilende salgyt salynýarlar.

Gaznanyň girdejisi diwidendler görnüşinde onuň esaslandyryjylarynyň we gatnaşyjylarynyň arasynda paýlanylmaga degişli bolýandyrlar. Gaznalaryň esaslandyryjylarynyň girdejisi maýa goýumlar jarnamasyna, degişlilikde, maýa gorunyň möçberini köpeltmek üçin gönükdirilip biler.

Maýa goýum kompaniýasy her bir özara gaznanyň öz emläginden aýratynlykda emläginiň barlygynyň we dolanyşygynyň hasabyny ýöredýär. Hususylaşdyrylan kagyzlary ýerleşdirýän gaznalar, 5 ýylyň dowamynda hususylaşdyrylan kagyzlar bilen amala aşyrylan ylalaşyklaryň ählisi barada resminamalary saklamalydyrlar.

Maýa goýum kompaniýasynyň batan ýagdaýynda, özara gaznanyň emlägine salynýan temmiler, esaslandyryjylardan başga, özara gaznanyň ähli gatnaşyjylary bilen özara hasaplaşyklardan soňra salnyp biler. Gaznanyň emlägi diňe auksionda ýerlenilýär. Satuwlardan alnan düşewüntler karz berijileriň talaplarynyň kanagatlandyrylmagyna gönükdirilýär. Mundan soňra galýan serişdeler, gatnaşyjylaryň arasynda maýa goýumlar sertifikatlarynyň sanyna barabar möçberlerde paýlanylýarlar.

Maýa goýum gaznalary we maýa goýum kompaniýalary aýratyn şahsy taraplaryň we edara görnüşli taraplaryň pul serişdelerini anyk taslamalara, maksatnamalara goýmak bilen durnukly girdejileri almaklyga niýetlenilýär. Munda bu girdeji diňe bir ähmiýetli serişdeleriň akkumulirlenmegine baglylykda ýüze çykman, eýsem, ilki bilen maýa goýum hadysalaryna gatnaşyjylarynyň ýokary hünärmenlik işleriniň hasabyna ýüze çykýar.

Maýa goýum gaznalarynyň we maýa goýum kompaniýalarynyň esasy wezipelerine maýa goýumlarynyň diwersifikasiýasy we maýa goýumlar portfelini dolandyrmak durýar, oňa dürli emitentleriň gymmat bahaly kagyzlary girýärler we gazna gurallarynyň beýleki görnüşleri girýärler. Ýagdaýa laýyklykda bu maliýe dellalçylary, maýa goýum serişdelerini pudaklara we kärhanalara gaýtadan paýlamak bilen, gymmat bahaly kagyzlary satyn almagy-satmagy amala aşyrýarlar. Muny amala aşyrmak üçin maýa goýum gaznalary we maýa goýum kompaniýalary ýöriteleşdirilen gurluşy-maýa goýum ýolbaşçysyny döredýärler, ol ýolbaşçy hökmünde – pul serişdelerine ygtyýar edýär, maýa goýumlaryň portfelini emele getirýär, maýa goýum, harytşynaslyk meseleleri boýunça wekil we maslahatçy bolup çykyş edýär.

Maýa goýum gaznalarynyň we maýa goýum kompaniýalarynyň gurluşynda köpsanly umumylyklar bar. Birinjiden – bu maliýe dellalçylary maýa goýum gaznalarynyň esaslandyryjylarynyň we gatnaşyjylarynyň bähbitlerinde olaryň hasabyna maýa goýumlar sertifikatlaryny goýbermegiň we gymmat bahaly kagyzlar bilen täjirçilik işlerini geçirmegiň üsti bilen bilelikde maýa goýumy amala aşyrýarlar. Ikinjiden – bilelikde maýa goýum maýa goýumlar gaznasynyň gatnaşyjylaryndan we maýa goýumlar kompaniýasynyň özara gaznasyndan çekilen serişdelerden peýdalanmagyň birmeňzeşliligini göz öňünde tutýar.

Maýa goýum kompaniýasynyň maýa goýum gaznasy bilen deňeşdirilende, kesgitli tapawutlary bolýar. Ilki bilen, onuň guramaçylyk gurluşy çylşyrymlyrak bolýar, ýagny maýa goýum kompaniýasyny döretmeklik, kompaniýanyň özüniň golçur kärhanalary bolup çykyş edýän özara gaznalarynyň döredilmegi bilen bolup geçýär. Mundan başga-da, kompaniýanyň maýa goruna has berk talaplary bolýar (maýa goýum kompaniýasy üçin iň pes maýa gory, maýa goýumlar gaznasynyňky bilen deňeşdirilende, 25 esse köp bolýar).

Maýa goýum gaznalarynyň we maýa goýum kompaniýalarynyň işleriniň netijeliligi – maýa goýumlar portfeliniň dolandyryjysynyň, menejerleriň, umuman kärhananyň işgärleriniň hünärmenlik derejesine, bilimlerine we başarnyklaryna bagly bolýar.

Beýleki institusion maýadarlar, ýagny ätiýaçlandyryjy kompaniýalar we pensiýa gaznalary üçin, maýa goýumlaşdyrmak işleriň esasy görnüşi bolup durmaýar. Gymmat bahaly kagyzlar bilen amallar bu maýadarlar üçin girdejileriň ýeke-täk çeşmesi bolup durmaýar, olar diňe maýa goýumyň serişdesi, ol onuň esasy işlerini üpjün edýär.

## 5.5. Gymmat kagyzlaryň düzüm bölekleri

Gymmat kagyzlar bazary maliýe bazarynyň bir bölegi bolmak bilen, häzirki zaman ykdysadyýetinde uly orun eýeleýär. Eýeçiligiň dürli görnüşleriniň, paýdarlar jemgyýetleriniň bolmagy, gymmat kagyzlary çykarmak ýoly bilen zerur serişdeleri çekmek mümkinçiligi makro we mikro derejelerde pul serişdelerini jemlemäge ýardam edýän gymmat kagyzlar bazarynyň üsti bilen pul toplanmalaryny gaýtadan paýlamagyň mehanizminiň döredilmegini şertlendirdi. Mundan başga-da, döwlet we munisipal býujetleriň gündelik we toplanan ýetmezçilikleriniň üstüni ýapmak üçin pul serişdelerini birleşdirmek gymmat kagyzlary emissiýa etmek arkaly amala aşyrylýar.

Gymmat bahaly kagyzlar bazary maliýe bazarynyň düzüm bölegi bolmak bilen ol kapitalyň bazary bilen pul bazarynyň arasyndaky orny eýeleýär. Gymmat bahaly kagyzlar bazarynyň aşakdaky wezipeleri bar:

– wagtlaýyn erkin maliýe serişdelerini jemlemek we olary anyk maýa goýum işlerine gönükdirmek;

– bazar infrastrukturasyny döretmek we ösdürmek;

– täze gymmat bahaly kagyzlary çykarmak we olaryň dolanyşygyny üpjün etmek;

– nyrh emele getiriş ulgamlaryny kämilleşdirmek;

– isleg bilen teklibiň deňeçerligini saklamak;

– maliýe bazaryny işeňňirleşdirmek;

– hümmetsizlenmäniň derejelerini peseltmek;

– hukuk-kada esaslaryny kämilleşdirmek;

– döwlet, birža kadalaşdyrylyşynyň esasynda gözegçiligi üpjün etmek;

– öz-özüni kadalaşdyrýan bazara gatnaşyjylarynyň işlerini düzgünleşdirýän guramalary kämilleşdirmek;

– bukja strategiýasyny işläp düzmek;

– maýa goýum töwekgelçiliklerini peseltmek;

– marketing işlerini alyp barmak.

Gymmat bahaly kagyzlar bazary maliýe bazaryna mahsus we özboluşly wezipeleri ýerine ýetirýär.

Umumy bazar wezipelerine aşakdakylar degişlidir:

1. Wagtlaýyn erkin maliýe serişdelerini toplamak we olary bazara gatnaşyjylaryň bähbitlerini we milli ykdysadyýetiň bähbitlerini göz öňünde tutup, maliýe serişdelerini bir ýere jemlemek;

2. Maliýe aktiwlerini (işeňňirlerini) ahyrky sarp edijilere ýetirmegi amala aşyrýan guramaçylyk wezipesi. Bu işler gymmat bahaly kagyzlary ýerleşdirmek maksady bilen dürli institutlary (banklar, biržalar, broker kontoralary, maýa goýum gaznalaryny we ş.m.) döretmek arkaly ýerine ýetirilýär.

3. Bazara gatnaşyjylar üçin düzgünleri kesgitlemek dolandyryjy we gözegçilik guramalarynyň bazara gatnaşyjylaryň arasyndaky jedelleri çözmegiň tertibini kesgitlemek boýunça kadalaşdyryş wezipeleri;

4. Bazara gatnaşyjy hukuk we şahsy taraplaryň bazaryň subýektleri bolmagy üçin, olaryň girdejilerini dolandyrmak ýa-da emläk hukuklaryny kesgitlemek boýunça höweslendiriş wezipesi;

5. Kanunçylyk namalarynyň ýerine ýetirilişine, söwdalaryň düzgünleriniň berjaý edilişine, bazara gatnaşyjylaryň etiki kadalarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik ediş wezipesi;

6. Gymmat bahaly kagyzlaryň bazar nyrhlaryň emele gelmegine, hereketine, isleg we teklibiň deňeçerligini üpjün etmek maksady bilen we olar boýunça geçirilýän amallara gözegçilik edýän nyrhlar wezipesi;

7. Söwdanyň obýekti we olara gatnaşyjylar baradaky maglumatlary bazaryň ykdysady subýektlerine ýetirýän maglumatlar wezipesi;

8. Gymmat bahaly kagyzlar bazara gatnaşyjylara amallardan girdejini üpjün edýän täjirçilik wezipesi.

Gymmat bahaly kagyzlar bazarynyň özboluşly wezipeleri aşakdakylardan ybarat:

**1. Gaýtadan paýlamak wezipesi.** Bu wezipe öz içinde aşakdakylary:

– pul serişdeleriniň pudaklaryň, sebitleriň, çäkleriň, döwletleriň, ilatyň toparlarynyň we gatlaklarynyň kärhanalarynyň we döwletleriň arasynda çalt gaýtadan paýlanylmagyny, süýşürintgileriň önümçilik däl görnüşden önümçilik görnüşine geçirilmegini öz içine alýar.

**2. Hasap wezipesi.** Bu wezipe aşakdaky borçnamalarda ýüze çykýar:

– bazarda aýlanýan dürli gymmat bahaly kagyzlaryň reýestrlerdäki hasabyny alyp barmak;

– ygtyýarlandyrmak arkaly gymmat bahaly kagyzlar bazaryna gatnaşyjylary hasaba almak;

– biržada geçirilýän amallaryň ýazgysyny geçirmek, alyp satmak, trast, konwertasiýa we beýleki şertnamalary resmileşdirmek.

**3. Fýuçers we opsion geleşiklerini düzmek arkaly nyrhlar we maliýe töwekgelçiliklerini ätiýaçlandyrmak wezipesi.**

**4. Dolanyşykdaky pul massasynyň möçberini kadalaşdyrmak maksady bilen öz wagtynda döwletiň bergi borçnamalaryny çykarmak we öçürmek bilen pul dolanyşygyna täsir etmek.**

**5. Dolanyşyga goşmaça pul serişdelerini goýbermezden döwlet býujetiniň ýetmezçiligini maliýeleşdirmek.**

**6. Ykdysadyýeti restrukturizasiýalaşdyrmakda hem-de hususylaşdyrmakda gymmat bahaly kagyzlary ulanmak.**

Dünýä tejribesinde gymmat bahaly kagyzlar bazarynyň üç modeli bellidir:

1. Bank däl modeli – bu ýerde dellal hökmünde gymmat bahaly kagyzlar boýunça bank däl kompaniýalar çykyş edýär. Şeýle model *ABŞ*-da hereket edýär;

2. Bank modeli – bu ýerde dellallar bolup, banklar çykyş edýär. Şeýle model Germaniýa üçin häsiýetlidir;

3. Garyşyk modeli – bu ýerde dellallar bolup, banklar şeýle hem bank däl kompaniýalar çykyş edýär. Bu model Ýaponiýada we Russiýa Federasiýasynda hereket edýär.

Dünýäde maliýe bazarlarynda gymmat kagyzlaryň görnüşleri örän köpdürli bolup, olary ol ýa-da beýleki alamat boýunça toparlara bölmek kabul edilendir. Gymmat kagyzlary **emitentler, dolanyşyk wagty, girdejini tölemegiň usuly, ykdysady tebigaty, töwekgelçilik derejesi, çäkler** we ş.m. boýunça düzüm böleklere bölýärler.

Gymmat kagyzlaryň esasy emitentleri **hususy sektor, döwlet we daşary ýurtly subýektler** bolup durýar; şol sebäbe görä **emitentler boýunça** gymmat kagyzlar *hususy*, *döwlet* we *halkara gymmatly kagyzlary* diýip bölünýär, olar hem öz gezeginde kiçi toparlara bölünýärler.

**Hususy** gymmat kagyzlary maliýe däl korporasiýalar we karz maliýe institutlary (banklar, ätiýaçlandyryş we maýa goýum kompaniýalary we beýlekiler ) çykýarlar.

**Döwletiň** gymmat kagyzlary merkezi hökümet tarapyndan hem, ýerli häkimiýet edaralary tarapyndan hem çykarylýar.

**Halkara** gymmat kagyzlar **emitentler, walýuta, dolanyşyk möhletleri we ş.m.** boýunça tapawutlanýar.

Gymmat kagyzlaryň eýeleriniň öňünde olara berkidilen hukuklary amala aşyrmak boýunça borçnamalary öz adyndan alyp barýan kanuny tarap ýa-da ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edarasy ýa-da öz-özüňi dolandyryş edaralary gymmatly kagyzlaryň emitenti bolup biler.

Gymmat kagyzlar olara bolan hukuklaryň geçişine we bu hukuklaryň amala aşyrylyşyna baglylykda atly we görkezene bermek şertli gymmat kagyzlara bölünýär. Atly emission gymmat kagyzlar bellibir eýä ýazylyp berilýär, bu eýe baradaky maglumat emitente gymmat kagyzlaryň eýeleriniň sanawy görnüşinde elýeterli bolmalydyr. Atly gymmat kagyzlara bolan hukuklaryň geçmegi we olarda bellenen hukuklaryň amala aşyrylmagy onuň eýesiniň hökmany suratda identifikasiýa edilmegini talap edýär.

**Görkezene bermek** şertli emission gymmat kagyzlar hukuklary ýerine ýetirmek üçin eýäniň identifikasiýa edilmegini talap etmeýär we bu gymmat kagyz bilen tassyklanan hukuklar beýleki şahsa ýöne gowşurmak ýoly bilen berilýär.

**Resminamalaýyn we resminamalaýyn däl** gymmat kagyzlar tapawutlandyrylýar. Häzirki wagtda gymmat kagyzlar, esasan, magnit ýa-da beýleki maglumat göterijilerde alnyp barylýan hasaplardaky ýazgylar görnüşinde bolýar. Şunuň ýaly gymmatlyk agyzlar bilen geleşikler amala aşyrylanda (olar satyn alnanda) onuň eýesine satyn alnan gymmat kagyzlara eýelik hukugyny tassyklaýan sertifikat berilýär.

Amallar geçirilende, eýesiniň gymmatly kagyzlara bolan hukuklarynyň we bu hukuklary tassyklamagyň tertibini dürli-dürli bolýandygy bilen baglylykda gymmat kagyzlaryň **paýly kagyzlar, bergi kagyzlary** we **döredilen** görnüşleri bolýar.

Döredilen gymmat kagyzlaryň nusgawy (klassiki) görnüşlerini we maliýe gurallaryny aşakdaky tablisalarda *(5.1 – 5.2-nji çyzgylar)* hem-de çyzgylarda *(5.1 – 5.2-nji tablisalar)* görkezip bolar.

**Gymmat kagyzlaryň düzüm bölekleri**
**nusgawy** (klassiki) **gymmat bahaly kagyzlaryň önümleri we maliýe gurallary**




*5.1-nji çyzgy*

**Paýnamalaryň görnüşleri**




*5.2-nji çyzgy*

*5.1-nji tablisa*

**Maýadaryň paýdarlar jemgyýetinde eýeleýän aksiýasynyň möçberine baglylykda berilýän hukuklar**

| **Maýadaryň paýy, % hasabynda** | **Maýadaryň hukugy** |
|---|---|
| 1 | 2 |
| 1 aksiýa | – Özüne degişli mesele boýunça paýdarlaryň ýygnagyna ses hukugy bilen gatnaşmak;<br>– Diwidendleri almak;<br>– Paýdarlaryň jemgyýetiniň ýapylan ýagdaýynda özüne degişli emläkleri almaga |

| 1 | 2 |
|---|---|
| 1% | – Paýdarlar jemgyýetiniň maglumatlary bilen tanyşmaga;<br>– Paýdarlaryň direktorlar geňeşiniň agzalaryny talap arzasy bilen kazyýete bermäge |
| 2% | – Paýdarlaryň umumy ýygnagynyň gün tertibine iki sany teklip bermäge;<br>– Jemgyýetiň direktorlar geňeşine we derňew toparyna dalaşgär hödürlemäge |
| 10% | – Paýdarlaryň nobatdan daşary umumy ýygnagyny çagyrmagy talap etmäge;<br>– Paýdarlaryň umumy ýygnagyna gatnaşyjylaryň sanawy bilen tanyşmaga;<br>– Paýdarlar jemgyýetiniň maliýe-hojalyk işine derňew-barlag geçirmegi talap etmäge |
| 25%+1 aksiýa | – Uly geleşikleri baglaşmak, jemgyýeti ýapmak we üýtgedip gurmak, ustawy üýtgetmek bilen baglanyşykly meseleleri gaýtarmaga |
| 30%+1 aksiýa | – Geçmedik paýdarlaryň umumy ýygnagyna derek täze umumy ýygnagyny geçirmek |
| 50%+1 aksiýa | – Paýdarlaryň umumy ýygnagyny geçirmek;<br>– Paýdarlaryň umumy ýygnagynda kabul edilýän çözgütleri kabul etmäge |
| 75%+1 aksiýa | – Paýdarlar jemgyýetine doly gözegçilik etmäge;<br>– Ustawy üýtgetmäge;<br>– Jemgyýeti ýapmaga we üýtgedip gurmaga;<br>– Uly möçberdäki geleşikleri baglaşmaga |

Tablisadan görnüşi ýaly, strategiki möhüm çözgütlere täsir etmek üçin maýadarlar ýeterlik mukdarda köp aksiýalary edinmäge gyzyklanma bildirýärler.

*5.2-nji tablisa*

**Aýry-aýry gymmat bahaly kagyzlaryň häsiýetnamasy we dolandyryş mümkinçilikleri**

| **Gymmat bahaly kagyzlaryň görnüşleri** | **Dolandyryş wezipeleri** | **Maýa goýumyň hilleri** |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| Döwlet hazyna borçnamalary | – Salgyt bergilerini sazlamaklyk | – Borçnamalaryň gymmatyna deň möçberde salgytdan boşatmak;<br>– Goýumlaryň döwlet kepillikleri |
| Gysga möhletli döwlet obligasiýalary | – Maýa goýumyň goraglylygy;<br>– Maýa goýumyň artmagy | – Pes töwekgelçilik;<br>– Durnukly düşewüntlilik;<br>– Döwlet goýumlarynyň ygtybarlygy we howpsuzlygy;<br>– Ýokary likwidlilik |
| Hökümet (munisipial) obligasiýalary | – Maýa goýum taslamalaryna gatnaşmak;<br>– Maýa goýumyň goraglylygy;<br>– Girdeji gazanmak | – Kepillendirilen düşewüntlilik;<br>– Likwidlilik;<br>– Ygtybarlygy üpjün etmek;<br>– Goýumlaryň howpsuzlygyny munisipalitenini üpjün etmek |
| Ýönekeý paýnamalar | – Jemgyýetçilik ýygnaklarynda ses berýän paýnamalary jemgyýetçilik ýoly bilen dolandyrmak hukugy;<br>– Girdejini paýlamak hukugy;<br>– Diwident almak hukugy;<br>– Paýdarlar jemgyýeti ýatyrylanda eýeçiligiň bir bölegini almaga hukugy | – Ygtybarlylyk;<br>– Işjeň aktiwlikde, maliýe durnuklylygynda, tölege ukyplylykda we paýdarlar jemgyýeti ýatyrylanda pes töwekgelçilik;<br>– Az kapitalyň gatnaşmagynda, harytlary we hyzmatlary ýerlemeklik artanda, bar bolan serişdeleriň ulanylyşynyň effektiwligi ýeterlikli bolanda düşewüntlilik;<br>– Zerur bolanda konwertirlen-mä ukyplylyk |

*5.2-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| Höweslendirilen paýnamalar | – Kesgitlenilen diwidendleri almaklyk hukugy;<br>– Ýatyrylanda, emlägiň bir bölegini birinji bolup almaklyga hukugy;<br>– Diwidendleri tölemeklige degişli ýygnaklarda ses bermeklige hukugy;<br>– Goşulýan diwidendleri girdeji bolmadyk ýagdaýynda toplamak we olary almaklyk hukugy | – Durnuklylyk;<br>– Konwertasiýa ukyplylyk;<br>– Diwidendleriň pulunyň tölenmekliginiň belliligi;<br>– Pes töwekgelçilik |
| Korporatiw obligasiýalar | – Kapitaly saklamaklyk üçin karz almak;<br>– Obligasiýanyň eýesiniň obligasiýany almagy;<br>– Karzlaşdyrmak;<br>– Maýa goýumlary çekmek;<br>– Emitent üçin wagtyndan öň bergi borçnamalaryny tölemekligi dolandyrmak | – Ýokary likwidlilik;<br>– Ätiýaçlyk we töleg gaznalarynyň emissiýa döwründe formirlenmeginiň hasabyna ygtybarlyk we howpsuzlyk;<br>– Gyssaglylyk;<br>– Orta töwekgelçilik |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| Depozit sertifikatlary | – Şertnama esasynda wagtlaýyn erkin pul (maliýe) serişdeleriniň maýa goýuma hukugy;<br>– Bir adamdan beýlekä bermeklik hukugynyň bolmagy | – Düşewüntliligiň kesgitlenilen derejesi;<br>– Gyssaglylyk;<br>– Yzyna gaýtarmaklyk;<br>– Ýokary likwidlilik;<br>– Durnukly düşewüntlilik;<br>– Bank kepillendirmesiniň kesgitlenen ölçegi |
| Wekseller | – Bergini üzmekligi azaltmaklyk mümkinçiligi;<br>– Üznüksiz haryt aýlanyşygynyň we önümçilik prosesiniň kärhanalaryny üpjün etmek;<br>– Resurslar çäklendirilende, tölege ukyplylygy artdyrýar;<br>– Döwlete bagly bolmadyk emissiýa edilmeýän gymmat bahaly kagyzlaryň erkin goýberilmesi | – Ýokary likwidlilik;<br>– Pes düşewüntlilik;<br>– Çäklendirilen töwekgelçilik;<br>– Ygtybarlylyk emitentiň maliýe ukyplylygyna bagly;<br>– Korporatiw wekseller, pul görnüşindäkisinden başgasy, haryt galyplygy bolýarlar;<br>– Bank goýumlary wekselleri saklaýjylara tölemekligi kepillendirýär;<br>– Başga weksellere, gymmatly baha kagyzlara we eýeçiligiň beýleki görnüşlerine konwertirlemeklik |
| Çekler | – Pul aýlanyşygynyň tizligini ýokarlandyrmak;<br>– Haryt aýlanyşygyny tizleşdirmek;<br>– Çek beriji gatnaşmazdan hasaplaşyk geçmek | – Düşewüntlilik;<br>– Absolýut likwidlilik;<br>– Bank kepilligi;<br>– Ulanyş möhletini kesgitlemeklik |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| Fýuçer şertnamalary | – Kesgitlenilen bazis nyrhlaryny guramaklyk;<br>– Kesgitlenilen girdejileriň (çykdajylaryň) bolmagy;<br>– Haryt aýlanyşygyny dolandyrmak;<br>– Walýuta aýlanyşygyny dolandyrmak | Ýokary düşewüntlilik;<br>– Ýokary töwekgelçilik;<br>– Orta likwidlilik;<br>– Konwertirlemegiň uly bolmadyk derejesi;<br>– Ygtybarlylyk;<br>– Howpsuzlyk |
| Opsionlar | – Maliýe aýlanyşygyny çaklamak we dolandyrmak;<br>– Pul aýlanyşygyny çaklamak we dolandyrmak;<br>– Haryt aýlanyşygyny çaklamak we dolandyrmak | Eýäniň hukuklary:<br>– Satyn almaklyk;<br>– Paýnamalary, obligasiýalary we beýleki gymmatly baha kagyzlary satmaklyk |

## 5.6. Gymmat bahaly kagyzlaryň girdejililigi

Tejribede serişdeleriň maýa goýumlaşdyrmak baradaky çözgüt, goýumlaryň netijeliliginiň nukdaý nazaryndan seljerişden geçirilmeli, ony ol ýa-da beýleki amalyň girdejililigini öwrenmegiň ýoly bilen kesgitläp bolýar.

Girdejililik diýlip, maliýe serişdeleriniň goýulmagyndan alynýan girdejiniň ulylygyna düşünilýär, ýagny girdejiniň alnan şu jeminden çykdajylar bilen deňeşdirilen, aktiwleri karzyna almakdan alynýan girdejilere düşünilýär.

Umumy görnüşde girdejililik otnositel görkeziji bolup, ol öz ýanyndan, çykdajylaryň birligine düşýän girdeji hökmünde hasaplanylýar. Ol şu aşakdaky 4.1-nji formula boýunça hasaplanylýar:

$$D = (d/z) \times k \times 100, \qquad (4.1)$$

bu ýerde $D$ – amallaryň girdejililigi (%) $d$ – maliýe guralynyň eýesi tarapyndan alynýan girdeji, $z$ – ony satyn almak üçin çykarylan çykdajylar, $k$ – wagtyň berlen interwalynda girdejililigi gaýtadan hasaplaýan koeffisiýenti 4.2-nji formula esasynda kesgitlenilýär:

$$K = DT \times D_t, \qquad (4.2)$$

bu ýerde $DT$ – girdejililigiň gaýtadan hasaplanylýan wagtynyň interwaly, $D_t$ – girdejiniň alnan wagtynyň interwaly.

***Obligasiýanyň girdejililigi*** gündelik we doly ýa-da ahyrky girdejililik bilen ölçenilýär.

Gündelik girdejililik goýlan maýa goýumy üçin tölenilýän ýyllyk göterimini häsiýetlendirýär, ýagny obligasiýanyň satyn alnan pursadynda tölenilen jemine tölenilýän göterimleri häsiýetlendirýär. Gündelik girdejililik 4.3-nji formula boýunça hasaplanylýar:

$$D_{günd.} = (R/P_{bazar}) \times 100\%, \qquad (4.3)$$

bu ýerde $R$ – bir ýylda tölenilen göterimleriň jemi (manat), $P_{bazar}$ – onuň satyn alnan bahasy boýunça obligasiýanyň kurslaýyn bahasy (manat).

Obligasiýanyň gündelik girdejililigi obligasiýanyň iň ýönekeý häsiýetnamasy bolup durýar. Emma bu görkeziji girdejiniň ýene bir çeşmesini görkezmeýär – oňa eýelik edilýän döwürde obligasiýanyň bahasynyň üýtgeşmelerini görkezmeýär. Şol sebäpden hem nol kuponly obligasiýalar boýunça gündelik girdejililik nola deň bolýar. Girdejiniň iki çeşmesi hem ahyrky ýa-da doly girdejililigiň görkezijisinde görkezilýärler, ol bu obligasiýany satyn almak üçin çykdajylaryň birligine düşýän obligasiýa boýunça doly girdejini häsiýetlendirýär. Ahyrky girdejililigiň görkezijisi (ýa-da doly girdejililigiň) 4.4-nji formula boýunça hasaplanylýar:

$$D_{gird} = (R_{jem} + d)/(P_{bazar} \times t) \times 100\%, \tag{4.4}$$

bu ýerde $R_{jem}$ – obligasiýanyň dolanyşykda bolan ähli ýyllaryndaky jemi girdeji (*manat)*, *d* – obligasiýanyň diskonty *(manat*), $P_{bazar}$ – ol boýunça satyn alnan obligasiýanyň kurslaýyn bahasy (manat), *t* – maýadaryň obligasiýalara eýelik eden döwri (*ýyl)*.

**Paýnamalaryň girdejililigi.** Paýnamalara maýa goýumlar maliýe maýa goýumlarynyň görnüşleriniň biri bolup, girdeji almak maksady bilen maliýe aktiwlerine pullary goýulmagyndan ybaratdyr. Paýnamalary satyn almak bilen, maýadar öz goýumlaryndan girdejileri almagy göz öňünde tutýar. Şu ýagdaýda girdeji iki sany düzümden ybarat bolup, diwidendden we kurslaýyn bahasynyň ösmeginden durýar. Bu düzüm birliklerine baha bermek maýadar tarapyndan öňki ýyllarda diwidendleri tölemegiň dinamikasynyň seljermesinden, kurslaýyn bahasynyň üýtgeşmeleriniň dinamikasyndan we firmany ösdürmegiň çaklamalaryndan ugur alyp geçirilýär.

Paýnamanyň getirýän girdejisi kesgitlenilende, gündelik we doly girdejililigi tapawutlandyrmak zerurdyr.

Diwidendli girdejililik, paýnamanyň nyrhyna degişli edilen ýyllyk diwidendleriniň möçberi (*d*) bilen häsiýetlendirilýär we 4.5-nji formula boýunça kesgitlenilýär:

$$D_g = (d / P_o) \times 100\%. \tag{4.5}$$

Emma alynýan diwidendler – bu diňe paýnamalara eýelik etmekden alynýan girdejiniň bir bölegidir. Girdejiniň köp bölegi paýnamalaryň kurslaýyn bahasynyň ösmeginden ybarat bolýar. Şol sebäpden hem, maýadar öz serişdelerini paýnamalara goýmak bilen, diňe bir gündelik girdejini almaga umyt etmeýär-de, eýsem, paýnamalaryň kurslaýyn bahasynyň ösmegini nazara alýan, jemleýji girdejini almaga hem garaşýar.

Doly girdejililik tölenilýän diwidendleriň ölçegi bilen häsiýetlenýär we goýlan maýa babatda paýnamanyň nyrhynyň ösmegi bilen häsiýetlenýär we şu aşakdaky 4.6-njy formula boýunça kesgitlenilýär:

$$D_p = (d + (P_1 - P_0)) / P_0 \times 100\%, \tag{4.6}$$

bu ýerde $d$ – paýnama eýelik edilýän döwürde alnan diwidendleriň ululygy, $P_1$ – paýnamanyň kursly bahasy (gündelik bazar nyrhy), $P_0$ – paýnamanyň satyn alnan nyrhy.

Gysga möhletli amallardan doly girdejililik 4.7-nji formula boýunça kesgitlenilýär:

$$r = (D_t/D - 1)\times(360/\text{t}), \qquad (4.7)$$

bu ýerde $r$ – hasabat döwründe paýnamanyň girdejililigi, $t$ – paýnama eýelik edilýän günleriň sany, $D_t$ – paýnamanyň hasabat döwrüniň soňundaky bahasy, $D$ – paýnamanyň hasabat döwrüniň başyndaky bahasy.

Bu formula arkaly maýadar tarapyndan diwidendler görnüşinde alnan jemler hasaplanylýar, çünki diwidend tölegleri onuň paýnamalara eýelik edýän döwründe amala aşyrylyp bilner.

Paýnamalar üçin goýumlar düzgün bolşy ýaly, uzakmöhletli häsiýeti bolýar, çünki girdejileri almak paýnamalaryň kursunyň bahasynyň ösmegi bilen baglanyşyklydyr.

Aşakdaky 4.8-nji formula esasynda maýa goýum taslamasyna goýlan paýnamanyň birnäçe ýyldan soňra girdejililigini kesgitlemäge mümkinçilik berýär:

$$r = \sqrt[3]{\frac{Gn}{G}} - 1, \qquad (4.8)$$

bu ýerde $r$ – hasaplanan ýylda paýnamanyň girdejiligi, $Gn$ – bu $n$ ýyldan soňra paýnamany maýa goýum taslamasyna goýmakdan alnan girdeji, $G$ – paýnamanyň başlangyç bahasy.

**1-nji mesele.** Maýadar 100 müň *manada* barabar möçberinde paýnamany maýa goýum taslamasyna goýmak bilen 3 ýyldan soňra 250 000 *manat* möçberinde girdeji gazandy. Paýnamanyň ortaça ýyllyk girdejisi 4.8-nji formula laýyklykda şu görnüşde hasaplanylýar:

$$r = \sqrt[3]{\frac{Gn}{G}} - 1 = \sqrt[3]{\frac{250000}{100000}} - 1 = 0{,}2011 \text{ ýa-da } 20{,}11\%.$$

**Netije.** Maýadaryň 100 müň manada barabar möçberinde paýnamany maýa goýum taslamasyna goýmagy bilen 3 ýyldan soňra

250 000 *manat* möçberinde girdeji gazanan bolsa, paýnamanyň ortaça ýyllyk girdejisi 20,11% möçberinde diýlip hasaplanyldy.

Paýnamalaryň girdejiligine täsir edýän esasy faktorlara şu aşakdakylary:

– diwidend tölegleriniň möçberini;

– bazar nyrhlarynyň üýtgeşmelerini;

– puluň hümmetsizlenmeginiň derejesini;

– ýurtdaky salgytlaryň derejesini degişli edip bolýar.

Şeýlelikde, paýnamalaryň girdejiligi otnositel görkeziji bolmak bilen ol alnan girdejisiniň, maýadaryň olary satyn alan wagtyndaky çykdajylaryna bolan gatnaşygyny häsiýetlendirýär.

10. Sargyt № 995

# VI bap AGROSENAGAT TOPLUMYNA MAÝA GOÝUMLAR

## 6.1. Ýurdumyzda agrosenagat toplumynyň ösüşi

Milli ykdysadyýetimiziň tiz ösýän we özgerýän pudaklarynyň ýene-de biri agrosenagat toplumydyr. Ýurdumyzyň ilatyny ýokary hilli azyk önümleri, milli senagaty bolsa oba hojalyk çig maly bilen bolelin üpjün etmegi maksat edinýän bu toplumyň işi durnukly ilerleýär. Ýurtda munuň üçin zerur bolan şertleriň, şol sanda ýokary öndürijilikli ekerançylyk ýerleriniň uly gorunyň bardygyny bellemek gerek.

Soňky ýyllaryň içinde täze ekerançylyk meýdanlaryny özleşdirmek, emeli suw akabalaryny, zeýkeşleri, hojalygara awtoulag ýollaryny gurmak boýunça düýpli işler durmuşa geçirildi.

Türkmenistanda ekerançylyk pudaklaryny ilerleýji gadamlar bilen ösdürmäge giň mümkinçilikler bar. Garaşsyzlyk ýyllary içinde ýurdumyzyň ilatyny özümizde ösdürilip ýetişdirilen galla bilen doly üpjün etmek meselesi üstünlikli çözüldi. Häzirki wagtda ýurdumyzda ýylyň-ýylynda öndürilýän guşgursak bugdaýyň 1 million tonnasy ilatyň bu önüme bolan isleglerini artykmajy bilen kanagatlandyrmaga doly mümkinçilik berýär. Gök we bakja önümleriniň, üzümiň, miweleriň we ir-iýmişleriň bol hasyly ösdürilip ýetişdirilýär. Mallaryň we guşlaryň baş sany artdyrylýar, maldarçylyk pudagynyň esasy bölegi hususy eýeçilige degişlidir.

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň durnukly ösmegi üçin ähmiýeti uly bolan oba hojalyk toplumy iri maýa goýumlaryny gönükdirmegi ileri tutulýan ugurlarynyň biri hasaplanýar, çünki azyk howpsuzlygyny berjaý etmek işine saldamly goşant goşýan oba zähmetkeşleri ýurdumyzyň ilatynyň ýarysyndan gowrak bölegini tutýar.

Türkmenistanda oba hojalyk önümlerini öndürijileriň işini özara utgaşdyrmak, şol esasda kärendeçilik we assosiasiýalar, paýdarlar

jemgyýetleri görnüşindäki birleşmeleriň döredilmegi giň gerime eýe bolýar. Agrar sektorynda alnyp barylýan giň möçberli özgertmeleriň netijesinde ýurdumyzda daýhan birleşikleriniň 600-üsi, gurply daýhan hojalyklarynyň 1700-üsi döredildi.

Oba hojalyk önümlerini öndürijilere giň möçberli ýeňillikler, şol sanda ýerleri ýer eýelerine uzakmöhletleýin berkitmek, salgytlardan doly boşatmak we beýleki amatlyklar berilýär. Oba ilatyna tehnikadan peýdalanmakda, ýokary hilli tohumlary we dökünleri almakda berilýän 50 göterimlik ýeňillikler hem işiň netijeliliginiň artmagyna ýardam berýär.

Pudakda suw tygşytlaýjy tilsimatlary giňden ornaşdyrmaga uly üns berilýär. Suwarmagyň howa-damjalaýyn usuly, şeýle-de, joýalara suwuň ýörite turbalaryň, akabalaryň hem pürküjileriň üsti bilen eltilmegi mele suwuň aýawly peýdalanylmagyna ýardam berýär. Ýokary tehnologiýaly suwaryjy enjamlaryň önümçiligi Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda, şeýle-de, poletilen turbalaryny çykarmaga ýöriteleşdirilen zawodda ýola goýuldy.

Üstünlikli durmuşa geçirilýän bu çäreleriň netijesinde soňky ýyllaryň dowamynda ýurdumyzyň bu önümlere bolan isleglerininiň köp bölegini ýerli serişdeleriň hasabyna kanagatlandyrmaga mümkinçilik döredi. Döwlet we hususy eýeçiligiň arasynda ýola goýlan partnýorçylyk gatnaşyklary iri oba hojalyk toplumlarynyň we fermalarynyň döremegine getirýär. Guşçulyk pudagynda bu öňegidişlikler has hem aýdyň görünýär. Munuň netijesinde eýýäm ýakyn geljekde ýurdumyzyň ilatyny özümizde öndürilen ýokary hilli guş eti we ýumurtga bilen doly üpjün etmäge mümkinçilik peýda bolar. Maldarçylyk pudagynyň beýleki ugurlarynyň, şol sanda balyk hojalygynyň binýadyny berkden tutmak maksadyna gönükdirilen çäreleriň toplumlaýyn maksatnamasy bellenildi.

Amatly tebigy şertler we zähmet gorlarynyň bolçulygy, suwaryş suwlary bilen üpjün edilen ýagdaýynda ýurdumyzy gülläp ösýän bag-bossanlyga öwürmäge giň mümkinçilik döredýär. Miwe, gök-bakja we gök önümleriň bol hasylynyň ýetişdirilmegi geljekde hyrydary ýetik bolan bu önümleriň goňşy döwletlere iberilmegine ýol açar. Türk-

menistanda öndürilen oba hojalyk önümleri özüniň ekologiýa taýdan arassalygy hem ýokary hili bilen tapawutlanýar we dünýä bazarynda soragly haryt bolmagynda galýar.

Türkmenistanyň subtropik guşaklygynyň tebigy-howa şertleri zeýtunyň, naryň, injiriň, igdäniň, miweleriň we üzümiň birnäçe görnüşiniň, şeýle-de, inçe süýümli gowaçanyň gymmatly sortlarynyň bol hasylyny ýetişdirmäge mümkinçilik berýär.

Oba hojalygyny we onuň bilen bagly pudaklary ösdürmek boýunça bellenilen bu we beýleki çäreleriň geriminiň geljekde has-da giňeldilmegi Türkmenistanyň azyk garaşsyzlygyny pugtalandyryp, ýurduň eksport potensialyny artdyrmaga ýardam berer. Bu bolsa, öz gezeginde agrosenagat toplumynyň öndürýän önümleriniň içerki we daşarky bazarlarda ýokary islegden peýdalanýan harytlary öndürýän pudaklaryň öňdebaryjy depginleri bilen ösdürilmegine tizlik beriji bolup çykyş eder.

## 6.2. Agrosenagat toplumyna maýa goýumlary we ony çekmekligiň esasy ugurlary we çeşmeleri

Oba hojalygy haýsy ykdysadyýet hem bolsa onuň esasyny döredýän şahasydyr, ýagny ilki bilen ol az girdejili bolýar we maýa goýumlar üçin az özüne çekiji bolýar, emma oba hojalygynyň ösüşine ähli ykdysadyýetiň ösüşi hem bagly bolýar. Şol sebäpden oba hojalygyna maýa goýumlar, biziň ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösmeginiň esasy ulgamy bolup durýar.

Maýa goýum işleriniň işjeňleşdirilmegi oba hojalygyny has çuň çökgünlikden çykarmagyň esasy şerti bolup durman, eýsem, onuň geljekki ösüşi üçin wajyp kesgitleýji şerti hem bolýar. Diňe bir institusional üýtgeşmeleriň usuly bilen obada köpçülikleýin gurluşyny özgertmek talap edildi, bu bolsa agrar özgertmeleriniň başlangyç döwründe gymmatlyk bolup durman, eýsem, agrar ulgamyna iri möçberde maýa goýumlaryny çekmekden ybaratdyr. Agrosenagat toplumynyň ähli ulgamlary we pudaklary diýen ýaly muňa ýiti mätäçlik çekýärler, goý, ol oba hojalygy bolsun, gaýtadan işleýän industriýa bolsun ýa-da

obanyň ýaşaýyş ulgamy bolsun, ählisi mätäçlik çekýärler. Şol sebäpden hem agrar ulgamyna maýa goýumlarynyň köpçülikleýin gelip gowuşmagy üçin başlangyçlary döretmek döwlet agrar syýasatynyň strategiýasynyň wajyp meselesidir.

Bu ähmiýetli derejede, oba hojalygynyň ýöriteleşmegini nazara alýan hojalygy alyp barmagyň bazar ulgamyna meňzeş gelýän täze ykdysady mehanizmini ornaşdyrmagyň ýoly bilen gazanyp bolar. Öndürijilik çökgünliginiň bolmagy we bazar gatnaşyklarynyň emele gelmegi maýa goýumlar işleriniň düzgünleşdirilmeginde ýurduň ähmiýetini ýokarlandyrmagyň zerurlygyny şertlendirýär.

Muňa garamazdan, bazar ykdysadyýetine geçilýän şertinde ykdysadyýetde ýurduň täsiri peselýär. Şol sebäpden, maýa goýumlar syýasatyny işläp taýýarlamak we onuň işjeň geçirilmegi döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmäniň wajyp ugry hökmünde galmagy hökmandyr. Agrosenagat toplumy ulgamynda maýa goýumlar syýasaty ykdysadyýetiň gurluşyny üýtgedilmeginiň şu aşakdaky wezipelerine boýun egmelidir:

– toplumyň ähli pudaklarynyň balanslaşdyrylan we sazlaşykly ösmeginiň üpjün edilmegine;

– önümçilik potensialynyň täzelenilmegine;

– tejribä ylmy-tehniki ösüşiň gazananlarynyň ornaşdyrylmagynyň binýadynda onuň ulanylmagynyň netijeliliginiň ýokarlandyrylmagyna;

– serişdeleri tygşytlaýjy tehnologiýalaryň özleşdirilmegine;

– önümçiligiň modernizasiýalaşdyrylmagyna we rekonstruksiýasyna.

Bazar gatnaşyklarynyň şertlerinde hökümet ylmy taýdan esaslandyrylan nyrhlary üpjün etmek usuly bilen maýa goýumlar hadysasyna düzgünleşdiriji şu aşakdaky täsirlerini ýetirmelidir:

– çeýe karz, salgyt we amortizasiýa syýasatyny goldamalydyr;

– lizingiň mümkinçilikleriniň giňeldilmegine;

– telekeçilik işlerini höweslendirmäge we hususylaşdyrmakda maýadarlara ýeňillikleriň berilmegine;

– maksatlaýyn döwlet maliýeleşdirilmesine, maýa goýmagyň ileri tutulýan ugurlarynyň bölünip berilmegine;

– maýa goýumlarynyň indikatiw meýilnamalarynyň taýýarlanylmagyna goldaw bermelidir.

Adaty öndürijilik hadysasyny durmuşa geçirmek üçin kärhanalaryň maýa goýum serişdelerini yzyna gaýtarmak talap edilýär. Şol sebäpli olaryň hususy çeşmeleriniň ähmiýetini ýokarlandyrmak gerek. Bu oba hojalyk önümlerine nyrhlaryň disparitetiniň aradan aýrylan ýagdaýynda bolup biler we bu olar tarapyndan sarp edilýän maddy-tehniki serişdeleri bolar, salgytlaryň basyşyny azaltmakda, bergileriň restrukturizasiýasynda, şol sanda olaryň hasapdan öçürilmegini we yza süýşürilmegini goşup, aradan aýryp bolar.

Şeýle hem:

– esasy gaznalaryň we amortizasiýa geçirmeleriniň dikledilýän bahasynyň indeksasiýasyny yzygiderli geçirmek;

– çaltlaşdyrylan amortizasiýany işjeň ulanmaklyk;

– amortizasiýa gaznasynyň serişdelerini saklamagyň we harçlamagyň ýörite düzgünini girizmek bilen amortizasiýa syýasatyny herekete girizmek bilen agrosenagat toplumynyň ösüşine itergi bermek mümkindir.

Agrar ulgamynda dowam edýän şertlerde, diňe bir höweslendiriji çäreleri ornaşdyrmak usuly bilen has işjeň döwlet düzgünleşdirmesiniň zerurlygy däl-de, eýsem, maýany göni goýmagyň ýoly bilen hem işjeňleşdirmek zerurlygy saklanyp galýar.

Döwletiň serişdeleri bularyň hemmesinden öňde, obada tehniki binýadynyň dikeldilmegine gönükdirilmelidir. Olar bolsa şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– maksatnamalarda göz öňünde tutulan ozal başlanan taslamalar boýunça gurluşygy tamamlamak;

– oba hojalyk ylmynyň, tohumçylygyň, mallaryň tohumçylyk işleriniň maddy-tehniki binýadyny berkitmek, şeýle hem oba hojalygynda, gaýtadan işleýän pudaklarda saklaýyş bazalarynyň maddy-tehniki binýadyny berkitmekden;

– obada ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygyndan;

– ownuk telekeçiligi goldamakdan;

– şahsy maýadarlaryň işjeňliginiň has pes boljak işleriň ugurlaryny maliýeleşdirmekden;

– awariýalaryň, tebigy betbagtçylyklaryň, ekologiki howplaryň netijelerini ýok etmeklik, önümçiligiň ekologiki abatlygyny saklaýan obýektleri we ulgamlary döretmekden.

Oba hojalyk karzlarynyň ýöriteleşdirilen ulgamlarynyň ugurlarynyň biri hökmünde lizingi döwlet tarapyndan goldamak maksadalaýyk bolýar. Oba hojalyk önümlerini öndürijileri we azyk önümlerini öndürijileri döwlet tarapyndan maliýeleşdirmekde maksatlaýyn gaznalarynyň ornuny ýokary galdyrmak, maksatlaýyn karzlar ugruny işjeň ulanmak, maliýeleşdirmegiň ýerli çeşmelerini mobilizasiýa etmekde döwlet tarapyndan goldamak maksada laýykdyr.

Häzirki tapgyrda maldarçylyk fermalarynyň we toplumlarynyň tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmagy we durkunyň täzelemegi, şeýle hem tehniki parky has täze maşynlar bilen täzelemegi ýerine ýetirmeklik örän wajyp bolup durýar.

Maýa goýumlar syýasatyny has ýakyn ýyllarda şu aşakdaky düzgünleriň binýadynda amala aşyrmak zerurdyr:

– maýa goýumlar hadysasyny yzygiderli desentralizasiýa etmegiň ýoly bilen, kärhanalaryň hususy serişdeleriniň maýa goýumlaryň umumy göwrüminde paýyny ýokarlandyrmak, maýa goýumlary maliýeleşdirmegiň çeşmeleriniň biri hökmünde amortizasiýa geçirmeleriniň ähmiýetini ýokarlandyrmagyň ýoly bilen;

– bäsleşik binýadynda döwlet maýa goýumlaryny önümçilik maksatlaryna ýerleşdirmegiň ýoly bilen;

– taslamalaryň bilelikde döwlet-täjirçilik maliýeleşdirilmeginiň tejribesini giňeltmek ýoly bilen;

– maýa goýumlary üçin gönükdirilen döwlet serişdeleriniň maksatlaýyn harç edilmegine döwlet tarapyndan gözegçiligiň güýçlendirilmegi bilen;

– döwlet tarapyndan goldanylýan maýa goýum taslamalaryny ätiýaçlandyrmagyň we kepillendirmegiň tejribesini giňeltmegiň ýoly bilen;

– daşary ýurt maýa goýumlaryny höweslendirmegiň ýoly bilen.

Şonuň bilen bilelikde hem, döwlet, sebit we ýerli derejelerde maýa goýumlaryny dolandyrmagyň wezipelerini çäklendirmek talap edilýär, olaryň her birini ygtybarly, esasan hem, durnukly maliýeleşdirme

çeşmeleri bilen üpjün etmek, ýerine ýetirmek, kanunçylyk usulyýetleri bilen berkitmek talap edilýär. Maliýe-karz ulgamynyň çökgünligine hötde gelmegiň çäreleriniň arasynda ilkinji hatarda kärhanalaryň arasynda özara hasaplaşyklary tertipleşdirilmegini geçirmekden, ätiýaçlandyrmak ulgamyny döretmekden ybaratdyr.

Agrar ulgamynyň ykdysadyýetini dikeltmegiň esasy we ykdysady taýdan ösüş şerti bolup şu aşakdakylar durýandyr:

– döwlet karz syýasaty;

– ýerleriň hasyllylygynyň derejesi;

– obýektiň gurluşygynyň sanaw bahasynda hususy serişdeleriň paýy;

– kömekçi senetleriň we gaýtadan işleýji önümçilikleriň oba hojalyk kärhanasy tarapyndan ýerlenilen ähli önümleriniň jemi gymmatynda alýan düşewüntleriniň udel agramy;

– iň täzeleriniň açylmagy, hereket edýänleriniň süýşürilmegi, halk hojalygy ähmiýetine eýelik edýän gaýtadan gurulýan obýektler üçin maksatlaýyn karzlar;

– ýeňillikli göterim karzlary bermegiň usuly bilen hojalyk işlerini alyp barýan subýektlere döwlet goldawy.

## 6.3. Sebitlerde oba hojalygyna maýa goýumlaryny goýmagyň usullary

Sebit derejesinde maýa goýum syýasatynyň konsepsiýasynyň ulgamlaýyn seljerilmegi we esaslandyrylmagy muňa çenli sebitleriň arasyndaky ýagdaýlara baha bermekligi göz öňünde tutýarlar, içerki we daşarky bazarlarda agrar ulgamynyň ornuny we ähmiýetini göz öňünde tutýar. Bazaryň tapgyrlaýyn emele gelýän şertlerinde agrosenagat ulgamynda maýa goýumlary ýerleşdirmeklik önümleriň hereketiniň ähli tapgyrlarynda ýitirilmeginiň aradan aýrylmagyna, serişdelerden oňat peýdalanmaga itergi bermeklige borçludyr.

Sebit derejesindäki agrosenagat toplumy esasy düzgünlere we tejribede emele gelýän çemeleşmelere daýanmalydyrlar. Olardan şu aşakdakylar esasylary bolup durýar:

– önümleriň, serişdeleriň we pul serişdeleriniň akymlarynyň modelirlenmegini;

– bazaryň ýagdaýynyň seljermesiniň netijelerini, taslamanyň durmuşa geçirilmegine dalaş edýän kärhanalaryň pul ýagdaýynyň seljermesiniň netijelerini, onuň ýolbaşçylaryna bolan ynamyň derejesini, daşky tebigy gurşawa täsirini;

– öňde durýan dürli wagtlardaky çykdajylaryň we girdejileriň meýilleşdirilmeginiň we olaryň deňeşdirilmeginiň şertleriniň kesgitlenilmegini;

– puluň hümmetsizlenmeginiň täsirini nazara almak bilen, tölegleriň saklanylmagyny;

– maýa goýumlaryny çekmek bilen baglanyşykly kesgitsizligi we töwekgellikleri nazara almak.

Býujet netijeliliginiň nukdaý nazaryndan, kesgitli sebitde ykdysady, durmuş we ekologiki ýagdaýyna ähmiýetli täsirini ýetirýän, taslamalary durmuşa geçirmek boýunça oba hojalyk gaznalaryndan, merkezi we ýerli býujetler pul goýberilmä obýektiw baha bermek wajypdyr.

Ýerli býujetiň netijesi ($B_t$) taslamany durmuşa geçirmegiň $t$-ädimi üçin ýerli býujetiniň girdejileriniň köpelmegi ($D_t$) hökmünde kesgitlenilýär we onuň çykdajylardan ýokary bolmagy ($P_t$) anyk taslamanyň durmuşa geçirilmegi bilen baglanyşyklydyr hem-de, Integral býujet netijesi şu aşakdaky formula boýunça hasaplanylýar:

$$B_t = D_t - P_t, \tag{6.1}$$

bu ýerde $D_t$ – hasaplamanyň $t$ ädiminde gazanylýan netijeler, $P_t$ – edil şol ädimde amala aşyrylýan çykdajylar.

Şeýle hem, pudakda öndürijilik hadysasyny öňünden kesgitleýän daşarky sebäpleri öwrenmek zerurdyr we bu ýagdaý goşmaça gerek bolan maýa goýum serişdeleriniň möçberini öňünden kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Şonuň bilen baglylykda, maýa goýumlarynyň ähtimal ugurlary saýlanyp alnanda, şu hadysalary üns merkezine alynmalydyrlar:

– welaýatyň oba hojalyk önümçiliginiň dürli pudaklarynyň ýitgili bolmagynyň derejesini;

– oba hojalyk (görnüşleri boýunça) önümleri saklamagyň dowamlylygyny;

– agrosenagat toplumynyň ahyrky önümleriniň assortimentiniň saklanylmagyny we giňeldilmegini.

Şol bir wagtda, udel maýa goýumlarynyň baglanyşdyrmasynyň azalmagy wajyp bolup durýar (önümiň 1 tonna hasabyna, 1 mal üçin ýer we 1 *ga* we ş.m.). Ony gurluşygyň bahasyny azaltmagyň usuly bilen, obýektleriniň durkuny täzelemegiň, maýa goýumlarynyň toplumlylygyny azaltmak usuly, innowasiýa-maýa goýumlar taslamalaryny kämilleşdirmek we başga usullar bilen çözüp bolýar.

Häzirki wagtda agrar özgertmeleriniň netijesinde maýadarlarynyň we oba hojalyk harytlaryny öndürijileriň işleri hem düýpgöter üýtgeýär. Maýa goýumyň häzirki zaman ulgamy eýýäm öňki direktiwa bilen bellenilmeýär, ol özgertmeler öňki döwür üçin mahsusdy.

Oba hojalygynyň maýa goýumlary häzirki zaman şertlerinde birnäçe tapgyrlary öz içine alýar, şol sanda maksatnamalaşdyrmagy, maýa goýumlary goýmagy, ornaşdyrmagy we maýa goýum serişdeleriniň geljekde yzyna gaýtarylyp alynmagyny göz öňünde tutulmalydyr.

Maýa goýumlary goýmak ykdysady subýektleriň karzyna alynýan maýalyga bolan talaplaryny doly derejede kanagatlandyrýan we töwekgelligiň derejesini nazara almak bilen girdejileri kepillendirýän serişdeleriň berilmeginde jemlenmelidir.

Munda maýa goýumlaryny ornaşdyrmak maýa goýumlarynyň hojalyk-maliýe işlerine gönükdirilmegini aňlatmaklyga borçludyr. Maýa goýumlary yzyna gaýtarmak öz ýanyndan maýadara maýa goýum goşantlarynyň yzyna gaýdyp gelýän akymy bolup durýar.

## 6.4. Agrosenagat toplumyna toplumlaýyn maýa goýumlygyň düzgünleri

Agrosenagat toplumyna toplumlaýyn maýa goýumyň gurluşynyň esasy bolup, maýa goýumlary goýmagy taýýarlamagyň ähli döwrüniň dowamynda haýyşnamalaryň bukjasyny emele getirmegiň we ýerine ýetirmegiň meýilnamalaşdyrylan we bazar düzgünleriniň balanslaşdyrylan kompozisiýasy bolmalydyr.

Teklip edilen gurluşyň hereket etmegi üçin, şu aşakdaky esasy düzgünlere goldanmaklyk zerurdyr:

– agrosenagat toplumynyň ähli tehnologiki zynjyryny gurşap almak bilen (taýýarlyk – döretmek – önümleri ýerlemek) maglumatlaryň ýeke-täk ulgamynda alyp barmagyň binýadynda alnyp barylmagy;

– maýadar tarapyndan oba hojalyk öndürijileriniň maliýe taýdan dolandyrylmagy;

– möwsümleýin faktorlarynyň we sebitleýin aýratynlyklarynyň nazara alynmagy;

– olary peseltmek maksady bilen maýa goýumly töwekgelçilikleri oňat seljerilmegi zerurdyr.

Agrosenagat toplumynyň hojalyk işlerini alyp barýan subýektlerine maýa goýumlary goýmagyň gurluşyndaky orny üçin maýa goýumlar institutyna haýyşnamany bermek zerurdyr. Beýle mysaly maglumatlary hasaba almazdan, ol hökmany tertipde şu aşakdakylaryň bolmagy zerurdyr:

– önümleri öndürmegiň ähli maýa goýumly gurluşyny maliýeleşdirmegiň hasabyndan geljek möwsümdäki işleri geçirmek üçin talap edilýän serişdeleriň möçberleri baradaky maglumatlary;

– satyn alynýan maddy serişdeleriniň sanawy, olaryň nyrhy we tölegleriň görnüşi;

– öndürijileriň we serişdeleri getirijileriň sanawy;

– göz öňünde tutulýan çykdajylaryň zerurlygy we ýeterlikligi barada tehniki-ykdysady esaslandyrma;

– ýangyç-çalgy materiallaryny we ätiýaçlyk şaýlaryny satyn alyş obýektiniň ylalaşylanlygy hem-de işleýän oba hojalyk tehnikasy barada we meýilnamalaşdyrylýan işler boýunça maglumatlary.

Şonuň bilen birlikde goşmaça çykdajylaryň artmagynyň öňüni almak maksady bilen:

– mineral dökünlerini we ösümlikleri goramagyň serişdelerini satyn almagyň niýetlenilen möçberleri (bir ýyl üçin ekin meýdanlarynyň möçberlerine laýyklykda we ekişe taýýarlanylan ekinleriň möçberlerine laýyklykda);

– hojalygyň ygtyýar etmeginde durýan maddy serişdeleriniň ätiýaçlyklarynyň barlygy;

– öndürmek üçin niýetlenilýän önümleriň meýilnamalaýyn öndürilmeginiň möçberleri;

– salgytlary nazara almak bilen, puluň hümmetsizlenmegini, howanyň töwekgelliklerini nazara almak bilen bu önümleriň göz öňünde tutulýan nyrhlary;

– öndürilen önümleriň ähtimal lomaý sarp edijileriniň sanawy;

– işleri maýalaşdyrmagyň ähli döwri üçin girdejileri we çykdajylary anyk meýilnama tertibinde kesgitlenilmelidir.

Ondan soňra maýadar öňki ýyllaryň maglumatlaryny nazara almak bilen hasaplanan serişdeleriň şu talaplara laýyk gelmeginiň barlaglaryny geçirmeklige, öňde goýlan işleriň durmuşa geçirilmegi üçin maddy serişdeleriň çykdajylarynyň kadalarynyň tehniki-ykdysady we sebitleýin kadalaryna laýyk gelmekleriniň barlaglaryny geçirmäge borçludyr.

Şeýle hem, önümleri satyn almak maksady bilen maýa goýumlaryň goýberilmegi üçin saklaýan, gaýtadan işleýän we lomaý-satyn alyş kärhanalaryndan haýyşnamalary alyp bolýar. Beýle ýagdaýda haryt bazarynda iş tejribesiniň bolmagyna hem-de şu aşakdakylara aýratyn (saklaýan kompaniýalar üçin) üns berilmelidir:

– ýerleýji ulgama, şertnamalaýyn işleri boýunça tejribesiniň bolmagyna;

– pul ýagdaýyna;

– kärhananyň hasaplaryna pullaryň gelip gowuşmasynyň ululygyna;

– ähli derejedäki býujetleriň öňünde bergisiniň barlygyna.

Öndüriji kompaniýalaryň we haryt-maddy serişdelerini getirijileriň haýyşnamalarynda:

– önümçiligiň tehnologiki kuwwatlylygy barada;

– sanly ýa-da agramly önümleriň birligini öndürmegiň möhleti;

– ony taýýarlamak üçin çykdajylaryň sanawy;

– çig maly we toplumlaýyn enjamlary esasy getirijileri barada;

– önümçiligiň gündelik göwrümi barada;

– iň ýokary kuwwatlylyga çykmak üçin karzyna alynýan serişdelere bolan talaplar barada maglumatlar bolmalydyr.

Kärhananyň maýa goýumlar boýunça özüne çekijiligi aşakdaky düzgünlerden ugur almalydyr:

– maliýe durnuklylygyndan;

– buýurmany talap edilýän möhletlerde ýerine ýetirmegiň tehniki mümkinçiliklerinden;

– işleriň beýleki görnüşleri boýunça iş tejribelerinden.

Maýadar şeýle hem ulag kompaniýalarynyň arasynda oba hojalyk önümlerini öndürijiler we agrosenagat toplumynyň kärhanalaryna maddy serişdeleriň goýulmagynda tutýan orny boýunça bäsleşigi guramak boýunça çäreleri geçirmäge borçludyr.

## 6.5. Agrosenagat toplumy üçin maýa goýumlarynyň ykdysady netijeliligini kesgitlemek

Maýa goýumlarynyň umumy (absolýut) ykdysady netijeliligini bilmek, kadalar we öňki geçen döwür üçin meňzeş görkezijiler bilen deňeşdirilende, ykdysady netijeliliginiň umumy ululyklary barada, şeýle hem welaýatyň ýa-da sebitiň oba hojalyk kärhanalarynyň oňat görkezijileri bilen deňeşdirmek boýunça doly düşünjäniň bolmagy üçin wajyp bolup durýar. Maýa goýumlary ykdysady taýdan netijeli diýlip, umumy (absolýut) netijeliligiň gazanylan netijeleri, öňki geçen döwür üçin kadalardan we hasabat maglumatlaryndan pes bolmaýan maýa goýumlary hasap edilýär.

Oba hojalygy üçin maýa goýumlarynyň umumy (absolýut) netijeliliginiň kadasy $E_{oh}$ = 0,07 derejesinde bellenildi. Bu kada zähmetiň öndürijiliginiň ösmeginiň, ylmy-tehniki progresiniň çaltlaşmagynyň, materiallaryň sygymlylygynyň peselmeginiň we öndürilen oba hojalyk önümleriniň sygymlylygynyň ösmegi netijesinde ýokarlanyp biler.

Oba hojalyk önümçiliginde maýa goýumlaryň umumy ykdysady (absolýut) netijeliligini kesgitlemek üçin şu aşakdaky görkezijiler we girdejiler ulanylýarlar. Umuman, oba hojalygy boýunça jemi girdejiniň göwrüminiň maýa goýumlaryň göwrümine bolan gatnaşygy bilen kesgitlenilýär:

$$E_{oh} = \frac{\Delta D}{K}, \qquad (6.2)$$

bu ýerde $E_{oh}$ – maýa goýumlarynyň ykdysady netijeliligi, $\Delta D$ – ýyl boýunça oba hojalygynda alnan jemi girdeji, $K$ – maýa goýumlary.

Oba hojalyk önümçiliginiň aýratyn pudaklary boýunça maýa goýumlarynyň ykdysady netijeliligini kesgitlemek üçin aşakdaky 6.3-nji formula ulanylýar:

$$E_{çp} = \frac{\Delta чP}{K}, \tag{6.3}$$

bu ýerde $E_{çp}$ – pudaga maýa goýumlarynyň ykdysady netijeliligi, $\Delta çP$ – pudak boýunça sap önümleriň ýyllyk göwrüminiň ösüşi, $K$ – pudaga maýa goýumlary.

Eger oba hojalyk kärhanasy boýunça maýa goýumlarynyň ykdysady netijeliligini kesgitlemek gerek bolsa, munuň üçin aşakdaky 6.4-nji formula ulanylýar:

$$Ep = \frac{\Delta P}{K}, \tag{6.4}$$

bu ýerde $Ep$ – oba hojalyk kärhanasyna maýa goýumlarynyň ykdysady netijeliligi, $\Delta P$– ýyllyk girdejisiniň ösüşi, $K$ – bu ösüşi üpjün edýän maýa goýumlarynyň göwrümi.

Pudak, kärhana ýa-da obýekt boýunça maýa goýumlarynyň ykdysady netijeliligini kesgitlemegiň zerur bolanda, onda öndürilýän oba hojalyk önümleriniň harajat ödeýjiligini peseltmegiň görkezijisi ulanylýar, onda aşakdaky 6.5-nji formula ulanylýar:

$$Es = \frac{(C_1 - C_2)}{K}, \tag{6.5}$$

bu ýerde $Es$ – öndürilýän önümleriň harajat ödeýjiligine baglylykda, maýa goýumlaryň ykdysady netijeliligi, $C_1$ – maýa goýumlaryň amala aşyrylmagyndan öňki harajat ödeýjiligi, $C_2$ – maýa goýumlary amala aşyrylandan soňra önümleriň harajat ödeýjiligi, $K$ – önümleriň harajat ödeýjiliginiň peseldilmeginden tygşytlamany almaga mümkinçilik beren maýa goýumlary.

Oba hojalyk kärhanasy üçin, şeýle umumy ykdysady görkezijisi, ýagny maýa goýumlaryny yzyna gaýtarmagyň möhleti hem tapawutsyz däldir.

Şeýlelikde, maýa goýumlarynyň umumy (absolýut) netijeliliginiň görkezijileriniň ykdysady manysy ilki bilen alnan sap önümleriň jemini, sap girdejiniň jemini, maýa goýumlary bilen girdejiniň ýa-da çykdajylaryň tygşytlanylmagynyň deňeşdirilmeginde jemlenýär. Emma maýa goýumlarynyň netijeliliginiň görkezijisi zähmetiň öndürijiliginde öz ornuny tapýar.

# VII bap
# SYÝAHATÇYLYK MAÝA GOÝUMLARY

## 7.1. Syýahatçylyk maýa goýumlary barada düşünje

**Syýahatçylyk maýa goýumlary** – maýa goýumlary uzak wagtlaýyn görnüşde (bir ýyldanam köp wagtda) döwletiň öz içinde-de, daşary ýurtda-da goýum serişdelerinden isleg bildirilýän ululykda girdeji almaklyk maksady bilen syýahatçylyga goýulmaklygyny aňladýar.

Başga söz bilen aýdanyňda, syýahatçylyga bolan maýa goýumlary maýa goýumyň kömegi bilen täze syýahatçylyk binalaryny gurmaga, syýahatçylyk hyzmatlarynyň bellibir görnüşlerini ýerine ýetirmäge ukyply hem-de bar bolanlaryny kämilleşdirmäge we durkuny üýtgetmäge gönükdirilen hadysany görkezýär.

Şeýlelikde, syýahatçylyk maýa goýumlary syýahatçylara giň göwrümli syýahatçylyk hyzmatlarynyň ýerine ýetirilmeginiň we bermekligiň hem-de täze syýahatçylyk binalary döretmek baradaky taglymatlarynyň amala aşmagy bolýar.

Häzirki wagtda syýahatçylyk ulgamynda ýokary maýa goýum işjeňlik telekeçilik işinde ähmiýetli we durmuş taýdan möhüm diýip yglan edilen sebitlerde bellenilýär. Syýahatçylygy ösdürmegiň sebitleýin meýilnamalary seljerilende, sebitlerde syýahatçylygy ösdürmegiň ähli meselesini täze myhmanhanalary gurmaklyga eltýärler, ol bolsa syýahatçylyk infrastrukturasynda has köp goýum goýmaklyga degişlidir.

Şunuň bilen birlikde, syýahatçylykda maýa goýum hadysasynyň manysy aşakdakylardan durýar.

1. Syýahatçylyk maýa goýum ulgamynyň, syýahatçylygyň ösýän içki we daşky meýdanyň gurşawyny öz içine alýandygyny göz öňünde tutmak zerurdyr.

2. Maksatlaýyn maýa goýumlar sebitdäki ulgamlary düzýän syýahatçylygy durnukly ösdürmegiň maksadyndan gelip çykýan meseleleri çözmäge ugrukdyrylan bolmaly. Şonda daşary aragatnaşygy dolandyrmaga, olary işjeňleşdirmeklige, daşyndan çekilýänlerem, hususylaram maýa goýum serişdeleriniň çeşmelerini gözlemekligine aýratyn ünsi bermek zerurdyr.

3. Syýahatçylygyň ähli taraplarynyň biri-biri bilen ýokary derejede bagly bolýanlygy üçin maýa goýulýan ulgamy saýlanma däl-de, toplumlaýyn bolmalydyr we syýahatçylygyň infrastrukturasynyň ähli durmuş üpjünçiligini öz içine almalydyr.

4. Obýektiw we subýektiw sebäplere görä, ýagny syýahatçylaryň talaplarynyň üýtgemegi, syýahatçylyk infrastruktura elementleriniň moral we fiziki taýdan könelişmegi sebäpli, syýahatçylygy gaýtadan döretmek zerurlygyny göz öňünde tutmalydyr.

5. Maýa goýum hadysasy syýahatçylaryň talaplaryny öňünden bilmelidir, şeýle-de, haýsam bolsa islendik bir infrastrukturanyň hatardan çykmagynyň netijesinde bütin ulgamyň işleýşini bozup bilmegi sebäpli bellibir ätiýaçlyklary döretmekligi talap edýär.

Syýahatçylyga maýa goýum işleriniň aşakdaky dürli görnüşleri mümkindir:

1) raýatlar, döwlet eýeçiligine degişli däl kärhanalar, syýahatçylyk assosiasiýalary, jemgyýetçilik bileleşikleri, şeýle-de, jemgyýetçilik we dini kärhanalar we beýleki edara görnüşli taraplar tarapyndan edilýän maýa goýumlar;

2) döwlet dolandyryş kärhanalary, ýurduň düzümindäki beýleki kärhanalar býujet serişdeleriň, býujetden daşary gaznalaryň we karz serişdeleriň, şeýle-de, döwlet kärhanalaryň we kärhanalaryň öz serişdeleriniň hasabyna döwlet maýa goýumlary bolup bilýär;

3) daşary ýurt raýatlaryň, daşary ýurtly edara görnüşli taraplaryň hem-de adamlaryň goýumlary görnüşinde daşary ýurt maýa goýumlary;

4) döwletiň we daşary ýurt raýatlary tarapyndan, şeýle-de, döwletler tarapyndan amala aşyrylýan bilelikdäki maýa goýumlar;

5) maliýe serişdelerini özleriniň kararlaryna görä akkumulirleýän we ýerleşdirýän (maýa goýum gaznalary we kompaniýalary) maýa goýumlar. Iri syýahatçylyk toplumlarynda paýdarlar jemgyýeti döredilende, bu usul has hem maksadalaýykdyr.

11. Sargyt № 995

Syýahatçylygy ösdürmeklik üçin maýa goýumlaryň möçberi kesgitlenende, syýahatçylyk işine goýumlary goýmak bilen bagly toplumlaýyn çäreleri esaslandyrýan, soňlugy bilen çykdajylaryň öwezini dolmak we maýadaryň garaşýan girdejisiniň ululygyny (maýa goýujy üçin kabul ederlikli) kesgitlenen wagtda almagy, adatça, taslama (maýa goýum ýa-da telekeçilik meýilnamasy) görnüşinde berýärler.

## 7.2. Syýahatçylyk maýa goýumlaryň gurluşynyň düzüm bölekleri

Maýa goýumlaryň düzüm bölekleri häzirki zaman ykdysady edebiýatda ýeterlik derejede dürli-dürlüdir, ýöne syýahatçylygyň maýa goýumyna bäş esasy alamatlary bellemek mümkin.

1. Maýa goýumlary ulanmaklygyň ulgamlary boýunça:

Hakyky maýa goýumlar maddy (zatly) we maddy dällere bölünýärler. Maddy däl maýa goýumlar ulanylanda, maddy däl peýdany, mysal üçin, syýahatçylyk kärhanalaryndaky işgärleri okatmak arkaly, syýahatçylyk ulgamyndaky işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak we täze hünär öwretmek, şeýle-de, zerur bolan ylmy-barlag we taslama konstruktor işleri göz öňünde tutulýar. Bu ýerde gürrüň syýahatçylyk kärhanalarynyň işgärleriniň professional bilimleriniň mümkinçilikleri, şeýle-de, syýahatçylyk kärhanasynyň beýleki kärhanalar bilen deňeşdirilendäki mümkinçiligi barada gitmegi mümkin. Maddy maýa goýumlar material peýdany almaklyk üçin, syýahatçylyk önümi (syýahatçylyk hyzmatyny) we zatlary ulanylmaklary öndürmegiň serişdelerine degişlileri esas bolup hyzmat edýärler.

2. Maýa goýumlary ulanmaklygyň ugurlary boýunça:

– syýahatçylyk kärhanalaryny döretmek bilen bagly maýa goýumlar. Olar täze kärhananyň ýa-da golçur kärhanalary eýýäm bar bolanlaryň düzüminde (mysal, syýahatçylyk pudagyndaky myhmanhana kärhanalary) aktiwleri döretmek üçin hyzmat edýärler. Aktiwleri gurnamak boýunça maýa goýumlar täze önümçilik desgalary döretmäge ugrukdyrylan syýahatçylyk kärhanalaryň işinde häzirki wagtda ulanylýan adaty maýa goýumlara we strategiki maýa goýumlara olaryň maksady strategiki maýa goýumlaryň syýahatçylyk taslamalaryny durmuşa geçirmeklik bolup durýar;

– häzirki wagtda maýa goýumlary syýahatçylyk önümçiliginiň esasy serişdeleriniň häzirki we düýpli bejergiler, şeýle-de, fiziki we moral taýdan könelişen önümçilik enjamlaryň çalşyrylmagyna ugrukdyrmak bilen baglydyr;

– goşmaça maýa goýumlar işleýän kärhanalaryň önümçiligini enjamlaşdyryş serişdelerine ugrukdyrylandyr. Olara ýokary isleg bildirilýän önümleri öndürmekligiň göwrümini giňeltmäge, syýahatçylyk kärhanasynyň önümçilik meýilnamasynyň gurluşyna üýtgetmeleri girizmeklik bilen girdejilikli satuw mukdaryny ýokarlandyrmak maksady bilen gönükdirilýändir. Syýahatçylyk kärhanasynyň önümçiliginiň göwrüminiň ösmegi önümçilik kuwwatlylygyň ýokarlanmagyny talap edýär we täze enjamyň hatara goşulmagyny göz öňünde tutýar. Üýtgetmeleri amala aşyrmak üçin kärhananyň önümçilik meýilnamasynda maýa goýumlara düzedişleri girizmeklik zerur.

3. Maýa goýumlaryň mukdary boýunça:

– deňeşdirmede uly bolmadyk;

– ortaça;

– mukdary boýunça ýeterlik derejede uly ýaly görnüşlere bölünýär.

Syýahatçylyk sferasyna maýa goýumlaryň mukdarynyň çägi ykdysadyýetiň başga sferalaryna maýa goýumlaryndan tapawutlanýandygyny belläp geçmeli. Bu bolsa şu maddy däl önümçilikde taýýar önümi taýýarlamak (syýahatçylyk hyzmatyny etmek) işi maýa goýum göwrüminiň we uly möçberliligiň dürli-dürlüligi bilen şertlendirilendir.

## 7.3. Syýahatçylyk maýa goýumlarynyň obýekti we subýekti

Maýa goýumyň subýekti – bu öňde goýlan maksatlara we kararlara ýetmeklik üçin maýa goýulmagy göz öňünde tutulýan kärhana ýa-da topluma maýa goýum serişdelerini ugrukdyryjydyr. Bu ýerde maýa goýujylar, maýadar, karzçy, satyn alyjy bolup çykyş edip, şeýle-de, maýa goýum işine islendik gatnaşyjynyň wezipesini ýerine ýetirip biler. Şol sebäpli syýahatçylyk maýa goýum işinde subýektleri hökmünde şu aşakdakylar çykyş edip bilerler:

– raýatlar we edara görnüşli taraplar, döwlet hem-de daşary ýurt raýatlary;

– gös-göni ýerine ýetirijiler hökmünde ýa-da maýa goýujynyň buýurmagynyň esasynda maýa goýumyny amala aşyrmagy üpjün edýän raýatlar we daşary ýurt raýatlary ýa-da edara görnüşli taraplar;

– işi ýerine ýetirijiler (potratçy we kömekçi potratçy);

– haryt – maddy gymmatlyklary, önümçilik enjamlaryny, tehnologiýalary we zerur bolan taslama-konstruktorçylyk resminamalary bilen üpjün edijiler;

– edara görnüşli taraplar – bank, ätiýaçlandyryş, araçyl edaralaryň wekilleri bolup durýarlar.

Syýahatçylyk maýa goýum işleriň obýektleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– täzeden döredilýän syýahatçylyk binalar ýa-da hereket edýän syýahatçylyk kärhanalaryny dikeltmeklik;

– syýahatçylyk ulgamyndaky hereket edýän kärhanalaryny giňeltmek, hereket edýän kärhananyň ikinji we soňky nobatdakylaryny gurmak (mysal üçin, myhmanhana toplumynyň binalaryny gurmaklyk);

– syýahatçylyk kärhanalaryň bar bolan bölümleriniň önümçilik kuwwatyny ýokarlandyrmak maksady bilen, şol bölümleri giňeltmek;

– umumy önümçilik we hususan hem onuň aýry-aýry bölümleriniň tehniki ykdysady derejesini ýokarlandyrmagyna ugrukdyrylan kärhanalary täzeden enjamlaşdyrmak (mysal üçin, myhmanhananyň restorany üçin häzirki zaman aşhana enjamlaryny satyn almaklyk);

– kärhananyň kämilleşdirilýän esasy önümçilik gaznalary;

– täze ylmy-tehniki önüm (mysal üçin, nomer gaznasyny dolandyrmak üçin tejribe ähmiýetli programmalar toplumlary – oteliň bronirleme gulluklary üçin);

– hereket edýän önümçiligiň çäklerinde syýahatçylyk hyzmatlarynyň täze görnüşlerini teklip etmek;

– intellektual gymmatlyklar (oýlap tapma, nou-hau, ylmy işläp taýýarlamalar we ş.m.);

– emläk hukugy (önümçilik üçin bellenilen haýsam bolsa bir emläge eýelik etmek) we ş.m.

Syýahatçylyk ulgamyndaky binalara goýulýan maýa goýumlar klassifikasion alamatlary boýunça şu aşakdaky görnüşlere bölünýär:

1. Syýahatçylyk taslamalaryň gerimi (uly, ortaça we kiçi taslamalar);

2. Taslamanyň maksatlaýyn ugrukdyrylmasy;

3. Maýa goýum sikliň häsiýetnamasy we mazmuny (durmuşyň ähli tapgyrdaky sikli ýa-da onuň aýry-aýry tapgyrlary);

4. Döwletiň täsir ediş derejesi (güýçli, gowşak, beýle täsiriň ýoklugy);

5. Döwletiň gatnaşmagy (döwlet maýa goýumlaryny we paýnamalar bukjasyny çekmek, salgyt ýeňillikleri, kepillendirme we başga görnüşleri).

Obýektleriň we subýektleriň gurluşy, syýahatçylyk gurşawyna maýa goýumlary dolandyrmagyň oýlanyşykly ulgamyny gurmaklyk zerur şert bolup durýar.

## 7.4. Syýahatçylyga maýa goýumlarynyň şertleri

Syýahatçylyk maýa goýumlarynyň esasy şertleri bolup aşakdakylar girýär:

– ulgamlaýynlyk;

– toplumlaýynlyk – syýahatçylyk pudagyndaky maýa goýum işinde strategiki, häzirki we dessin dolandyrmagyň utgaşdyrylyşyny üpjün etmek;

– telekeçilik – maýa goýum işini dolandyrmagyň telekeçilik usula nazarlama ýolunyň agdyklyk etme strategiýasy;

– adaptirlemeklik – maýa goýum strategiýasynyň daşky we içki sredadaky üýtgeýän faktorlarynyň uýgunlaşmagyny üpjün etmek, olaryň sebitde syýahatçylygy ösdürmegiň maksatlarynyň ilkinjilerini we olary amala aşyrma mehanizmlerini üpjün edip biljek düzedişler;

– üznüksizlik – maýa goýum hadysasy kesgitlenen möhletiň çäklerinde hemişe amala aşyp durmalydyr;

– alternatiwlilik – syýahatçylyk pudagyndaky taslamalaryň we meýilnamalaryň strategiki maýa goýum kararlary kabul edilende, maýa goýum saýlamanyň alternatiw strategiýasyny üpjün etmek;

– töwekgelçiligi hasaba almak – maýa goýum kararlary kabul ediş hadysasynda, sebitde syýahatçylyk işiniň aýratynlyklary bilen şertlendirilende töwekgelçilik derejesini hasaplamak;

– maýa goýum medeniýeti.

# VIII bap

# GOZGALMAÝAN EMLÄKLERE GOÝULÝAN MAÝA GOÝUMLAR WE ALTYNY MALIÝELEŞDIRMEGIŇ AMATLYLYGY

## 8.1. Gozgalmaýan emläkler barada düşünje we olaryň aýratynlyklary

Gozgalmaýan emläk – bu ýer bilen berk baglanyşykly we ony çykdajylaryň ýokarydygy sebäpli göçürmek mümkin däl ýagdaýda bolan desgalar degişli bolup, desgalar, binalar, köp ýyllyk agaçlar girýärler.

– Gozgalmaýan emlägiň maýa goýum desgasy hökmünde guramaçylyk – huhuk, bazar ähmiýetli aýratynlyklary üçin maýadar emläge serişde goýmak barada çözgüt kabul etmänkä gozgalmaýan emläk maýa goýum desgasy bolmak bilen, onuň aýratyn häsiýetleriniň bardygyny göz öňünde tutmalydyr. Gozgalmaýan emläklere goýulýan maýa goýumlar maýa goýumlaryň beýleki görnüşlerine garanyňda özüniň aýratynlyklary bilen tapawutlanýar.

1) gozgalmaýan emläkleriň ilkinji esasy aýratynlyklary:

– immobilligi – islendik gozgalmaýan emlägi ýerleşýän ýer böleginden fiziki taýdan gozgamak we göçürmek mümkin däldir;

– unikallygy – her bir Ýer böleginiň fiziki, himiki, klimat we daşky gurşaw we beýleki ölçegler babatda özüniň aýratyn häsiýetleri bolýar;

– defisitligi – ilatyň sanynyň yzygiderli artmagy bilen ýer serişdeleriniň defisitligi;

– ömürlikliligi we durnuklygy – gozgalmaýan emläkler adam tarapyndan döredilýän desgalaryň arasyndan iň bir köp ýyllaryň dowamynda ulanylýanydyr.

2) gozgalmaýan emlägiň bazar haryt görnüşindäki aýratynlyklary:

– dolanyşyk aýratynlygy gozgalmaýan emlägi ýerleşýän Ýer böleginden fiziki taýdan gozgamaklygyň we göçürmekligiň mümkin

däldigi sebäpli gozgalmaýan emläk bazaryna emläk, desga hökmünde däl-de, eýeçilik hukugy (doly, doly däl, bölekleýin) görnüşinde çykarylýar;

– gozgalmaýan emlägiň bölekleriniň bahalarynyň üýtgemeginiň biri-birine gabat gelmezligi käbir wagtlarda ýeriň bahasynyň ýokary galmagyna garamazdan binalaryň, desgalaryň bahalarynyň aşaklamagy bolup geçýär;

– pes likwidliligi – gozgalmaýan emläk maliýe aktiwlerine garanyňda özüniň pes likwidliligi bilen tapawutlanýar. Bu gozgalmaýan emlägi bazarda ýerleşdirmek üçin beýleki serişdelere garanyňda köp wagtyň gerekdigi bilen düşündirilýär.

3) gozgalmaýan emläkleriň guramaçylyk-hukuk aýratynlyklary:

a) gozgalmaýan emläge bolan hukugyň bölekligi- gozgalmaýan emläge bolan hukugyň ulanyş wagtyna we desganyň böleklerine görä bölünip bilýar. Ýagny şertnamadan gelip çykýan girew, serwitut, ulanyş hukugyň çäklendirilmegi ýaly gozgalmaýan emläge bolan hukugyň kynçylyklary bardyr;

b) kämil dolandyryşyň hökmanylygy islendik döwürde-de (gurluşykda, abadanlaşdyryşda, satuwda we ş.m) gozgalmaýan emlägiň desgalaryny dolandyrmaklygyň kämil bolmagyny üpjün etmeli.

## 8.2. Gozgalmaýan emläkleriň esasy maýa goýum häsiýetleri

Gozgalmaýan emläkleriň esasy maýa goýum häsiýetleri onuň aýratynlyklary bolup, bu häsiýetleri maýadar tarapyndan hökmany ýagdaýda seljerilmäge we öwrenilmäge degişlidir:

a) gozgalmaýan emläk bilen bagly amallardan gelýän girdejileriň durnuklylygy;

b) maýa goýumlary dolandyrmagyň netijeliligine gozgalmaýan emlägiň ýokary derejede garaşly bolmagy gozgalmaýan emlägiň aýratynlygy bolup, ony maýadar hökman göz öňünde tutmalydyr. Gozgalmaýan emlägi dolandyrmagyň çylşyrymlydygy hem-de gozgalmaýan emläge maýa goýmaklygyň köp mukdarda dolandyryş çykdajylaryny talap edýänligi sebäpli, maýa goýum dolandyryşynyň netijeliligi hökmandyr;

ç) gozgalmaýan emlägiň puluň hümmetsizlenmegine garşy durnukly bolmagy bilen gozgalmaýan emläk puluň hümmetsizlenmeginden we maýa goýum portfeliniň diwersifikasiýalaşmagyndan maýadarlaryň netijeli goragy diýip hasaplanylýar;

d) töwekgelçiligiň ýokary derejesi gozgalmaýan emläklere goýulýan maýa goýumlaryň beýleki maliýe aktiwlerine garanyňda özüniň kesgitsizliligi bilen tapawutlanýar. Kesgitsizligiň ýokary derejesini maýa goýumlaryň möhletiniň uzaklygyny we gozgalmaýan emläk bazaryndaky geleşikler barada maglumatlaryň doly we elýeterli bolmazlygy bilen düşündirilýär. Şeýle-de, gozgalmaýan emläkleriň imobilligi, ýeterlik likwidli dälligi sebäpli töwekgelçiligiň derejesi ýokary bolýar.

Gozgalmaýan emläk bazarynyň aýratynlyklary aşakdakylardan ybarat:

– gozgalmaýan emläkleri bazaryň beýleki emläklerine garanyňda standartlaşdyrmak, görnüşlere bölmek hem-de şonuň bilen nusga laýyklykda satmak we satyn almak mümkin däldir;

– gozgalmaýan emläk bazarynyň ösüşi ykdysady ösüşe (pese düşmäge) ýa-da göz öňünde tutulýan ykdysady ösüşe baglydyr;

– gozgalmaýan emläkleri satyn almak üçin maliýe mümkinçilikleri öz gezeginde sebitiň ykdysady ösüşiniň derejesine (çökgünlik, durgunlyk, intensiw ösüş) iş bilen üpjünçiligine we iş bilen üpjünçiliginiň düzümine baglydyr.

Gozgalmaýan emlägiň desgalarynyň maýa goýum bahalaryny kesgitleýji ýagdaýlar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– durmuş ýagdaýlary – sebitiň ilatynyň hal-ýagdaýyny häsiýetlendirýän görkezijiler, ýagny ilatyň demografiki gurluşy, nikalaryň we aýrylyşýanlaryň sany, maşgalada çagalaryň ortaça sany we ş.m. girýär. Bu görkezijiler gozgalmaýan emläklere isleglerиň emele gelmegi bilen baglanyşyklydyr.

Ykdysady ýagdaýlara ilatyň satyn alyp bilijilik mümkinçilikleri ýaly görkezijiler, ýagny ilatyň iş bilen üpjünçiligi, ortaça zähmet haky, sebitiň ykdysady ösüşiniň derejesi, karz almaklygyň mümkinçilikleri we şertleri girýär.

Döwlet tarapyndan düzgünleşdiriş ýagdaýlary ähli derejelerde (döwlet, welaýat, etrap) gozgalmaýan bahasyna uly täsir edýär. Döwlet tarapyndan düzgünleşdirişine şu aşakdakylar girýär:

– ýerleri ulanmaklygyň mümkinçilikleri we gozgalmaýan emlägiň dolanyşygynyň çäklendirilmegi;

– jemgyýetçilik ulaglarynyň we kommunal hyzmatlarynyň gymmaty;

– salgyt syýasaty;

– ýörite hukuk kadalary (eýeçilik hukugynyň çäklendirilmegi, kärendäniň möçberiniň kesgitlenilmegi).

Ekologiki ýagdaýlar – gozgalmaýan emläkler bahalandyrylanda tebigy we tebigy-antropogen ýagdaýlaryň gozgalmaýan emläkleriň desgalaryny ulanmaklygyň netijeliligine gönüden-göni täsiri seljerilýär. Gozgalmaýan emläkleriň bahasyna oňaýsyz täsir edýän ekologiki ýagdaýlara şu aşakdakylar girýär:

– daşky gurşawyň elektromagnit we radiasiýa görkezijileriniň ýaramazlaşmagy;

– daşky gurşawyň hapalanmagy;

– gozgalmaýan emlägiň tebigy görnüşiniň ýaramazlaşmagy;

– daşky sesleriň tebigy derejesinden ýokary galmagy;

– atmosfera howasynyň, suwuň, topragyň himiki düzüminiň ýaramazlaşmagy.

Gozgalmaýan emläkleriň bahasyna oňaýsyz täsir edýän ekologiki ýagdaýlar bilen birlikde onuň bahasyny ýokarlanmagyna itergi berýän ekologiki ýagdaýlar hem bardyr (gozgalmaýan emläkden eýesiniň ekologiýa taýdan arassa tebigy desgalara, ýagny tokaýlara, derýa, seýilgählere, goraghanalara baryp bilmeginiň mümkinçilikleri).

## 8.3. Maýa goýumlary goýmak üçin gozgalmaýan emlägiň gymmatyny bahalandyrmagyň esasy şertleri

Köpýyllyk tejribeleriň geçirilen nazaryýet barlaglarynyň netijesinde gozgalmaýan emläkleri bahalandyrmagyň 3 topar şerti bar diýip hasaplanylýar.

Birinji topara gozgalmaýan emlägiň eýesiniň emläk barada düşünjeleri bilen baglanyşykly:

– peýdalylyk şertleri;
– çalşyrmak şertleri;
– garaşmak şertleri girýär.

Ikinji topara gozgalmaýan emlägi ulanmak bilen baglanyşykly:

– goýum şertleri;
– mellek ýerleriň önümliligi;
– deňagramlylyk şertleri;
– alynýan peýdanyň köpelmek ýa-da azalmak şertleri girýär.

Üçünji topara bazar bilen baglanyşykly:

– isleg bilen hödür şertleri;
– gabat gelmek we bäsdeşlik şertleri;
– üýtgeme şertleri girýär.

Gozgalmaýan emlägiň ulanyşynyň netijeliligi:

– bazar şertlerine;
– sebiti, şäheri zonalara bölmegiň hereket edýän kadasyna;
– gozgalmaýan emläk bazarynda garaşylýan üýtgemelere;
– gozgalmaýan emlägiň häzirki wagtdaky ulanyş usulyna görä kesgitlenilýär.

## 8.4. Gymmat bahaly metallar

Gymmat bahaly metallar ilkinji nobatda altyn maýadarlary bolup, iň bir özüne çekiji serişdeleriň biri hasaplanýar. Altyn we Platina – tebigatda arassa görnüşde duş gelip, gymmat we örän köp zähmet sarp edilýän metallurgiýa hadysasyny geçmezden alyp bolýan ýeke-täk metaldyr. Gymmat bahaly metallar aýratyn-da altyn, adatça, durnuklylygyň we geljege umytlylygyň simwoly hökmünde kabul edilýär.

Bazaryň ösüşiniň ähli döwürlerinde hem hususy maýadarlaryň öz serişdelerini gymmat bahaly metallara goýmaklygy ýokary bolmagynda galýar. Gymmat bahaly metallar özüniň aýratyn fiziki we sarp edijilik ýagdaýy bilen tapawutlanyp:

– maýa goýumlaryň iň soňky gaçybatalgasy bolup durýar;

– halkara dolanyşygynyň we bazar bahalarynyň emele gelmeginde ýokary likwidliligi bilen häsiýetlenýär;

– goýumlaryň diwersifikasiýasy üçin gowy mümkinçilikleri döredýär.

Gymmat bahaly metallar taryhdan aşakdaky sebäplere görä öz gymmatyny ynamly saklaýan serişde bolup çykyş edýär:

a) gymmat bahaly metallaryň gymmaty agramyna görä kesgitlenip, ony bölüp we gozgap bolýar;

b) gymmat bahaly metallardan bezeg şaýlaryny ýasamak üçin işlemek ýeňildir;

ç) gymmat bahaly metallaryň hilini barlamak we tanamak aňsat bolup, olary galp ýasamak kyndyr.

Häzirki wagtda altynyň bahasy yzygiderli ýokary galýandyr. Şeýle hem altynyň bahasynyň aýratynlygy onuň troýsk unsiýasy (31,135*g*) üçin 270-280 ABŞ dollary möçberinde kesgitlenip, eger-de altynyň bahasy şol derejä çenli pese gaçanda altyn öndürmek düşewüntsiz bolýar hem-de dünýäniň esasy altyn öndürijileri altyn gazyp almaklaryny bes edýärler. Şonuň netijesinde bolsa dünýäde altynyň bahasy ýene-de ýokary galýar.

Geçirilen halkara barlaglarynyň hasaplamalaryna görä, dünýäde altynyň öndürilişiniň 70%-i GAR-yň, ABŞ-yň, Awstraliýanyň, Hytaýyň, Russiýa Federasiýasynyň, Indoneziýanyň, Perunyň we Kanadanyň paýyna düşýär.

## 8.5. Altyny maliýeleşdirmegiň amatlylygy

Gymmat bahaly metallar dünýä boýunça maýa goýumlary goýmagyň iň amatlysy hasaplanýar. Olaryň özüne gelip bilijiligi ykdysady durmuş we syýasy çökgünliklerde has hem artýar. Altynyň bahasy bellibir döwürlerde has-da artýar, emma bellibir döwürde ähli harytlarda bolşy ýaly hem onuň bahasy aşak düşýär.

Altyn Bütindünýä boýunça pul toplamaklykda has hem meşhur. Çökgünlik döwründe bolsa, altyn ykdysady çökgünligi başdan geçirmekligiň amatly ulgamy bolup durýar.

Eýýäm birnäçe onýyllyklaryň dowamynda maýa goýumlary altyn bazaryna goýmaklyk iň amatly, ygtybarly we girdejili hasaplanýar. Elbetde, altyna maýa goýum goýmaklyk jaý, awtomobil we

beýleki harytlary satyn almaklyk bilen deň däl. Sebäbi bu harytlar wagtyň geçmegi bilen könelýär, goşmaça harajatlar talap edýär.

Altynyň bahasynyň gymmatlamagynyň esasy sebäbi hem onuň çäkliligidir. Mundan başga-da, bu metalyň daşky keşbiniň owadanlaşmagy onuň köp wagtlaryň dowamynda saklap bolýanlygy onuň esasy alamatydyr. Belli bolşy ýaly, altyn beýleki metallar ýaly poslamaýar, reňkini ýitirmeýär. Şol sebäpli hem onuň bahasy pese gaçmaýar.

Altyny ýerlemekde hiç hili mesele çykmaýar, sebäbi bu gymmat bahaly metal adamzadyň durmuşynda köp ulgamlarda peýdalanylýar. Dünýä döwletleriniň birnäçeleri altyny maliýeleşdirýärler. Döwletlerde bar bolan altynyň mukdary şol döwletiň içerki ykdysady kuwwatyny görkezýär. Altynyň bahasynyň durnuklylygy sebäpli, ony ykdysady çökgünlikleriň bolmaklygyna garşy hem peýdalanýarlar. Häzirki wagtda altyny maliýeleşdirmek diňe bir uly möçberli kärhanalara elýeterli bolman, maliýeleşdirmeklige şahsy taraplar hem gatnaşyp bilýärler.

Altynyň bahasyna birnäçe faktorlar täsir edýär:

– metalyň gazylyp alynýan ýeri;

– ony gaýtadan işlemekligiň usuly;

– ýokary hilli düzümi.

Şeýlelikde, bazarda dürli hilli we düzümli altyn satyn alyp bolýar.

Altynyň bahasynyň deň derejede däldigi sebäpli, onuň bahasy ortaça ýylda 25% ösýär, şol sebäpli hem altyn maýadarlar üçin iň amatly ulgamdyr. Altyn ykjam we islendik ýagdaýda bahasyny saklaýar. Ony gerek bolan ýagdaýynda hiç bir döwletiň eli ýetip bolmajak ýerde saklap bolar. Elbetde, şu görkeziji hem maýadarlary özüne çekýär.

Mundan başga-da, gymmat bahaly metallar bilen has konserwatiw maýadarlar hem iş salyşýarlar, olar töwekgelçiligi azaldýarlar.

Häzirki wagtda dünýäde hereket edýän walýutalara görä-de, şol walýutany öndürýän (çykarýan) döwletlere bolan ynama baglydyr, emma altynda beýle häsiýet ýok we onuň bahasy artýar.

Altyna maýa goýmak dogry guralan ýagdaýynda, bu maýa goýum öz gymmatyny islendik ykdysady we syýasy çökgünlikde ýitirmeýär. Sebäbi täze döwrüň pullary giperinfilýasiýa netijesinde hümmetsiz-

lenip bilerler. Altyny maliýeleşdirmegiň esasy bir amatly tarapy, ol hem altyn islendik görnüşli hümmetsizlenmä durnukly bolup, onuň bahasynyň günsaýyn artýanlygydyr. Mundan başga-da, altyn dünýä bazarynda nyrh emele getirmekde we haryt dolanyşygynda uly likwidlilige eýedir. Altyny özüniň islendik wagtynda we dünýäniň islendik bazarynda satyp bolar. Altynyň başga-da, birnäçe amatly taraplary islegiň ýokary, girdejiligiň gowy bolmaklygydyr. Beýle diýildigi, eger altyny maliýeleşdirseňiz, onda sözüň göni manysynda aýdylanda altynyň eýesi hasaplanýarsyňyz. Eger maýa bazarlary çökende we paýnamalar öz gymmatyny ýitirende beýle garaşylmadyk ýagdaýlardan goragly bolarsyňyz.

# IX bap ADAM KAPITALY

## 9.1. «Adam kapitaly» düşünjesiniň mazmuny we onuň görnüşleri

Ýurduň önümçiligini ösdürmek, bäsdeşlige ukyply önümleri çykarmaga gönükdirilen täze maglumatlar tehnologiýalaryny işläp taýýarlamak, ony ornaşdyrmak, ýurduň senagat we ylmy-tehniki mümkinçiligini ösdürmegiň, pugtalandyrmagyň hasabyna ykdysadyýetiň howpsuzlygynyň bähbitlerini üpjün etmek milli ykdysadyýetiň wajyp strategiki wezipeleri bolup durýar. Şu belent maksatlardan we wezipelerden ugur alyp amala aşyrylýan toplumlaýyn başlangyçlar köp babatda ýurdumyzyň ykdysady mümkinçiliklerini artdyrmaga, ylmyň gazananlaryny we öňdebaryjy tejribeleri milli ykdysadyýetiň ähli pudaklaryna ornaşdyrmaga gönükdirilýän maýa goýumlara, şol sanda jemgyýetiň esasy gymmatlygy bolan adam kapitalyna gönükdirilýän maýa goýumlara bagly bolup durýar.

«Adam kapitaly» düşünjesine häzirki wagtda diňe bir ykdysadyýetçiler-nazaryýetçiler däl-de, eýsem, kärhanalar hem uly ähmiýet berýärler. Ykdysady ylmyň adamyň döredijilik ukyplarynyň emele gelmegine we ösüşine bolan gyzyklanmasy häzirki wagtda has-da ýokarlandy. Kompaniýalaryň köpüsinde, maýa goýumyň ähli görnüşleriniň biri hökmünde adam kapitalynyň toplanylmagyna uly ähmiýet berilýär.

Adam kapitalyny toplamagyň usullarynyň biri bolup, adama, onuň saglygyna we bilimine maýa goýumlary goýmak durýar. Häzirki wagtda öndüriji güýçleri ulanmagyň netijeliligini ýokarlandyrýan meseläni öwrenmek, diňe bir wajyp bolman, eýsem, durmuş-ykdysady barlaglarynyň gurluşynda ilkinji nobatda durýan mesele bolup durýar. Bu meselede çuňňur ylmy barlaglarynyň geçirilmegini talap edýär.

Adam kapitalynyň nazaryýeti bilen eýýäm XIX asyrda meşgullanyp başladylar. Şeýle hem, meşhur ykdysadyýetçiler-nazaryýetçiler, ýagny U.Petti, A.Smit, J.S.Mill we K.Marks esasy kapital düşünjesine adamyň ösen peýdaly ukyplaryny goşdular. Emma muňa garamazdan, adamyň we onuň ukyplarynyň özboluşly maýa hökmünde düşündirilmeginiň zerurlygy we maksadalaýyklygy baradaky çekeleşikleriniň arasy üzülmedi. Ykdysadyýetçilerden J.B.Seý, J.Makkulloh, N.Senior, W.Roşer, G.Makleod, L.Walras, Iogann fon Týunen, I.Fişer adamyň esasy kapital hökmünde düşündirilmegini mümkin we peýdaly diýip hasap etdiler.

Ykdysady edebiýatlarda adam kapitalynyň düşünjesine giň we dar manyda seredip geçilýär. Dar manysynda: «Maýa akymynyň esasy görnüşleriniň biri bolup bilim durýar» diýip bellenendir. Giň manysynda adam kapitaly, adam üçin bilim maksatly çykdajylary we işçi güýjüni taýýarlamak üçin çykdajylary, saglygyny goramak, migrasiýa hem-de girdejiler barada maglumatlaryň agtarylmagy görnüşinde çykdajylary diýip bellenýär.

Adam kapitalynyň has doly we giňişleýin häsiýetlendirilmesi üçin wezipeleýin çemeleşmesini ulanýarlar. Kesgitlemegiň wezipeleýin şerti hadysany diňe bir onuň içerki gurluşynyň nukdaý nazaryndan häsiýetlendirmän, eýsem, onuň wezipeleýin niýetlenilişiniň, ahyrky maksatlaýyn ulanylmagynyň nukdaýnazaryndan hem häsiýetlendirilýär. Şol sebäpden hem adam kapitaly – bu adamyň eýelik edýän endikleriniň, bilimleriniň, ukyplarynyň ýöne bir jemi däldir.

Adam kapitalyny aşakdakylaryň mysalynda görkezmek bolar.

1. Adam tarapyndan jemgyýetçilik öndürijiliginiň ol ýa-da beýleki ulgamynda maksadalaýyk ulanylýan we zähmet öndürijiliginiň we önümçiligiň ösüşine itergi berýän endikleriň, bilimleriň, ukyplaryň ätiýaçlygydyr. Beýle ätiýaçlygyň ýokary döredijilikli işler görnüşinde maksadalaýyk ulanylmagy işgäriň aýlyk haklarynyň (girdejileriniň) ösmegine getirýär.

2. Girdejileriň köpelmegi, olary geljekde ýene-de endikleriň, bilimleriň, işe bolan höweslendirmeleriň täze ätiýaçlyklaryny köpeltmäge, toplamaga gyzyklandyrýar.

Adam kapitalynyň aýratynlyklary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Häzirki zaman şertlerinde adam kapitaly jemgyýetiň esasy gymmatydyr we ykdysady ösüşiň baş şerti bolup durýandyr.

2. Adam kapitalynyň emele getirilmegi adamyň özünden we ähli jemgyýetden uly möçberde çykdajylary talap edýär.

3. Endikler we ukyplar görnüşinde adam kapitaly kesgitli ätiýaçlyga eýe bolup durýar.

4. Adam kapitaly fiziki taýdan könelişip bilýär, ykdysady taýdan özüniň bahasyny üýtgedip bilýär.

5. Adam kapitaly fiziki maýadan likwidliliginiň derejesi boýunça tapawutlanýar.

6. Adam kapitaly onuň göterijisinden aýrylmazdyr.

7. Emele getirilmeginiň çeşmesine garamazdan, olar döwlet, maşgala, hususy we başga bolup bilerler, adam kapitalyny ulanmaga we göni girdejileri almaklyga adamyň özi tarapyndan gözegçilik edilýär.

Jemgyýetiň ykdysady taýdan abadançylygyna ýardam berilmeginiň nukdaýnazaryndan, sarp edijilik we öndürijilik adam kapitalyny tapawutlandyrýarlar. Sarp edijilik maýa goýumlary göni sarp edilýän hyzmatlaryň akymyny döredýär.

Öndürijilik maýasy, sarp edilmeginiň jemgyýetçilik peýdalylygyna ýardam berýän hyzmatlaryň akymyny döredýär. Beýle ýagdaýda, edil önümçilikde göni tejribede ulanylmagy bilen alnyp barylýan ylmy we bilim beriş işleri göz öňünde tutulýar (önümçiligiň serişdelerini döretmek, tehnologiýalary, önümçilik hyzmatlaryny we önümlerini döretmek).

Adam kapitalynyň görnüşlerini düzüm böleklere bölmegiň indiki görkezijisi bolup, onuň durmuşa geçirilýän görnüşleriniň arasyndaky tapawutlar durýarlar.

1. Janly maýasy öz içine, adam üçin durmuşa geçirilen bilimleri alýar.

2. Janly däl maýasy, bilimleriň fiziki, maddy görnüşlerde durmuşa geçirilýän ýagdaýynda döredilýär.

3. Institusional maýa, jemgyýetiň köpçülikleýin mätäçliklerini kanagatlandyrýan, hyzmatlaryň berilmegi bilen baglanyşykly maddy we maddy däl maýadan ybarat bolýar.

Ol öz içine iki görnüşiniň hem netijeli ulanylmagyna ýardam berýän hökümet we hökümet däl institutlaryny alýar (bilim beriji we maliýe edaralary).

Işgärleri iş ýerinde okatmagyň görnüşi boýunça ýörite adam kapitalyny we umumy adam kapitalyny görkezmek bolýar. Ýörite adam kapitalyny öz içine taýýarlygyň netijesinde alynýan endikleri we bilimleri alýar we diňe ol netijeleriň şonuň işleýän kärhanasynyň bähbitlerine wekilçilik edýär. Ýörite adam kapitalyndan tapawutlylykda, umumy adam kapitaly öz ýanyndan, adamyň işleriniň dürli ulgamlarynda talap edilip bilinjek bilimlerden ybaratdyr.

## 9.2. Adam kapitalyna goýulýan maýa goýumlar

Adam kapitalyna goýulýan maýa goýumlary diýlip, zähmetiň öndürijiligini ýokarlandyrmak üçin kabul edilýän islendik çäräni atlandyrýarlar. Şeýlelik bilen, adam kapitaly üçin maýa goýumlaryna aşakdakylary degişli edýärler:

– saglyk we sagdyn durmuş kapitaly;
– bilim, ylym kapitalyny;
– medeniýet kapitalyny;
– işgärleri taýýarlaýyş kapitalyny;
– taýýarlaýyş kapitalyny;
– migrasiýa kapitalyny;
– işler barada ykdysady taýdan wajyp maglumatlary agtarmak kapitalyny.

Ykdysadyýetçiler adam kapitalyna berilýän maýa goýumlaryny üç sany görnüşe bölýärler:

– bilim bermek üçin çykdajylar, şol sanda umumy we ýörite, iş ýeri boýunça taýýarlyk üçin çykdajylar;

– saglygy goraýyş üçin çykdajylar, ol keselleriň öňüni almakdan, lukmançylyk hyzmatlaryndan, berhizli iýmitlenmekden, ýaşaýyş şertleriniň gowulandyrylmagyndan emele getirilýär;

– mobillilik üçin çykdajylar, olara baglylykda, işgärler ortaça pes öndürijilikli ýerlerden migrasiýa edýärler.

Adam kapitalynyň düzümine laýyklykda goýulýan maýa goýumlar şu aşakdaky 9.1-nji çyzga laýyklykda ýüze çykýar.




**9.1-nji çyzgy. Adam kapitalynyň düzümine laýyklykda goýulýan maýa goýumlar**

Adam kapitaly üçin maýa goýumlarynyň ähli görnüşlerinde has wajyplary bolup adamyň saglygyna we bilim almagyna berilýän maýa goýumlar durýarlar. Umumy we ýörite bilimleri almak adamyň dünýägaraýşyny giňeldýär we bilimleriniň ätiýaçlyklaryny ýokarlandyrýar hem-de şonuň bilen birlikde adam kapitalynyň göwrümini we hilini ýokarlandyrýarlar. Ýokary bilimler üçin berilýän maýa goýumlar bolsa, ýokary hünärmenlik derejeli hünärmenleriň emele getirilmegine itergi berýär, olaryň ýokary hünärmenlik zähmeti bolsa, ykdysady taýdan ösüşiň depginlerine uly täsirini ýetirýär.

Şu gün ähli ýurtlarda adam kapitalyna goýumlaryň iň esasysy bolup önümçilikde okatmak üçin çykarylýan çykdajylar durýarlar. Islendik okuw taslamasynda bilimleriň 80%-i özbaşdak okamaklyga düşýärler. Aýratyn hem bu barlagçy-hünärmenleriň, mugallymlaryň, inženerleriň, kompýuterler boýunça bilermenler we ş.m. hünärlerine degişli bolýar, olar edebiýaty hususy öwrenmegiň üsti bilen, garaşsyz okuw maksatnamalaryny ulanmagyň, işleriniň mysalynda okamagyň üsti bilen, tejribeleriň we beýleki adamlaryň baha bermeginiň (pikirleriniň) mysalynda okamak bilen özleriniň hünär derejelerini hemişe täzelemegiň ugrunda işleýärler.

Bilime maýa goýumlary goýmak mazmuny alamaty boýunça, adatça, resmi we resmi däl bolýar. Resmi maýa goýumlary – bu orta, ýörite we ýokary bilimi almak, şeýle hem önümçilikde hünärmenlik taýýarlygyny geçmek, dürli kurslar, magistraturada, aspiranturada, doktoranturada okamak we başgalar. Resmi däl, bu şahsyýetiň öz-özüniň okamagy, dürli edebiýatlary okamak, sungatyň dürli görnüşlerinde kämilleşmek degişli bolýar, sport bilen hünärmenlik derejesinde meşgullanmak we başgalar girýär.

Bilim bilen bir hatarda saglygy goramak üçin maýa goýumlarynyň berilmegi hem has wajyp bolup durýar. Bu keselleriň we ýogalyşyň azalmagyna getirýär, adamyň zähmete ukyplylygynyň dowamlylygynyň uzalmagyna, muňa baglylykda hem adam kapitalynyň hereket etmeginiň wagtynyň uzalmagyna getirýär.

Adamyň saglyk ýagdaýy – bu tebigy maýa goýum bolup, onuň bir bölegi nesilden-nesle geçýär, beýleki bölegi bolsa adamyň özüniň we jemgyýetiň çykdajylarynyň netijesinde alynýar. Adamyň ömrüniň dowamynda adam kapitalynyň könelişmesi bolup geçýär.

Adam kapitalyna berilýän maýa goýumlaryň olary beýleki maýa goýumlaryndan tapawutlandyrýan birnäçe aýratynlyklary bolýar:

1. Maýa goýumlaryndan adam kapitalyna bermeklik göni onuň göterijisiniň ömrüniň möhletine bagly bolýar (zähmete ukyplylyk döwrüniň dowamlylygyna). Adama kapital goýumlar näçe ir edilse, şonça-da çalt olar yzyna bermekligi başlaýarlar.

2. Adam kapitalyna diňe bir fiziki we moral taýdan könelişmä sezewar bolman, eýsem, toplanmaga we köpelmäge hem ukyply bolýar.

3. Adam kapitalynyň toplanylmagynyň derejesi boýunça onuň girdejililigi, işjeň zähmet işleriniň ýokarky araçägi bilen çäklendirilýän kesgitli çäge çenli ýokarlanýar (işjeň zähmete ukyplylyk ýaşy), soňra bolsa birden peselýär.

4. Adam üçin berilýän ähli maýa goýumlar adam kapitaly üçin goýlup bilinmeýär. Mysal üçin, kriminal işleri bilen baglanyşykly işler üçin çykdajylar, adam kapitaly üçin berilýän maýa goýumlar bolmaýarlar, çünki olar jemgyýetçilik üçin maksadalaýyk däl we jemgyýet üçin zyýanlydyr.

5. Adam üçin berilýän maýa goýumlaryň häsiýeti we görnüşleri taryhy, milli, medeni aýratynlyklary we däp-dessurlary bilen şertlenýärler.

6. Maýa goýumlaryň beýleki dürli görnüşleri üçin berilýän maýa goýumlary bilen deňeşdirilende, adam kapitaly üçin maýa goýumlar aýratyn adam üçin nukdaý nazardan, şeýle hem ähli jemgyýet üçin has peýdaly bolýarlar.

Şeýle hem, adam kapitalynyň aşakdaky 9.2-nji çyzga laýyklykda 3 topary tapawutlandyrylýar.

9.2-nji çyzgyda görkezilişi ýaly, adam kapitaly indiwidual adam kapitaly, kärhananyň adam kapitaly hem-de milli adam kapitaly toparlara bölünýär.

Adam kapitaly üçin goýumlaryň çeşmesi bolup döwlet (hökümet), döwlete degişli däl jemgyýetçilik gaznalary we guramalary, sebitler, aýratyn firmalar, hojalyklar (şahsyýetler), halkara gaznalary we guramalar, şeýle hem bilim beriji edaralary çykyş edip bilerler.

Häzirki wagtda bu ulgamda döwletiň eýeleýän orny ýeterlikli uludyr. Döwlet olara bu ulgamda hem mejbury, şeýle hem höweslendiriji




**9.2-nji çyzgy. Adam kapitalynyň toparlary**

çärelerini amala aşyrýar. Mejbury çärelerine hemmeler üçin orta mekdebiň göwrüminde hökmany resmi bilim almaklyk degişli, hökmany lukmançylyk öňüni alyş çäreleri (öňüni alyş sanjymlar) we başgalar degişlidir. Emma esasy çäreler bolup, höweslendiriji çäreler durýarlar. Döwlet bazaryň üsti bilen adam üçin hususy maýa goýumlarynyň möçberlerini üýtgetmek maksady bilen ulanylýan iki sany täsir ediji usullaryna ygtyýarlyk edýär:

– döwlet adamyň girdejilerine täsir edip bilýär (salgytlaryň we subsidiýalaryň üsti bilen);

– şeýle hem adam kapitalyny satyn almagyň nyrhyny düzgünleşdirmeklige ukyply bolýar (ulanylýan serişdeleriň nyrhlaryny düzgünleşdirmek bilen).

Aýratyn hem adam kapitalynyň emele getirilmeginiň has wajyp ulgamlarynda – bilim ulgamynda we saglygy goraýyş ulgamynda döwletiň tutýan orny has ägirtdir.

Adam kapitalynyň aktiwleriniň döredilmeginde aýratyn kompaniýalaryň (firmalaryň) orny ähmiýetlidir. Olar, köplenç, bu maýa goýumyň iň netijeli öndürijileri hökmünde bolup çykyş edýärler.

Özüniň işgärleri üçin maýa goýumlaryny goýmak bilen firmalar, olaryň zähmetini ýokarlandyrmaga, iş wagtynyň ýitgilerini azaltmaga we şonuň bilen birlikde özleriniň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga çalyşýarlar. Serişdeler hünärmenlik taýdan taýýarlamaga we gaýtadan taýýarlamak okuwlarynyň guralmagyna goýulýar, işgärleriň saglygynyň bejergisi üçin çykdajylarynyň tölenilmegine we öňüni alyş çäreleri üçin, bedenterbiýe we sport merkezleriniň gurluşygy üçin, mekdebe çenli çagalar edaralarynyň gurluşygyna we ş.m. harçlanylýar.

Maşgalanyň derejesinde adam kapitalynyň maýa goýumlary hem örän wajypdyr. Çünki adam kapitalyny düzýän ähli birlikleri maýa goýumlarynyň üsti bilen edinilýär we köpeldilýär, olary maşgalada öz çagasy üçin hatda çaganyň dogmagy bilen däl-de, eýsem, çaga edinmek barada çözgüdiň kabul edilen wagtyndan goýulýar. Bir tarapdan, ene-atasy üçin çagalar – bu kanagatlanmalaryň çeşmesi, emma beýleki tarapdan, çagalary terbiýelemek – bu az bolmadyk çykdajylaryň çeşmesi.

Maşgalada adamyň intellektual we psihiki ukyplarynyň toplanylmagy şahsyýetiň adam kapitalyna geljekki ösüşi we hemişelik kämilleşmegi üçin esasy binýat bolup durýar. Çagalaryň adam kapitalynyň ösüşi üçin maýa goýumlar diňe bir hususy ösüşi üçin esas bolup durman, eýsem, geljekki nesilleriň jemleýji adam kapitalyny emele getirmek üçin binýat bolup gulluk edýärler. Terbiýelemegiň we bilim bermegiň netijesinde maşgalalarda adam kapitalynyň dürli görnüşleri emele getirilýär, binýatlaýyn psihiki akyl ukyplylygy döredilýär, şahsyýet emele getirilýär.

## 9.3. Kärhananyň adam kapitalyny emele getirmek üçin esasy çemeleşmeleri

Kärhanalar işgärleriniň maddy däl häsiýetnamalaryna, ýagny mylakatlylyk, sarp edijiler bilen özara gatnaşyklary ýola goýmaga ukyplylyk we töwekgelçiliklere gitmek üçin taýýarlygy ýaly häsiýetlerine has uly üns berip başladylar, şeýle hem olara resmi taýdan baha bermegiň usullaryny agtarýarlar hem-de adam kapitalynyň mümkinçiliginiň nähili gymmat bolýanlygyna düşünmek bilen, kompaniýalar olary has bir anyk görnüşe – adam kapitalyna özgerdýärler.

«Yahoo» kompaniýasynyň paýnamalarynyň bahasynyň birden ýokarlanmagy, diňe bir kompaniýanyň maliýe ýagdaýyny görkezmän, eýsem, bilimlerden, başarnyklardan we onuň işgärleriniň täze çözgütlerini agtarmak üçin ukyplaryndan emele getirilýän mümkinçiligini hem görkezýär.

Muňa garamazdan, kärhanalaryň köp ýolbaşçylary adam kapitalyny ösdürmek maksatnamalaryna maýa goýumlaryny bermekden (mysal üçin, işgärleri guramada okatmak üçin) boýun gaçyrýarlar, çünki beýle maýa goýumlardan yzyna almalaryň kesgitlenilmegi bilen baglanyşykly boljak kynçylyklara düşünýärler.

Geçen asyryň 90-njy ýyllarynyň başynda Maýkl Uorren, «Alagasco» müdirler geňeşiniň başlygy we ýerine ýetiriji müdiri hökmünde kompaniýadaky işgärleriň tejribesini kämilleşdirmegiň ýollaryny agtarmak bilen meşgullanyp başlady. Geçirilen barlaglaryň netijesinde, ýagny işgärler tarapyndan işlemek has amatly diýlip hasap edilýän guramalar, şeýle hem öz ugurlarynda hem has üstünlikli bolýarlar. Şunlukda, Alagasco kompaniýasy öz işgärleriniň iş tejribesini kämilleşdirmeklige çagyrýan maksatnamalaryň birnäçesini durmuşa geçirdi. Mysal üçin, kompaniýa Temporary Reassignment Program (sözme-söz: täze wezipä bellemegiň wagtlaýyn maksatnamasy) maksatnamasyny durmuşa geçirdi, ol işgärlere olaryň, adatça, ýerine ýetirmeli borçlaryndan düýbünden tapawutlanýan wezipelerde özlerini synap görmäge mümkinçilik berýär. Maksatnamanyň maksady işgärlere täze endikleri almaklarynda, olaryň tejribesini giňeltmekleri üçin

mümkinçilikleri bermekde jemlenýär. Işgärler özleriniň adaty borçlaryny ýerine ýetirmek ulgamynda arzuw edip bilmejek keşplerini ýerine ýetiren ýagdaýynda, bu olara diňe bir öz mümkinçiliklerine bolan ynamyny bermän, eýsem, menejerler we kärdeşleri tarapyndan özlerine hormaty gazanmaklaryna hem ynam döredýär.

Adam kapitalynyň diňe bir aýratyn kompaniýa üçin has gymmatly serişde däl-de, eýsem, tutuş jemgyýet üçin hem gymmatlyk bolup durýar diýen nukdaýnazarynyň arkasyny tutýanlaryň sany artýar, ol tebigy serişdeleri we toplanylan baýlyk bilen deňeşdirilende has wajyp bolýar.

## 9.4. Kärhananyň işgärleriň hünärmenlik taýdan taýýarlygynyň ýokarlandyrylmagy üçin goýberýän maýa goýumlary

Häzirki wagtda firmalar öz serişdeleriniň has köp bölegini öz işgärleriniň hünärmenlik derejeleriniň ýokarlandyrylmagyna harç edýärler. Okatmagyň ornunyň giňelmesi «ykdysady bäsleşikleriň düzgünleriniň üýtgänligini» görkezýärler.

Kärhanalaryň işlemegi, ösmegi üçin şu gün çaltlyk we çeýelik talap edilýär, önümleriň hili, görnüşleri babatda müşderileriň talaplaryny kanagatlandyrmak, gümrük şertleriniň, amatlylygyň we öz wagtynda kanagatlandyrylmagy talap edilýär. Beýle ýagdaýlara jogap bermek üçin diňe bir tehniki taýdan taýýarlanan işgär bolmaly däl, zähmet işlerine degişli bolan meseleleri seljermäge we çözmäge, köpçülikde öndürijilikli işlemäge, şeýle hem işleriň bir görnüşinden beýleki görnüşine geçmeklige ukyply bolmaly.

Kärhananyň işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmak umumy we ýörite taýýarlyga bölünýär. Umumy taýýarlyk üçin çykdajylar hem olary geçirýän kärhanalarda, başga kärhanalarda-da işgäriň öndürijiligini deň derejede ýokarlandyrýarlar we kärhanalar tarapyndan berilýän öndürijiligiň ýokarlandyrylmagy bilen baglanyşykly iş ýeri boýunça taýýarlamak bolsa ýörite taýýarlyga degişli bolýar.

Işgärleriň kärhananyň içerki önümçiligi bilen tanyşmaklary üçin kärhana tarapyndan harç edilýän serişdeler we alan bilimleri hem ýörite taýýarlygyň görnüşleriniň biri bolup durýarlar, sebäbi öndürijilik başga ýerlerde däl-de, kärhanalaryň özünde ýokarlanýar.

Umumy taýýarlyk, onuň alnan ýerinden başga-da, köpsanly kärhanalarda peýdalary getirmeklige ukyply bolýar. Şol sebäpden hem, rejeli hereket edýän kärhanalar bäsleşik bazarynda umumy taýýarlyk boýunça çykdajylaryň tölegleriniň geçirilmegine gatnaşmaýarlar. Umumy taýýarlygy alýan adamlar, onuň üçin özleri töleg geçirýärler, çünki ol olaryň geljekki aýlyk haklaryny ýokarlandyrýar. Kärhanalaryň umumy taýýarlyk üçin çeken çykdajylary yzyna gaýtaryp almaýanlygyna garamazdan, olar şonda-da olary işgärlerine berýärler.

Ýörite taýýarlyk üçin harajatlary kärhanalar öz üstüne alýarlar, we öndürijiligiň ýokarlanmagy bilen şertlenýän, has ýokary girdeji hökmünde beýle taýýarlykdan alýan peýdasynyň esasynda hem firmalaryň özi köp girdejileri alýarlar.

Eger kärhanalaryň işgärleriniň geldi-geçerliligi barada aýdylsa, onda olary umumy taýýarlygy geçen işgärleriň geldi-geçerligi has az gyzyklandyrar, çünki olar beýle taýýarlygy hemme ýerde alyp bilýärler. Kärhanalary ýörite taýýarlygy geçen işçi güýjüniň geldi-geçerligi aladalandyrýar we beýle işgärleriň geldi-geçerligini azaltmak üçin – olara has ýokary aýlyk haklary teklip edilýär, çünki ýörite taýýarlyk üçin çykdajylar kärhananyň öz üstünde galýar. Netijede, geldi-geçerligiň görkezijileri ýörite taýýarlygy geçen işgärlerde has az bolýar. Eger has köp bolsa , onda umumy taýýarlygy geçen işgärler üçin, ýagny olaryň taýýarlygy, taýýarlygy berýän kärhanalaryňkyda, olaryň diwarlarynyň daşy bilen deňeşdirilende olaryň öndürijiligini (mysal üçin, resmi bilim almak) ýokarlandyrýarlar.

Işgärleri okatmagyň maliýeleşdirilmegi, täze okuw merkezlerini döretmek, dünýäniň ýurtlarynyň köpsanly kompaniýalary üçin ünsüň esasy obýektleriniň biridir. Emma, gynansak-da, köp kärhanalar entek okatmak ugrunda serişdelerini tygşytlaýarlar. Şol bir wagtyň özünde bolsa, IBM, «Kseroks», «Motorola» kompaniýalary we başgalar zähmete hak tölemegiň gaznasyndan 5%-den 10%-e çenli serişdele-

ri işgärleriň okadylmagyna gönükdirýärler, köp kärhanalaryň bilim üçin çykarýan çykdajylary zähmete hak tölemegiň gaznasynyň azyndan 2%-ine deň bolýar. Emma her niçik bolsa-da, edil işgärleriň okadylmagy kärhanalaryň bäsleşige ukyplylygynyň ýokarlandyrmak serişdeleriniň sanawynda birinji orunlara çykýarlar.

## 9.5. Işgärler syýasaty

Kärhanada her bir işgäriň hünär derejesiniň hemişelik ýokarlandyrylýan, öz-özüniň bilimlerini ýokarlandyrmagyň we döredijilik inisiatiwasynyň borçlaryny we talaplaryny emele getirýän gurşawyň döredilmegi örän wajypdyr. Täze tehnologiýalar, harytlar we hyzmatlar diňe işgärleriň mümkinçiliginiň ýokary bolan ýerinde emele gelýärler.

Kärhanalar «bilimli adamlaryň» gitmegi ýaly mesele bilen çaknyşýarlar (bu ýagdaýda hünärmeni taýýarlamak üçin goýlan serişdeler hem, hünärmeniň özi hem ýitirilýär). Bu meseleden gaça durmak üçin, işgärleriň we olaryň çagalarynyň okadylmagynyň töleg ulgamy maslahat berlip biler (ýokary we orta okuw mekdeplerinde), onda kärhana okuw üçin karzlary berýär. Karzlary almagyň hökmany şerti, okuwlary tamamlandan soňra hünärmen kärhanada işlemegini dowam etdirmeli bolýar (möhleti, düzgün bolşy ýaly, dört ýyldan köp bolmaýar, ondan soňra işgär karzy üzmek boýunça borçnamalaryndan erkin diýlip hasap edilýär).

Häzirki zaman kärhanasynyň işgärleriniň gurluşyny dört derejeli piramida şekilinde görkezmek bolýar, onuň esasynda hünärmenler (birinji dereje), soňra wertikal boýunça menejerler (ikinji dereje) we administratorlar (üçünji dereje) ýerleşýärler, depesinde bolsa akyldarlar (dördünji dereje) ýerleşýärler. Mundan başga-da, gorizontal gurluşynda işgärleriň şu aşakdaky ugurlar boýunça ylalaşylan işlerine seredilýär: «Täze tehnologiýalar», «Howpsuzlyk we gözegçilik», «Täjirçilik» we «Adam we önümçilik».

Eger «piramidanyň» (gurluşyň) haýsydyr bir gatyny doldurmaga hünärmen bolmasa we olar zerur bolsa, onda «gapdaldan» işgäri tapmak zerur bolýar, bu bolsa ýeňil bolmaýar. Onda ilki bilen:

– anyk nähili hünärmeni agtarmaklygy çözmeli;

– täze işgäriň wezipe borçlaryny işläp taýýarlamaly;

– ygtyýarlyklarynyň we jogapkärçiliginiň derejesini kesgitlemeli hem-de hünär derejesini kesgitlemeli;

– wertikal we gorizontal boýunça özara gatnaşyklarynyň tertibini kesgitlemeli;

– boş wezipäniň anyk beýanyny taýýarlamaly we dalaşgäre talaplary bermeli. Munuň üçin täze işgär bilen söhbetdeşlik geçirýärler.

Söhbetdeşligi, düzgün bolşy ýaly, kärhanany bilýän we ýörite taýýarlygy geçen we degişli ygtyýarlyklary alan, söhbetdeşligiň psihologiýasyna düşünýän hünärmen geçirýär. Söhbetdeşlik täze işgäriň firma üçin ygtyýarlyklaryna, başarnyklylygyna, özüniň guramaçylygyna, şahsy görkezijilerine, potensial peýdalylygyna baha bermeklige mümkinçilik berýär. Kärhana üçin hünärmeni nädogry saýlap almaklyk kärhana uly zyýan ýetirip biler.

Dolandyrmagyň netijeli modeliniň mysaly hökmünde, ýaponlaryň «bütin ömrüne hakyna tutmak» ulgamyny görkezmek bolar. Beýle model şulary göz öňünde tutýar, ýagny işgärler işe giren pursadyndan tä pensiýa çykýançalar bir kompaniýada bütin ömürlerine işleýärler. Işe alynýanlaryň uzakmöhlet bilen hakyna tutulýandyklary sebäpli, täze işgärleri seçip almaklyk birinji derejeli ähmiýete eýe bolýar. Adatça, iri kompaniýalar ýokary okuw jaýlary, ýörite orta okuw jaýlary hem-de mekdepler bilen gürleşýärler we mekdep okuwçylarynyň arasyndan entek olaryň mekdebi tamamlamagyndan köp öň özlerine geljekki işgärleri seçip alýarlar. Dalaşgärler ýörite fakultatiw kurslaryny diňleýärler, olara bu sapaklary kompaniýanyň alyp baryjy işgärleri okadýarlar. Beýle kurslar geljekki işgärleri kompaniýanyň taryhy, önümçiligiň ýöriteleşişi we dolandyryşy bilen tanyşdyrýarlar.

Iri kompaniýalaryň aglaba böleginde täze işgärleri şertli işe kabul edýärler we synagdan geçiriji möhletden soňra wezipe birligine hasaba alýarlar. Täze işgärler söhbetdeşliklere gatnaşýarlar, olarda esasy üns dalaşgäriň şahsy häsiýetlerine, höwesliligine, hususy işewürlik maksatlaryna berilýär. Beýle söhbetdeşlikleriň esasy wezi-

pesi – dalaşgäriň kompaniýanyň işgärleri bilen gabat gelýän mümkinçiliklerini anyklamak, ony haýsy wezipede we nirede maksadalaýyk ulanyp boljakdygyny kesgitlemek.

«Bütin ömrüne hakyna tutmak» ulgamy bilen ähli işe hakyna tutulanlar gurşalyp alynmaýar-da, diňe «Honko» derejesine degişlileri gurşap alýar. Beýle derejä, hiç ýerde işlemän, okuwyny tamamlan badyna kompaniýa işe gelenler girýärler.

«Bütin ömrüne hakyna tutmak» ulgamy öz ýanyndan, hakyky funksional ulgamy bolup durýar, özüniň mazmuny boýunça, hakyna tutulanlaryň şu kärhana «degişlilik» aragatnaşygyny kesgitleýji bolup durýar. Işgärlere senagat kärhanasynyň maşgalasyna degişliligi – bu onuň üçin ullakan abraý, ol oňa diňe bir ýokary jogapkärçiligi ýüklemän, eýsem, ony keseki kärhanalaryň işgärlerinden ýokarylygy bilen tapawutlanýandygyny ynandyrmaly.

Bu mysaldan hünärmenlik taýdan taýýarlygyň ähmiýeti görünýär, ol ýapon kärhanalarynda entek işgär işe kabul edilmänkä has öň amala aşyrylýar. Ýapon korporasiýalary, işgäriň şol kärhana «Bütin ömrüne hakyna tutulmagyny» üpjün etmek üçin özüniň ýörite adam kapitalyny döredýärler. Bu hem kompaniýa ykdysady taýdan netijeliligini berýär.

Ykdysady edebiýatlarynda adam kapitalyna baha bermegiň çemeleşmeleriniň we usullarynyň köpdürli görnüşleri ulanylýarlar. Adam kapitalynyň ululygyna baha berlende, hem bahalaýyn (pul), şeýle hem natural bahalar ulanylýarlar.

Has ýönekeý usullaryň biri bolup, natural (wagt boýunça) baha beriş usulyny ulanýan usul durýar, adam kapitalynyň ölçemelerini (elbetde bilimi) okuwlaryň adam-ýyl hasabyny ölçemek usuly düzýär. Adama bilim bermek üçin näçe köp wagt sarp edilen bolsa, bilimiň derejesi näçe ýokary bolsa, şonça-da ol adam kapitalynyň uly göwrümine eýelik edýär. Munda seljerilýän döwrüň dowamynda okuw ýylynyň birmeňzeş däl dowamlylygy nazara alynýar, bilimiň dürli derejelerinde okuw ýylynyň deň däldigi (mysal üçin, mekdepdäki orta bilim we uniwersitetdäki ýokary bilim) nazara alynýar *(9.3-nji çyzgy)*.




**9.3-nji çyzgy. Kärhanada adam kapitalyny hasaplamagyň usullary**

**1.** Adam kapitalyna harç edilen göni çykdajylary hasaplamagyň adaty usuly. Bu kärhananyň dolandyryjylary üçin iň ýeňil usuldyr, onda bolsa kärhananyň öz işgärleri üçin eden umumy ykdysady çykdajylaryny hasaplamaga mümkinçilik berýär. Bu hasaplamalardaky çykdajylara zähmet haky, durmuş üpjünçiligine, iş ýeriniň howpsuzlygyny we iş ýerini gowulandyrmak, işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmaga we işgärleri taýýarlamaga çykdajylar degişlidir. Bu usulyň esasy aýratynlygy ýönekeýlik we aýdyňlykdyr. Şol bir wagtyň özünde-de kärhananyň adam kapitalynyň ähmiýeti barada nätakyk we doly däl kesgitlemeler bolýar.

**2.** Has aýdyň we kyn usuly adam kapitalynyň bahasyny bäsleşikli kesgitlemeklikdir. Bu usul çykdajylaryň we kärhananyň işgärleriniň işden çykmagynyň täsirindäki potensial ýitgileriň jeminden hasaplanylýandyr. Bu usul özüne aşakdakylary alýar:

1. Işgärlere edilen hemişelik we üýtgeýän harajatlary (göni çykdajylary hasaplamakdaky usuly peýdalanmaly) göz öňünde tutýar;

2. Kärhananyň işgärlerini höweslendiriş baýraklary, şol bir wagtyň özünde bäsdeşler işçi güýjüniň öz kärhanasyna geçeni üçin berýärler. Höweslendiriş pullary ekspertleriň kesgitlemegi esasynda berilýär;

3. Kärhananyň çykdajylary, işgär işden çykan ýagdaýynda onuň ornuny tutup biläýjek işçi güýjüni tapmak üçin çykdajylar kärhananyň goşmaça çykdajylarydyr. Muňa özbaşdak gözleg üçin çykdajylar, hyzmatlary üçin tölegler, metbugat bildirişleri degişlidir;

4. Ykdysady ýitgi, kärhanada işçi güýjüniň ýok wagty we onuň ornuny tutup biläýjek işçi güýjüniň gözlegi döwründe bolýar. Oňa haryt (hyzmat) önümçiliginiň peselmegi, okatmak üçin çykdajylar, harydyň (hyzmatyň) hiliniň peselmegi, işgäriň çalyşmagy we ş.m. netijesinde ýüze çykýar;

5. Işgäriň zähmeti we intellektualy döwründe ýokary öndürijilik endikleriniň ýitgisi, çünki munda işgär öz zähmete ukyplylygyny bäsleşýän kärhanasyna ýany bilen alyp gidýär;

6. Bazarda öz paýyň ýitmegi, bäsleşigiň täsiriniň artmagy netijesi garşydaşynyň satyjylyk göwrüminiň artmagyna getirýär;

7. Adam kapitalynyň bahasyny öňdengörüjilik usuly bilen kesgitlemeli.

Bu bahalandyrma uly we uzakmöhletli taslamalar bilen işleýän kärhanalary bahalandyrmak üçin usul hökmandyr. Meselem, bu bahalandyrma innowasion ulgamda ylmy işleri alyp barýan edaralarda ýa-da uzakmöhletli ýokary tehnikalary gurluşyk işleri bilen meşgullanýan kärhanalarda has ýokarydyr;

8. Käbir işgärler üçin adam kapitalynyň bahalandyrylmagy hakyky synagyň ýa-da ýörite gurnalan telekeçilik işiniň netijesinde kesgitlenilýändir hem-de şu aşakdaky iki usul bilen alynýandyr:

a) işgärler tarapyndan getirilen netijeler esasynda kesgitlemeli. Girdejiden ýa-da goşulan bahadan işgäriň getiren bahasy gelip çykýar, beýleki görnüşi kärhananyň aktiwleriniň bahasyny kesgitlemek esasynda amala aşýar. Şol bir wagtda bu bahalandyrma intellektual sanda-da, telekeçilik işinde-de giňden ulanylýandyr;

b) häzirki zaman innowasion tehnologiýanyň kömegi bilen bahalandyrma kärhananyň menejment bölüminde işleýän işgärlerine beletdir. Ondan başga-da, kärhananyň bazar şertlerinde menejerleri özüne çekmek üçin köp möçberde serişdeler harçlanýar. Şonuň üçin hem bazarda ýitgi çekýän kärhanany bazar şertlerinde girdeji gelýän kärhana öwürýän, ýokary aýlyk haky tölenýän zähmet menejeriň işidir. Hünär derejesine we ukybyna baglylykda oňa kärhananyň gülläp ösmegi ýa-da ýok bolmagy baglydyr.

Adam kapitalyny bahalandyrmagyň sanalyp geçilen usullarynyň birini peýdalanyp, adam kapitalynyň ululygyny takyk kesgitläp bolýandyr. Kemçiliklere garamazdan, ýokarda sanalyp geçilen usullary ulanmaklyk kärhananyň işinde dürli ugurlar boýunça tejribeli işgärler syýasatyny döretmäge mümkinçilik berýär.

Adam kapitalynyň netijeliligi aşakdaky formula laýyklykda kesgitlenilýär:

$$N = (\ddot{O} - \ddot{O}_n) \times B/A\ , \qquad (10.1)$$

bu ýerde $N$ – adam kapitalyna goýulýan maýa goýumlaryň 1-nji tapgyrdaky netijeliligi (manat), $\ddot{O}$ – işgäriň hünär taýýarlygyny geçmezden ozalky öndürijiligi, $\ddot{O}_n$ – işgäriň hünär taýýarlygyny geçenden soňky öndürijiligi, $B$ – önümiň bir birliginiň bahasy, $A$ – adam kapitalyna goýlan maýa goýumlar.

Adam kapitalyna mukdar taýdan baha bermeklik üçin kärhanadaky, sebitdäki, ýurtdaky aýlyk haklarynyň derejesinden ugur almak bolar. Adam kapitalynyň düşünjesiniň nazaryýetine laýyklykda bellibir hünär derejeli işgäriň girdejisini $S_n$ iki düzüjä bölmek bolar. Birinji düzüji onuň bilimi bolmadyk ýagdaýynda aljak girdejisini öz içine alýar. Ikinji düzüji bilime maýa goýumlardan girdejini öz içine alýar:

$$S_n = S_o + I_n R_{\text{bilim}}, \qquad (10.2)$$

bu ýerde $S_o$ – adamyň bilim derejesi bolmadyk ýagdaýynda aýlyk haky, $I_n$ – okuw okamagy üçin goýlan maýa goýumlaryň möçberi, $R_{\text{bilim}}$ – bilime maýa goýumyň gündelik girdejisiniň kadasy.

Diýmek, aýlyk haky gatlakly gurluş bolup, her gatlak bilimiň belli--bir derejesi bilen baglanyşyklydyr. Şonuň üçin ýokary bilimiň ykdysady netijeliligi iki şahsyň – ýokary okuw mekdebini gutaran bilen orta okuw mekdebini gutaranyň ömürlik aýlyk haklarynyň tapawudy hökmünde hasaplanylýar. Şunda bilime bolan harajatlaryň düzümine, göni çykdajylardan başga-da, okuwçylar tarapyndan «Ýitirilen peýda» hem girýär. Sebäbi olar okuw döwri öz zähmetiniň hasabyna girdeji alyp bilmeýärler.

Adam kapitalyna baha bermegiň ikinji etabynda gönümel ykdysady täsire (effektiň) baha berilýär. Beýle baha bermelik, adatça diňe işçiler bilen bagly bolan maýa goýum taslamasy durmuşa geçirilenden soň mümkindir. Ykdysady netijä baha bermeklik üçin belli bolan görkezijiden *ROI* (Return of investement) – «Maýa goýum gaýtarymdan» peýdalanylýar:

$$ROI = \frac{\Delta D}{Z} \times 100\%, \qquad (10.3)$$

bu ýerde $\Delta D$ – maýa goýum taslamasy durmuşa geçirilenden soň düşewüntliligiň artmasy, $Z$ – maýa goýum taslamasyny durmuşa geçirmeklik üçin göni we gytaklaýyn harajatlar;

Käbir anyklamalara görä, eger *ROI*-niň bahasy 20%-den kiçi bolsa, adam kapitalyna goýlan maýa goýumlary netijeli däl diýip kabul etmek bolar. 20% görkeziji – bazarda durnukly ýagdaýa eýe bolan «rahat» kärhanalara mahsusdyr. Umuman, *ROI* 20%-den 150 – 200%-e çenli bolsa, onda maýa goýum taslamasy şowly we netijeli bolýar diýip hasaplanylýar. Netijeli kärhanalarda *ROI*, adatça, 150 – 200%-e ymtylmalydyr. Ýöne *ROI*-niň bahasy ýeterlik derejede anyk bolman biler. Şonuň üçin ony hökmany seljerme edilmelidir. Maýa goýumlarda netijeliligiň seljermesi üç sany esasy ugur boýunça geçirilip bilner:

– işgärleriň maýa goýum taslamasyny saklamaklygyň höwesini we sebäbini öwrenmek;

– maýa goýum taslamasynyň netijesinde bilime ýa-da tejribä baha bermeklik;

– alnan bilimleri iş ýüzünde ulanmak.

Eger bu ugurlar boýunça ýokary baha alnan bolsa, onda ROI-niň ýalňyşlygy ujypsyzdyr we ony hasaba almasa hem bolar.

# X bap

# INNOWASIÝA MAÝA GOÝUMLARY

## 10.1. Innowasiýalar syýasaty

Dünýä tejribesiniň görkezişi ýaly, döwletleriň aglabasynda gazanylýan innowasion ösüşler senagat syýasatyna daýanýar. Diňe ýerlikli ykdysady syýasaty saýlap alan, özbaşdak innowasion mümkinçiliklerini artdyrmak barada yzygiderli aladalanýan, Bütindünýä zähmet bölünişigine sazlaşykly aralaşýan, daşary ýurt maýalaryny çekmekde işjeňlik görkezýän, täze tilsimatlary yzygiderli önümçilige ornaşdyrýan döwletlere ykdysady töwekgelçiliklerden daşda durup, durnukly ösüşiň has belent basgançaklaryna çykmak başardýar.

Senagat syýasaty – bu döwletiň ykdysady ösüşleri gazanmak maksady bilen senagatyň gurluşyny we düzümini guramakdaky ornuny artdyrmaga esaslanýan syýasy ugurdyr.

Senagat syýasatynyň has öňdebaryjy we döwrebap usuly özüniň esasy ugry hökmünde institusional çäreleri we adam kapitalyny artdyrmagyň hilini saýlap alýar. Beýleki bir ugry bolsa netijeli senagat syýasatyna gatnaşýan deňhukukly taraplaryň – döwletiň, işewürçiligiň ylmy we jemgyýetçilik edaralarynyň özara ýakyndan hyzmatdaşlygyny göz öňüne tutýar. Gürrüň bu ýerde maksatlary, öňde duran meseleleri we olary amala aşyrmakda zerur bolan mehanizmleri, ýollary aýdyňlaşdyrmakda we saýlap almakda tagallalary birleşdirmek barada barýar. Bu senagat syýasatynyň baş ugry öndürilýän harytlaryň we hyzmatlaryň içerki we daşarky bazarlarda bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak, şeýle-de, ileri tutulýan ugurlary kesgitleýän döwlet dolandyryş edaralarynyň tutýan pozisiýasy bilen bagly bolup durýar. Başgaça aýdanymyzda, şeýle syýasat bazar şertlerine has çuň uýgunlaşdyrylandyr. Şeýle şertlerde ýagdaýlary kadalaşdyrmak döwlete düşýän paýy artdyrmak zerurlyk bolup ýüze çykýar.

13. Sargyt № 995

Ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak babatynda döwletleriň ählisiniň diýen ýaly amala aşyrýan senagat syýasatynda milli innowasion ulgamyny ösdürmäge esasy orun berilýär.

Innowasiýalar – bu bazarda ýerleşdirilýän täze ýa-da has kämilleşdirilen önümi almakda öz beýanyny tapýan işiň, amaly tejribeçilikde peýdalanylýan täze ýa-da has kämilleşdirilen usulyň gutarnykly netijesidir.

Milli innowasion ulgamy – bu täze bilimleri we täze tilsimatlary döretmek, saklamak, ýaýratmak üçin niýetlenen we özara bagly subýektleriň we institutlaryň (gymmatlyklar, kadalar, hukuklar) çylşyrymly ulgamydyr.

Milli innowasion ulgamlary iki görnüşli – administratiw-buýruk beriji we bazar häsiýetinde bolýar.

Birinji topara döredilýän emlägiň doly döwletleşdirilmegi, şol sanda intellektual taýdan ýapyklyk we öz güýjüne daýanmaklyk, ösüşiň mobilizasion görnüşi we ş.m. mahsusdyr.

Bazar innowasion ulgamynyň esasy häsiýetleri şulardyr:

– milli innowasion ykdysadyýetiň açyklygy, onuň global dünýä hojalygyna ynamly aralaşmagy;

– bäsdeşlik gurşawynyň hukuk taýdan üpjün bolmagy, munuň özi önüm öndürijileriň ünsüniň hemişe sarp edijileriniň bähbidine sazlaşmagyny şertlendirýär, şol maksat bilen hem täze innowasiýalary döretmäge höweslendirýär;

– şahsy emläge, şol sanda paýhas zähmetiniň netijelerine bolan hukugyň bolmagy.

## 10.2. Innowasiýa maýa goýum taslamalarynyň düzüm bölekleri

Innowasiýanyň esasy onuň durmuşa geçirilmeginiň islendik tapgyrynda täzeligiň ýaýradylmagy bilen ýüze çykar.

Innowasiýa maýa goýumlaryny birnäçe alamatlar boýunça düzüm böleklere bölüp bolar. Şonuň üçin ilkinji nobatda innowasiýa maýa goýumlarynyň ululygy boýunça düzüm böleklerine seredeliň:

1. Monotaslama – bir kompaniýanyň çygrynda gysga wagtda we kesgitli maliýe serişdeleriniň çäginde ýerine ýetirilýän taslamalara aýdylýar.

2. Multitaslama – onlarça monotaslamalary öz içine alyp, ylmy-tehniki toplumy döretmeklige we uly möçberdäki tehnologiki tabşyrygy ýerine ýetirmäge gönükdirilen taslamalara aýdylýar.

3. Megataslama – merkezleşdirilen dolandyryş we maliýeleşdiriş esasynda baglanyşykly bolan monotaslamalary we multitaslamalary öz içine alýar. Megataslamanyň çäginde sebitiň ekologiýa ýagdaýyny gowulandyrmak, döwletiň kompaniýalarynyň we önümleriniň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak ýaly meýilnamalar ýerine ýetirilýär *(10.1-nji tablisa).*

*10.1-nji tablisa*

**Innowasiýa taslamalarynyň düzüm bölekleri**

<table>
<tr><th>Düzüm bölekleriniň alamatlary</th><th colspan="4">Alamatlaryň ähmiýeti</th></tr>
<tr><td>Ululygy we täsir edijilik çägi</td><td>Global (hemme taraplaýyn we ähli zady öz içine alýan)</td><td colspan="2">Pudaklaýyn</td><td>Bellibir ýere degişli</td></tr>
<tr><td>Innowasiýanyň derejesi</td><td>Binýatlyk</td><td colspan="2">Gowulandyryş</td><td>Ýasama innowasiýa</td></tr>
<tr><td>Ideýanyň çeşmesi</td><td>Açyk</td><td>Oýlap tapyjylyk</td><td>Rasionalizatorçylyk teklipler</td><td>Gaýrylar</td></tr>
<tr><td>Täzeçilligiň görnüşi</td><td>Gurnama – gurluş</td><td>Tehnologiýa</td><td>Maddy zatlar</td><td>Diri organizmler</td></tr>
</table>

Innowasiýa maýa goýum taslamalary wagt nukdaýnazaryndan uzakmöhletleýin (strategiki) – bäş ýyl möhletli, orta möhletli – 3-5 ýyl we gysga möhletli – üç ýyldan az bolan taslamalara bölünýär.

Şeýle hem, innowasiýa taslamalary aýratyn tapawutly häsiýetleri boýunça aşakdaky 10.2-nji tablisa laýyklykda düzüm böleklere bölünýär.

*10.2-nji tablisa*

**Aýratyn tapawutly häsiýetleri boýunça innowasiýa taslamalarynyň düzüm bölekleri**

| Ýerine ýetiriliş möhleti | Innowasiýanyň ugurlary | Sarp ediş ugry boýunça | Taslamanyň maksatly häsiýeti |
|---|---|---|---|
| Uzakmöhletleýin | Täze önüm | Täze sarp ediş hereketi | Ahyrky |
| Orta möhletleýin | Önümçiligiň täze usuly | | Aralyk |
| Gysga möhletleýin | Täze bazar | | |
| | çig malyň täze çeşmesi dolandyryşyň täze gurluşy | | |

## 10.3. Innowasiýa hadysalary innowasiýalary durmuşa geçirmegiň guraly hökmünde

Innowasiýanyň durmuşa geçirilýän hadysasyny innowasiýa hadysasy diýip atlandyrmak kabul edildi.

Bu umumy kesgitleme doly däl bolup, ol hil taýdan özgertmeleriň çylşyrymly hadysasynyň içerki gurluşyny we ýörite aýratynlyklaryny açmaýar. Innowasiýalaryň dürli görnüşleriniň innowasiýa hadysasynyň gurluşynda umumy zatlaryň kän bolmagyna garamazdan, olarda köpsanly tapawutlary hem bolýar. Olaryň has çylşyrymlysy we köp tapgyrlysy bolup, önümleri (goýberilýän önümleri täzelemek) we tehnologiki innowasiýalary (tehnologiýalary täzelemek) durmuşa geçirmegiň innowasiýa hadysasy hyzmat edýär. Olar durmuşa geçirilende, kärhanalaryň-önümleri bilen öndürijileriň çaknyşýan aýratynlyklary we kynçylyklary has hem aýdyň ýüze çykýar.

Ozal bellenilişi ýaly, innowasiýada iki sany düşünje «Innowasiýa-önüm» we «Innowasiýa-hadysa» ulanylýar. Olaryň esasy tapawudy

birinji ýagdaýda esasy üns täzeligi döretmegiň, ikinjisinde bolsa onuň durmuşa geçirilmek hadysasyna berilýändiginden ybaratdyr.

Hadysalaryň her biriniň özüniň durmuş sikli (DS) bolýar we olary 10.3-nji tablisa laýyklykda görkezmek bolar.

*10.3-nji tablisa*

**Innowasiýa hadysalarynyň durmuş döwri**

| t/b | Innowasiýa-önüm | Innowasiýa-hadysa |
|---|---|---|
| 1. | «Ylym» tapgyry: düýpli barlaglar, meseläniň çözülmegi üçin nazaryýet çemeleşmelerini işläp taýýarlamak | «Döretmek» döwri: talap edilýänligine düşünmek, täzeligi agtarmak ýa-da işläp taýýarlamak |
| 2. | «Barlag» tapgyry: synag barlaglary we işçi modelleri işläp taýýarlamak | «Ornaşdyrmak» döwri: özleşdirmek, synaglary geçirmek, zerur üýtgeşmeleri girizmek |
| 3. | «Işläp taýýarlamak» tapgyry: täzeligi taslamalaşdyrmak, taýýarlamak, synamak we ýetirmek | «Diffuziýa» döwri: täzeligi ýaýratmak, çap etmek |
| 4. | «Öndürmek» tapgyry: taýýarlamak, getirmek, zerurlygy boýunça gurnamak we sarp edijide ulanyşa girizmek | «Rutinleşmek» döwri: täzeligi önümçiligiň (ulanyşyň) durnukly görkezijilerinde durmuşa geçirmek |
| 5. | «Sarp ediş» tapgyry: | |
| 6. | Sarp edijide ulanmak, hyzmatlary bermek we tygşytly işlemegini (ulanylmagyny) üpjün etmek | |

Innowasiýa hadysasyny ylymda alnan täze bilimleri innowasiýa taýdan özgertmek hadysasy hökmünde kesgitlemek bolýar. Başgaça aýdylanda, innowasiýa hadysasy öz ýanyndan innowasiýalaryň durmuş döwri bolup durýar, ýagny innowasiýa özgertmeleriniň ähli sikli boýunça işleriň yzygiderliligi (başgaça – innowasiýa döwri boýunça) innowasiýalary döretmegiň tapgyrlary, özleşdirmegiň we senagatda durmuşa geçirilmek tapgyrlaryny özünde jemleýär.

Obýektiň hil taýdan bir görnüşinden beýleki görnüşine (has ýokary) geçmegini üpjün edýän innowasiýa hadysalary köp möçberde serişdeleriň harç edilmegini talap edýär. Dolandyryş soraglary pozisiýasyndan, innowasiýa hadysalarynyň netijeli durmuşa geçirilmegi üçin bazar ykdysadyýetiniň subýektleriniň innowasiýa işleri üçin maýa goýum bazarlarynyň bolmagy zerur bolýar.

Önümleri (hyzmatlary) täzelemek bilen baglanyşykly innowasiýa hadysalarynyň dürli kärhanalar üçin dürli gurluşy bolýar.

Senagat kärhanalary üçin önümleri täzelemegiň innowasiýa döwrüniň iki sany tapgyry bolýar:

– işläp taýýarlamak tapgyry (ylmy-barlag işleri – tejribe – gurnama işläp taýýarlamalary);

– durmuşa geçirilmek tapgyrlary (önümçiligi taýýarlamak, täze önümleri özleşdirmek we senagata goýbermek).

## 10.4. Innowasiýa işlerini maliýeleşdirmegiň çeşmeleri

Dünýä tejribesinde ylmy-tehniki we innowasiýa işleri maliýeleşdirmegiň döwlet býujetinden we býujetden daşary görnüşleri hem-de çeşmeleri ulanylýar.

1. Döwlet býujetinden maliýeleşdirmek – býujetden serişdeleri bölüp bermek bilen, döwlet innowasiýa hadysalaryny çaltlaşdyrmak üçin mümkinçilikleri alýar, olary gerekli ugra ugrukdyrmak we serişdeleri ulanmagyň netijeliligini ýokarlandyrmagy çaltlaşdyrmaga, innowasiýa ýagdaýyny emele getirmäge mümkinçilikleri alýar.

2. Býujetden daşary maliýeleşdirmeklige:

– maliýeleşdirmegiň ýörite býujetden daşary gaznalarynyň serişdeleri;

– kärhanalaryň hususy serişdeleri;

– gymmat bahaly kagyzlaryň emissiýa ýoly bilen mobilizasiýa edilýän serişdeleri;

– täjirçilik gurluşlarynyň dürli görnüşleriniň maliýe serişdeleri (maýa goýum kompaniýalarynyň, täjirçilik banklarynyň, ätiýaçlyk jemgyýetleriniň, maliýe-senagat toparlarynyň we ş.m.);

– hökümet tarapyndan ýörite ygtyýarlyk berlen maýa goýum banklarynyň karz serişdeleri;

– senagat we täjirçilik firmalarynyň we kompaniýalarynyň daşary ýurt maýa goýumlary;

– milli we daşary ýurt ylmy gaznalarynyň serişdeleri;

– şahsy taraplaryň hususy toplamalary girýär.

## Innowasiýa maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmegiň içki we daşky täsirleri

Innowasiýa maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmegiň içki we daşky täsirleri bardyr.

Daşky täsirler şu aşakdakylardan:

– hojalygy dolandyrmagyň täze şertlerine uýgunlaşmakdan;

– sarp edijileriň we bazaryň talaplaryna laýyklykda kämilleşdirmekden;

– bäsdeşleriň güýçlenmeginden;

– täze arzan serişdeleriň döremeginden;

– bazaryň giňelmeginden ybaratdyr.

Içki täsirler şu aşakdakylardan:

– satuwyň möçberini artdyrmak isleginden;

– täze bazara geçmekden;

– bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmakdan;

– maliýe durnuklylygyny we ykdysady howpsuzlygyny gazanmakdan;

– uzakmöhletiň dowamynda ýokary derejede girdeji almakdan ybaratdyr.

Innowasiýa maýa goýum taslamalarynyň ykdysady netijeleri şu aşakdakylar:

– önümiň özüne düşýän gymmatynyň peseldilmegi;

– önümçilik kuwwatlylygynyň artdyrylmagy;

– önümçilik galyndylarynyň doly işlenip bejerilmegi;

– daşky gurşawa zyýansyzlygy;

– hiliniň gowulanmagy hem-de şonuň bilen birlikde bäsleşige ukyplylygynyň ýokarlanmagy;

– zähmet howpsuzlygynyň berjaý edilmeginden ybaratdyr.

## 10.5. Innowasiýa taslamasynyň derňewi

Derňewiň esasy wezipesi, taslama görnüşinde resmileşdirilen innowasiýa çözgütleriniň geljeginiň barlygynyň seljermesinde jemlenýär. Onuň ykdysady taýdan we innowasiýalaryň amala aşyrylýan şertlerinde innowasiýalara integral baha berilmeginiň maksada laýyklylygynyň töwekgelçiliginiň esasynda seljermesinde jemlenýär. Derňewiň položitel netijesiniň esasynda taslamany durmuşa geçirmek boýunça zerur çözgütler kabul edilýär, bu maliýeleşdirilmeginiň çeşmesini, görnüşini we göwrümini kesgitlemek bilen kabul edilýärler. Maýa goýumly tekliplerine baha bermegiň we saýlamagyň hadysasy bäsleşik esasynda amala aşyrylýar, düzgün bolşy ýaly köp basgançakly gurluş boýunça amala aşyrylýar.

**1-nji tapgyr. Maýa goýum haýyşnamasynyň deslapky derňewi.** Haýyşnama görnüşinde resmileşdirilen, maksatlaryna, ileri tutulmalaryna we maliýeleşdirmegiň niýetlenilýän çeşmesine maýa goýum teklibiniň laýyklygyny kesgitlemek üçin niýetlenilýär. Bu laýyklyk, maýadar üçin ähmiýetli wajyp bolýan we taslamanyň ahyrky netijeleriniň ileri tutulmalaryny deňeşdirmegiň ýoly bilen ýüze çykarylýar.

**Ileri tutmalaryň görnüşleri:**

– taslamanyň jemgyýetçilik we durmuş ähmiýetliligi;

– taslamanyň maýadaryň maksatlaryna, wezipelerine we maliýe mümkinçiliklerine laýyk gelmegi;

– döredilýän önümiň bazar mümkinçiligi;

– girdeji, töwekgelçiliginiň derejesi we taslamanyň harajat ödeýjilik döwri;

– taslamanyň ekologiýa howpsuzlygy, kanunçylyga laýyk gelmegi.

**2-nji tapgyr. Innowasiýa taslamasynyň telekeçilik meýilnamasynyň garaşsyz (daşarky) derňewi.** Teklip edilýän telekeçilik meýilnamasynyň jikme-jik seljerilmesiniň esasynda innowasiýa taslamasyna hemme taraplaýyn toplumlaýyn baha bermek (artykmaç taraplaryna we ýetmezçiliklerine) we deslapky derňewden üstünlik bilen geçen has netijeli taslamalary maliýeleşdirmek üçin saýlap almakdan ybarat.

Innowasiýa taslamalaryny seljermek üçin pul akymlarynyň diskontlaşdyrylmagyna esaslanýan, ykdysady netijeliligine baha bermegiň dinamiki usullary ulanylýar.

Innowasiýa taslamasyna maliýe-ykdysady taýdan baha bermek ony maliýeleşdirmek we durmuşa geçirmek üçin gutarnykly çözgüdi kabul etmek üçin esas bolup durýar.

Şeýle hem taslamany goldamak baradaky çözgüdiň beýleki baha bermeleriň we görkezijileriň nazara alynmagy bilen kabul edilmelidigini bellemek zerur, olar her bir anyk ýagdaýda taslamanyň gatnaşyjylarynyň öňünde durýan maksatlardan ugur alyp emele getirilýär, taslamany durmuşa geçirmegiň şertlerini we onuň bilen baglanyşykly töwekgelliklerden, köplenç, san derejesi bolmadyk beýleki faktorlaryň emele getirilmegi bilen nazara alynmalydyr. Munuň bilen baglylykda, innowasiýa taslamalaryna baha bermegiň we saýlap almagyň amaly ykdysady netijeliliginiň san görkezijilerini hasaplamagyň resmi usullaryny öz içine almalydyr, şeýle hem taslamanyň dürli ugurlaryny seljermegiň resmi däl bilermenlik usullaryny almalydyr.

Derňewiň jemleýji tapgyry taslamanyň durmuş döwrüniň dürli tapgyrlarynda maliýeleşdirmegiň we dürli çeşmeleriniň dürli görnüşlerini utgaşdyrmagyň ýerlikli görnüşini kesgitlemekden durýar. Munda şeýle maksatlar goýulýar:

1) töwekgelçiligi taslamanyň gatnaşyjylarynyň we maýadarlarynyň arasynda paýlamagyň hasabyna töwekgelçiligi peseltmek;

2) taslamanyň täjirçilik netijeliligine baha bermegi geçirmek, potensial sarp edijileriň bähbitleriniň derejesini anyklamak we maýa goýumlar bilen olaryň taslamanyň durmuşa geçirilmegini goldamaga taýýarlygyny ýüze çykarmak.

## 10.6. Innowasiýa maýa goýum taslamalarynyň netijeliligi

Täze tehnikalary we ylmyň täze gazananlaryny önümçilige ornaşdyrmakda esasy wajyp pursatlaryň biri onuň ylmy-tehniki we innowasiýa çäreleriniň netijeliliginiň kesgitlenmeginden ybaratdyr.

Innowasiýa taslamalarynyň netijeliligine, adatça, maýadarlar, sarp edijiler, taslamany işläp taýýarlaýjylar tarapyndan onuň özüne çekiji tarapy bolan taslamanyň ykdysady netijesine seredilýär. Şonuň üçin maýa goýum taslamalarynyň netijeliligi onuň bilen baglanyşykly bolan netijelere we çykdajylara görä bahalandyrylmalydyr.

Ýokarda beýan edilenlerden ugur alyp, maýa goýum taslamalarynyň aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar:

1. Makroykdysady;
2. Jemgyýetçilik;
3. Býujet;
4. Täjirçilik.

Innowasiýa taslamalarynyň makroykdysady netijeliligine taslamanyň milli ykdysadyýete we sebitleýin ykdysadyýete ýetirýän täsiri bilen düşünilýär hem-de eksportyň ösüşi, berlen patentleriň möçberi ýaly görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär.

Innowasiýa taslamalarynyň jemgyýetçilik netijeliliginde ol taslamanyň jemgyýetiň durmuş-ykdysady ösüşiniň maksatlaryna näderejede gabat gelýändigi aýdyňlaşdyrylýar.

Şeýle hem, innowasiýa taslamalarynyň jemgyýetçilik netijeliliginde köp netijeleriniň kesgitsizligi sebäpli, ýagny taslamalaryň netijesiniň uzak wagtdan soň ýüze çykýandygy ýa-da mukdar taýdan ölçäp bolmaýandygy üçin taslamanyň jemgyýetçilik netijeliligini bahalandyrmak kyn bolýar. Taslamanyň jemgyýetçilik netijeliligine durmuş, ekologiýa, demografiýa we ylmy netijeleri görkezmek mümkindir.

Býujet netijeliligi maýa goýum taslamasynyň durmuşa geçirilmegi netijesinde býujetiň girdejileriniň (salgytlardan we eksportdan gelýän girdejileriň) ýokarlanmagy bilen häsiýetlendirilýär.

Täjirçilik netijeliligine taslama gatnaşyjylaryň taslamanyň durmuşa geçirilmegi netijesinde girdejileriniň we çykdajylarynyň aratapawudyna düşünilýär.

Şonuň bilen birlikde, innowasiýa taslamalarynyň netijelerini netijeleriň maksatlar boýunça alamatlary esasynda 10.5-nji tablisa laýyklykda görnüşlere bölünýär.

*10.5-nji tablisa*

**Alnan netijelere we edilen harajatlara baglylykda innowasiýa taslamalarynyň netijeleriniň görnüşleri**

| T/b | Netijeleriň maksatlar boýunça görnüşleri | Faktorlar we görkezijiler |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1. | Ykdysady | Innowasiýa taslamasynyň durmuşa geçirilmegi netijesinde edilen çykdajylaryň we gazanylan peýdanyň möçberi |
| 2. | Ylmy-tehniki | Täzeçillik, ýönekeýlik, peýdalylyk, ykjamlylyk, estetiki taýdan gowulanmaklyk |
| 3. | Maliýe | Maliýe görkezijileriň hasaplamasyna esaslanýar |
| 4. | Serişde | Önümçiligiň möçberine hem-de şol we beýleki serişdeleriň sarp edilişine edilýän täsiri görkezýär |
| 5. | Durmuş | Innowasiýa taslamasynyň durmuşa geçirilmegi bilen durmuş ýagdaýlaryna täsiriniň netijeleriniň görkezijilerini aňladýar |
| 6. | Ekologiýa | Ses, galmagal, elektromagnit meýdany, ýagtylyk daşky gurşawa zyýansyzlygynyň görkezijileri hasaba alynýar |

**Innowasiýa taslamasynyň ykdysady netijesini kesgitlemegiň we has gowy görnüşini saýlap almaklygy kesgitlemegiň tertibi**

Aşakda görkezilen usullar innowasiýa taslamasynyň ykdysady netijesini kesgitlemegiň we has gowy görnüşini saýlap almaklygy kesgitlemäge mümkinçilik berýär:

1) innowasiýa taslamasynyň saýlap almak mümkin bolan görnüşlerinden durmuş kadalaryny we ekologiýa talaplaryny berjaý edýän hem-de gysga möhletde durmuşa geçirip boljaklary saýlanylýar;

2) innowasiýa taslamasynyň her bir saýlanyp alnan görnüşi üçin edilen harajatlary we ykdysady netijesi kesgitlenilýär. Maýa goýum taslamasynyň iň gowy görnüşi diýip, köplenç ýagdaýda, iň az harajatlar bilen iň ýokary ykdysady netije gazanylan taslama ykrar edilýär.

Innowasiýa taslamasynyň ykdysady netijesi kesgitlenende, şu aşakdaky şertleriň göz öňünde tutulmagy hökmandyr:

a) innowasiýa taslamasynyň ykdysady netijesini bahalandyrmakda alynýan ahyrky önümiň oňaýly we oňaýsyz netijelerini hasaba almak bilen berjaý edilýär;

b) taslamany işläp taýýarlamaklygyň, durmuşa geçirmekligiň ähli döwürlerinde hasaplama geçirmek bilen ykdysady netijelilik kesgitlenilýär.

Innowasiýa taslamasynyň ykdysady netijesi hasaplananda, aşakdaky maglumatlardan:

– hereket edýän tarifler hem-de lomaý we bazar bahalardan;

– girdejiden tölenilmeli salgytlar we töleglerden;

– önümçilik serişdeler (önümçilik gaznalary, zähmet we tebigy serişdeleri) üçin tölegler barada kabul edilen kadalardan;

– karz hem-de bankda hususy serişdeleri saklamak üçin hasaplaşyklaryň kadalaryndan we düzgünlerinden peýdalanylmaly.

## 10.7. Innowasiýa maýa goýum taslamalaryny, netijeliligini kesgitlemegiň hasaplama usullary

Amerikan hünärmenleri tarapyndan innowasiýa taslamalarynyň netijeliligini kesgitlemek üçin şu aşakdaky formula teklip edilýär:

$$N = S\,G\,T\,Q_1\,Q_2/H, \qquad (10.1)$$

bu ýerde $S$ – täze harydyň bir ýylyň dowamynda ýerlenen möçberi;

$G$ – önümiň satyş gymmaty (*manat)*, $T$ – täze harydyň ýaşaýyş döwri, $Q_1$ – tehniki üstünligiň ähtimallygy, $Q_2$ – täjirçilik üstünligiň ähtimallygy, $H$ – täze harydy durmuşa geçirmek bilen bagly çykdajylar.

*10.4-nji tablisa*

**Taslamanyň üstünlikli bolmagynyň ähtimallygyny bahalandyrmaklyga edilýän täsirler**

| Täsirler | Oýlanyp tapylan önümiň ýazgysy | | |
|---|---|---|---|
| | I synp ($Q$ = 0,8) | II synp ($Q$ = 0,6) | III synp ($Q$ = 0,4) |
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| Maglumat | Öndürilen harydyň hili gowy we gowy bahalandyrylan | Öndürilen önüme bolan talaplar kesgitlenildi, ýöne umumy häsiýetler bilen häsiýetlendirildi | Öndürilmeli önüm taslama tapgyrynda hem-de edilýän talaplar diňe umumy häsiýet-lerde mälim |
| Önümçi-lik-tehniki | Adaty önümçilik hadysasy. Kämil enjamlardan peýdalanmak mümkin | Önümçiligiň modernizasiýalaşdyryl-magy we käbir täze tehnologiýa zerurdyr | Tejribe-synag işlerini geçirmek zerurdyr |
| Hukuk | Kärhananyň ygtyýarnama we patent tarapyndan artykmaçlygy bardyr | Patentleri we ygtyýarnamalary ulanmakda özgelere garanyňda erkin mümkinçilik | Patentleri we ygtyýarnamalary ulanmakda bäsdeşleri bar |
| Hünärmen | Bu ugurda hünärmenler taýýarlykly | Hünärmenleriň derejesi bäsdeş hünärmenleriniň derejesinde | Hünärmenleriň bu ugurdan tejribesi ýok |

Köne tehnikalary, enjamlary täze has gowulandyrylan enjamlara çalşylanda netijelilik koeffisiýenti şu aşakdaky 10.2-nji formula laýyklykda kesgitlenilýär:

$$E_o\left[K_{eso}\times\frac{V_1}{V_0}\times(H_0-H_1)\times T_1\right]-K_{es1}, \qquad (10.2)$$

bu ýerde $E_0$ – köne tehnikalary, enjamlary täze, has gowulandyrylan enjamlara çalşylanda ykdysady netijelilik;

$K_{es0}$ – köne enjamlaryň gymmaty;
$K_{es0}$ – täze enjamlaryň gymmaty;
$V_1$ – öndürilen önümleriň möçberi;
$V_0$ – öndürilen önümleriň möçberi;
$H_0$ – köne enjamlary saklamak üçin çykdajylar;
$H_1$ – täze enjamlary saklamak üçin çykdajylar;
$T_0$ – köne enjamlaryň ulanyş möhleti;
$T_1$ – täze enjamlaryň ulanyş möhleti.

# XI bap

# TÜRKMENISTANYŇ MAÝA GOÝUM SYÝASATY

## 11.1. Türkmenistanyň maýa goýum syýasaty we ony amala aşyrmagyň mehanizmleri

Türkmenistanda ykdysadyýeti döwrebaplaşdyrmagyň depginlerini artdyrmak, önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak, hojalyk işi bilen meşgullanýan subýektler üçin gyradeň şertleri döretmek işi şu aşakdaky ykdysady mehanizmleriň we çäreleriň üsti bilen amala aşyrylýar:

– bar bolan kanunçylyk namalaryny kämilleşdirmek we täzelerini döretmek;

– hojalyk işi bilen meşgullanýan, eýeçiligiň hemme görnüşlerine degişli bolan subýektler üçin şertleriň deň bolmagyna ýardam berýän bahalar syýasatyny yzygiderli kämilleşdirmek;

– ykdysadyýetiň sektorlaryny (önümçilik pudaklaryny, durmuş ulgamyny, syýahatçylygy, sebitleri, infrastrukturalaýyn pudaklary) ösdürmegiň meýilnamalaryny düzmekde durnukly maksatnamalaýyn usullardan ugur almaklyk.

Işe çemeleşmegiň şeýle usuly maýadarlary özünde bar bolan maýalaryny has netijeli işlere goýmaga ugrukdyrýar, döwlet we döwlete degişli däl sektorlaryň subýektleriniň hereketlerini deslapky ýagdaýda göz öňüne getirmäge mümkinçilik berýär:

– bar bolan maýa serişdelerini maýa goýum maksatnamalaryny durmuşa geçirmäge we olaryň netijeli peýdalanylmagyny üpjün etmäge gönükdirmek;

– häzirki zaman oba hojalyk we gurluşyk tehnikasyny, awtoulaglary we beýleki tehnikalary satyn almak arkaly döwlete degişli kärhanalara döwlet goldawyny bermek;

– döwlet tarapyndan hususy telekeçiligiň goldanylmagy.

Türkmenistanyň täze ykdysady strategiýasy milli ykdysadyýetiň diňe bir döwlete degişli böleginde däl, eýsem, hususy sektorda hem

hojalyk işleri bilen meşgullanýan subýektleriň döredijilik mümkinçiliklериниň dolulygyna amala aşyrylmagy üçin ýokary amatlyklary döredýän we önümçiligi ösdürýän hususy telekeçilere maýa goýumlar boýunça uzakmöhletleýin ýeňillikli göterim karzlaryny bermekden daşary, Türkmenistanyň Hökümetiniň ýanynda Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi döredildi, hususy telekeçilik döwletimiz tarapyndan dürli ugurlar boýunça yzygiderli goldanylýar.

Türkmenistanda maýa goýumlarynyň köp bölegi önümçilik pudaklaryna gönükdirilendir. Şunlukda, önümçilige goýulýan maýalaryň umumy möçberinde senagatyň paýy ýokary derejede saklanýar. Ulag we gurluşyk ulgamlarynda-da maýalaryň uly möçberi netijeli özleşdirilýär.

Iri maýa goýum serişdelerini ykdysadyýetiň binýatlaýyn pudaklaryna, şol sanda nebit-gaz toplumyna ilkinji nobatda gönükdirmek ýörelgesi ozal hem saklanylýardy, soňky iki ýylyň dowamynda bolsa beýleki pudaklara we ulgamlara iberilýän düýpli maýalaryň hem möçberi ep-esli artdyryldy. Manadyň gyzyl pul gatnaşygyna bolan hümmetiniň hemme ýerde bir möçberde bellenmegi gazanylan ösüşleriň şeýle ýokary bolmagynyň ýene-de bir sebäbidir.

Energiýa gorlarynyň netijeli özleşdirilýän ýataklarynyň aglabasynyň Balkan welaýatynda ýerleşmegi goýberilen maýa goýumlarynyň özleşdirilen böleginiň hem hut şu welaýatyň paýyna düşmegini şertlendirdi. Soňky ýyllaryň dowamynda barha uly rowaçlyklara eýe bolýan ägirt uly taslama – «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň gurulmagy hem welaýata gönükdirilýän maýa goýumlarynyň ägirt uly bolmagyna özüniň täsirini ýetirýär. Şunuň bilen birlikde, maýalary goýmak üçin uly amatlyklaryň döredilmegi diňe bir syýahatçylyk industriýasynyň we onuň bilen bagly pudaklaryň güýçli depginde ösmegine ýardam bermek bilen çäklenmän, eýsem, ilatyň zähmet gorlary uly bolan sebitlerinden Balkan welaýatyna süýşmegine-de öz täsirini ýetirdi.

Gönükdirilýän maýa serişdeleriniň yzygiderli ösmegi senagat önümçiligini ýokary göterilmegine, ykdysadyýetiň umumy ýagdaýynyň sagdynlaşmagyna, pudaklary sebitleýin ösdürmek, kärhanalaryň

tehniki we tilsimat binýadyny döwrebaplaşdyrmak we ozal işläp duran önümçilikleri giňeltmek işine goýberilýän maýa goýumlarynyň aňrybaş amatly gyradeňligini gazanmaklyk möhüm şertleriň biridir.

Garalýan döwürde önümçilik häsiýetli maýa goýumlarynyň umumy möçberinde täze gurluşyklara we tehniki binýady döwrebaplaşdyrmak işine ugrukdyrylýanlaryň netijeleri has ýokarydyr. Şunuň bilen birlikde, maýa goýberilişiniň ösüş depgininiň dürli ýyllarda birmeňzeş bolmadygyny aýtmalydyrys. Mundan başga-da, tehniki taýdan döwrebaplaşdyrmak işlerine goýberilen maýa goýumlarynyň umumy möçberinde gatnaw awtoulaglaryny, gurluşyk we oba hojalyk tehnikasyny satyn almaga sarp edilen serişdeleriň paýynyň ýokary bolmagyny hem bellemek zerurdyr.

## 11.2. Maýa goýuma goýberilen serişdeleriň düzümi

Gurluş düzüminde gurluşyk-gurnama işleriniň göwrümi ýokary bolan (ýol, ýaşaýyş jaý, jemagat gurluşygy, saglygy goraýyş, medeniýet, bilim ulgamlary) pudaklara, tehnikany we enjamlary satyn almaga gönükdirilýän maýalaryň möçberiniň durnukly artdyrylmagy bu maksatnamalara niýetlenen çykdajylaryň umumy möçberindäki paýy hem has uly netijelilikdir.

Ykdysadyýetiň tiz özgermegi, milli kanunçylyk ulgamynyň yzygiderli kämilleşdirilmegi bilen ýaşaýyş jaý ulgamynda-da bazar gatnaşyklaryny ýola goýmaga giň mümkinçilikler açyldy. Ýurduň ilatynyň hususy ýaşaýyş jaýlaryny gurmaga we köpgatly jaýlarda taýýar öýleri satyn almaga ýeňillikli göterim karzlary berilýär. Mundan başga-da, 2008-nji ýyldan başlap karzlary gaýtaryp bermegiň möhleti 15 ýyldan 30 ýyla çenli uzaldyldy, olaryň ýyllyk göterim tölegleri bolsa 1% möçberinde bellenildi.

Maýalary gönükdirmek üçin şertleriň durnukly kämilleşdirilmegi hem-de döwletiň maýa goýum işjeňliginiň ýokary bolmagy taryhy nukdaýnazardan gysga wagtyň içinde durmuş amatlyklarynyň ählisi bilen doly üpjün edilen köpgatly ýaşaýyş jaýlarynyň, jemagat hojalygy desgalarynyň, hassahanalaryň, keselleri bejerýän edaralaryň, saglyk

14. Sargyt № 995

öýleriniň, dynç alyş-güýmenje merkezleriniň, mekdepleriň, ýokary okuw jaýlarynyň, mekdebe çenli çagalar edaralarynyň, muzeýleriň, teatrlaryň, söwda we sport maksatly, seýilgäh, seýilbag, çüwdürimler toplumlary ýaly döwrebap binadyr desgalaryň onlarçasyny gurup işe girizmäge oňat mümkinçilik döretdi.

Durmuş sferasynyň ileri tutulýan ulgamlarynyň biri bolup durýandygyny nazara almak bilen, soňky ýyllarda onuň pudaklaryny ösdürmek üçin goýberilen maýa goýumlarynyň möçberi birnäçe esse artdy. Maýa goýumlarynyň has uly möçberleriniň özleşdirilen pudaklarynyň hatarynda ýaşaýyş jaý gurluşygy, saglygy goraýyş we sport, medeniýet we sungat ulgamlaryny görkezmek bolar. Önüm öndürmeýän pudaklara goýberilen iri maýalaryň esasy bölegi ýaşaýyş jaý gurluşygynyň paýyna düşýändir. Guramaçylyk işinde we gurluşyk önümçiliginde işiň iň döwrebap usullaryny durmuşa ornaşdyrmak, döwlet sektoryna soňky täze binagärlik-taslama çözgütlerini we kämil tehniki kadalaryny girizmek maksady bilen bu ulgamda baş potratçylar hökmünde iri daşary ýurt firmalary we kompaniýalary giňden işe çekilýär. Şol bir wagtyň özünde-de, giň gerimde ýaýbaňlandyrylýan ýaşaýyş jaý gurluşygynda meşhur daşary ýurt kompaniýalary bilen birlikde türkmen potratçylary hem önjeýli zähmet çekip, dünýä ülňülerine doly laýyk gelýän ýokary hilli işinde oňat ösüş depginlerini gazanmagy we ýokary netijeleri görkezmegi başarýarlar. Ähli durmuş amatlyklary bolan, giňden ýagty bu ýaşaýyş jaýlary, sport toplumlary, çagalar oýun-sport meýdançalary, söwda merkezleri, suwa düşülýän serhowuzlar bilen üpjün edilýär.

Alnyp barylýan gurluşyk işleriniň ägirt uly möçberleri maýa harytlarynyň, potrat we taslama işleriniň bazarynyň giňeldilmegini, tutuş gurluşyk toplumynyň önümçilik kuwwatlyklarynyň artdyrylmagyny möhüm şert edip goýdy. Soňky ýyllarda ýurtda amala aşyrylýan potrat işleriniň umumy möçberiniň esasy böleginiň daşary ýurt gurluşyk kompaniýalarynyň paýyna düşmeginden türkmen gurluşykçylarymyzyň paýyna düşmegi gazanyldy. Bu işleriň esasy bölegi önümçilik we medeni durmuş maksatly abraýly desgalar bilen bagly iri maýa goýum taslamalarynyň çäklerinde berjaý edilýär.

Hormatly Prezidentimiz tarapyndan öz ýurdumyzyň döwrebap, kämil hem bäsdeşlige ukyply gurluşyk toplumyny ösdürmek ugrunda uly işler alnyp barylýar. Bu ugurda öňde duran esasy wezipeler şulardan ybarat:

– maýa goýum taslamalarynyň ýerine ýetirilişiniň möhletlerini gysgaltmagyň, iş öndürijiligini ýokarlandyrmagyň binýatlaýyn şerti hökmünde gurluşyk kärhanalarynyň ýokary hilli tehniki üpjünçiligini döretmek;

– içerki potrat bazarynyň senagat önümçiliginiň çykarýan esasy önümlerine bolan isleglerini kanagatlandyrmak maksady bilen önümçiligiň bu ugra ýöriteleşdirilen kuwwatlyklaryny güýçli depginde ösdürmek;

– gurluşyk işleriniň senagatlamak häsiýetini ýokarlandyrýan oňaýly materiallaryň we konstruksiýa önümçiligini yzygiderli giňeltmek;

– öndürilýän gurluşyk önümleriniň sanawyny hem hilini durnukly artdyrmak. Bu çäreleriň netijeli durmuşa geçirilmegi gurluşyk kärhanalarynyň hojalyk işleriniň ilerlemegine, garaşylýan netijeleri bermeýän importyň möçberini azaltmaga, ýurdumyzyň ýokary tehnologiýaly önümçiliklerinde taýýarlanan gurluşyk materiallaryny we harytlary daşary bazarlara çykarmaga bar bolan mümkinçilikleri ep-esli giňelder.

Gurluşykda bahalary emele getirmegiň kadalaýyn-smeta binýadyny düýpli kämilleşdirmek, döwlet şäher gurluşyk strategiýasy möçberinde gurluşyk işleriniň tehniki kadalaryny we normatiwlerini pugtalandyrmak ugrunda hem netijeli çäreler durmuşa geçirilýär.

# XII bap
# DAŞARY ÝURT MAÝA GOÝUMLARY

## 12.1. Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda düşünje

**Daşary ýurt maýa goýumlary** – daşary ýurt maýadaryna degişli kapitalynyň başga bir döwletiň telekeçilik desgalaryna goýulmagydyr.

Daşary ýurt maýadaryna degişli kapitalyna şu aşakdakylardan:

– pul serişdelerinden;
– gymmatly baha kagyzlaryndan;
– emläklerinden;
– emläk hukugyndan;
– intellektual eýeçiliginiň hukuklaryndan;
– hyzmatlardan we maglumatlardan ybaratdyr.

Maliýe serişdelerini daşary ýurtlara goýmaklyga höweslendirmegiň dürli sebäpleri bolup, olaryň esasysy ykdysady sebäpdir.

Ykdysady sebäplere täze bazarlary gözlemek, önümçiligi täze arzan çig mal serişdeleri bilen üpjün etmek, önümçiligi has ýokary netijeli alyp barmak, arzan işçi güýji girýändir. Syýasy sebäplere bolsa, dostlukly döwleti ykdysady taýdan goldamak we beýlekiler girýändir.

Daşary ýurt maýa goýumlary maýa goýumlaryň halkara hereketiniň wajyp görnüşi bolup durýar.

Daşary ýurt maýa goýumlary özüniň maliýeleşdiriş çeşmesine görä döwlet we hususy daşary ýurt maýa goýumlaryna bölünýärler.

Daşary ýurt döwlet maýa goýumlaryna şol döwletiň hökümetiniň çözgüdi esasynda döwlet serişdeleriniň şol döwletiň çäginden daşarda maýa goýulmagydyr. Şeýle hem döwlet maýa goýumlaryna halkara guramalaryň (Halkara pul gaznasy, Bütindünýä banky we ş.m.) maýa goýumlary degişlidir.

Daşary ýurt hususy maýa goýumlaryna döwlete degişli däl kompaniýalaryň, banklaryň we beýleki guramalaryň maýa goýumlary degişlidir.

Daşary ýurt maýa goýumlary maksadyna görä hakyky, maliýe we beýleki maýa goýumlaryna bölünýärler.

Hakyky maýa goýumlaryna uzakmöhletleýin ykdysady gyzyklanmasy bolup, maýa goýum desgasyna gözegçiligi üpjün etmek maksady bilen goýulýan maýa goýumlary degişlidir.

Maliýe maýa goýumlaryna – maýa goýum desgasyna gözegçilik hukugyny bermeýän maýa goýumlary degişlidir.

Beýleki maýa goýumlaryna maýa goýumlaryň hereketi döwletara karzlar, banklaryň depozitleri bilen baglanyşykly goýumlar degişlidir.

Döwletiň ykdysadyýetine daşary ýurt maýa goýumlaryň goýulmagynyň oňaýly we oňaýsyz netijeleri bardyr.

Oňaýly netijeleri:

– hakyky maýa goýumlaryň möçberiniň artmagyndan;

– döwletiň ykdysady ösüşiniň ýokarlanmagyndan;

– döwletiň töleg balansynyň gowulanmagyndan;

– dünýäniň öňdebaryjy tehnologiýalarynyň, ýokary derejede guramaçylyk tejribeleriniň gelmeginden;

– ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň gowulanmagyndan;

– işgärleriň hünär derejeleriniň ýokarlanmagyndan;

– daşary ýurt walýutasynyň gelmeginden;

– döwlet býujetine salgyt girdejileriniň artmagyndan;

– ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň ýokarlanmagyndan;

– döwletiň infrastrukturasynyň ösmeginden;

– milli ykdysadyýetde bäsdeşligiň ösmeginden we monopoliýanyň derejesiniň peselmeginden durýandyr.

Oňaýsyz netijeleri:

– import enjamlaryň artmagy bilen daşary ýurt walýutasynyň daşary çykarylmagyndan;

– milli ykdysadyýetiň daşary döwletlere bolan garaşlylygynyň ýokarlanmagyndan;

– daşary ýurt maýadarlarynyň ýerli şertlere biparh garamaklaryndan;

– ýerli öndürijileriň gysylmagyndan;

– milli ykdysadyýetiň ozaldan däp bolup gelýän pudaklarynyň pese düşmeginden;

– ýerli serişdeleriň talaňçylykly peýdalanmagyndan ybaratdyr.

## 12.2. Daşary ýurt maýadarlaryna berilýän kepillikler

Tutuşlygyna alnanda, dürli ýurtlaryň daşary ýurt maýa goýumlary hakyndaky milli kanunçylyklary tarapyndan daşary yurt maýadarlaryna berilýän kepillikleriň mazmuny daşary ýurt maýadarynyň hukuklarynyň berjaý edilmeginden durýar, ýagny azyndan maýa goýumlaryndan alynýan peýda päsgelçiliksiz ygtyýar etmeklige, maýany yzyna geçirmäge bolan hukuk, şonuň ýaly-da döwlet tarapyndan maýa goýujynyň emlägini millileşdirmek boýunça adatdan daşary çäreler görlen halatynda şoňa laýyk öwezini doldurys kepillendirilýär.

Şonuň bilen baglylykda, maýa goýumlarynyň kepillikleriniň hem-de daşary ýurt maýa goýulmalarynyň goralmagyna gös-göni dahylly özara gatnaşyklaryň maýa goýumlary goramak hakynda dünýäniň aglaba ýurtlarynyň arasynda gol çekilen iki taraplaýyn we sebitleýin ylalaşyklarda, şonuň ýaly-da degişli halkara şertnamalarynda hem beýan edilýändigini belläp geçýäris. Ondan başga-da, daşary ýurt maýa goýumlaryny hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň aýry-aýry anyk meseleleri köptaraplaýyn ylalaşyklary baglaşmak arkaly çözülýär.

Mysal üçin, maýa goýumlaryň kepillikleri bilen köptaraply derejede Dünýä bankynyň garamagynda döredilen Maýa goýum kepillikleri boýunça köptaraply agentlik (Multirateral Investment Guarentee Agency – MIGA) meşgullanýar. Maýa goýum kepillikleri baradaky şertler, mysal üçin, Lomeý ylalaşygynyň (The Lome Convencion IV) hereket ediş möhleti geçenden soňra, 2000-nji ýylda Ýewropa bileleşigi bilen Afrikanyň, Karib deňziniň we Ýuwaş ummanyň kenarynda (AKT) 71 sany döwletiň arasynda gol çekilen Koton ylalaşygynda, şonuň ýaly-da halkara guramalary tarapyndan makullanan ençeme köptaraplaýyn resminamalarda bar.

Maýa goýum jedellerini çözmek boýunça halkara merkeziň (the International Center for the Setlement of Investment Disputes-ICSID) agzalygynda durýan ýurtlar üçin maýa goýum jedelleriniň çözülmegi Waşington ylalaşygy (the Waşhington Convencion) ady bilen tanalýan resminamada-da, daşary ýurt araçy kazyýetleriniň kararlaryny ykrar etmek we ýerine ýetirmek hakyndaky 1958-nji ýylyň Nýu-Ýork

ylalaşygyna goşulyşan ýurtlaryň (the 1958 New Ýork Convencion the Recjgnition and Enforcement of International Arbitration Awards) özara resminamalarda-da jikme-jik düzgünleşdirilýär.

Maýa goýumlaryny kabul edýän döwletiň kanunçylygynda olaryň hökmany ýa-da meýletin ätiýaçlandyrmasynyň berkidilmegi-de maýa goýumlarynyň kepilligi bolup durýar. Ätiýäçlandyrmanyň manysy maýa goýujy tarapyndan bellibir tölwekgelçiliklerden ätiýaçlyk goragyny edinmeginden ybarat. Ondan başga-da, korporasiýalary özara göni maýa goýumlaryny işeňňir amala aşyran döwletler seýrek bolmadyk halatlarda goşa salgyt salynmagyny aradan aýyrmak hakynda daşary ýurt maýa goýumly kärhanalaryň peýdasyna dahylly ylalaşyklara gol çekişýärler. Şeýle edilen halatynda korporasiýa kabul ediji döwletde salgydyň diňe öz ýurdunda tölemedik bölegini töleýär.

Maýany ýurda getirmek we daşyna çykarmak babatynda ABŞ-da hem bolşy ýaly, Günbatar Ýewropa ýurtlaryň aglabasynda kanunçylykda we iş ýüzünde Merkezi Aziýa ýurtlaryndaka görä has erkin düzgün geldi.

Munuň üstesine-de, Belgiýada, Niderlandlarda, Luksemburgda esli salgyt we beýleki maliýe ýeňillikleri hem-de eglişikler arkaly olaryň höweslendirilmegi däp bolup gelýär. Italiýanyň we Ispaniýanyň kanunçylyklary bolsa bu ýurtlaryň çäginde olaryň milli ykdysadyýetini ösdürmäge öz peýdalaryndan goýýan daşary ýurtly maýadarlary salgyt ýeňillikleri arkaly düýpli höweslendirýär.

Aýry-aýry ýurtlarda käbir çäklendirmeler bar. Meselem, Şweýsariýada, Ispaniýada we beýleki birnäçe ýurtlarda olaryň çäklerinde satyn alynýan ýa-da döredilýän kärhanalaryň esaslyk maýasynda daşary ýurtlar maýalarynyň möçberiniň çäklendirilmegi göz öňünde tutulýar (Ispaniýada bu möçber 49 göterim derejesinde çäklendirilendir. Şweýsariýada daşary ýurt maýa goýujy şweýsariýaly fiziki şahsyň maýasy gatnaşmazdan kompaniýa döretmäge hukugy ýokdur we ş.m.).

Munuň özi milli ykdysadyýetiň bähbitlerini, ýurduň öz önüm öndürijileriniň hem-de telekeçileriniň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramaga gönükdirilen adaty iş tejribesidir.

Jemi içerki önümiň we ilatyň ýaşaýşynyň ýokary derejelerine ýeten daşary ýurtlar maýa goýum syýasatyna ägirt uly üns berýär-

ler. ABŞ, Finlýandiýa, Belgiýa, Germaniýa, Beýik Britaniýa, Türkiýe ýaly we beýleki ýurtlaryň maýa goýum syýasatynyň öwrenilmegi maýa goýum syýasatynyň döwletiň, sebitleýin dolandyryş edaralarynyň, telekeçileriniň, täjirleriň elinde kärhanalary we tutuş ýurdy döwrebaplaşdyrmagyň möhüm gurallarynyň biri bolup durýandygyny görkezýär. Şonda, ylaýta-da ösen ýurtlaryň, ykdysadyýetiň globallaşýan we dünýä hojalygyna goşulmanyň çuňlaşýan şertlerinde döwlet maýa goýum syýasatyna möhüm orun berýärler.

Daşary ýurtlaryň maýa goýum syýasatynda daşary ýurt maýa goýumlary möhüm orun eýeleýär. Halkara maýa goýum nazaryýeti we iş tejribesi daşary ýurt maýa goýum düzgünlerini absolýut we deňeşdirme toparlaryna bölýär. Olaryň birinjisi doly goraglylyk we howpsuzlyk, kemsidilmezlik, adalatly we deňhukukly iş salyşmaklyk, maýa goýumlaryna dahylly düzgünleri berjaý etmek, halkara hukuklygynyň çäklerinde işleşmek ýörelgelerine daýanýar. Olaryň ikinjisine has amatlylyk düzgüni degişlidir.

Ondan başga-da, aýry-aýry ýurtlarda wençur maýasyna möhüm orun berilýär, ol hem innowasiýalaryň we nou-haularyň ornaşdyrylyşyny çaltlaşdyrmaga ýardam edýär.

Şunuň bilen baglylykda, Amerikanyň Birleşen Ştatlary has uly gyzyklanma döredýär, ol ýerde diňe bir halkara maýa goýum çekiji bolmak üçin däl, eýsem, maýany ygtybarly we peýda görüp eksport ediji bolmak üçin hem köp ýyllaryň dowamynda daşary ýurt maýa goýumlary babatyndaky döwlet kanunçylyklary üstünlikli kämilleşdirildi.

ABŞ-nyň bütin taryhynda milli ykdysadyýetiň döwrebaplaşdyrmagyna we ösmegine oňyn ýardam edýän möhüm serişde içerki we daşary ýurt maýa goýumlarynyň iş ýüzünde höweslendirilmegi hem-de kanunçylyk taýdan olara itergi berilmegi bolupdy.

Daşary ýurt maýa goýumlarynyň ABŞ-a akyp gelmegine ýardam edýän täsirleriň arasynda ozaly bilen maýa goýum işini düzgünleşdirmegiň tutuşlygyna alnanda liberal häsiýetdäki ulgamyny (şol sanda ygtyýarlandyrmagyň iş ýüzünde dolulygyna diýen ýaly bolmazlygy) şonuň ýaly-da daşary ýurt maýa goýumlarynyň goýulmagyny (ykdysadyýetiň aýry-aýry strategik pudaklaryndan başga) gadagan

ediji ýa-da çäklendiriji haýsy-da bolsa başga bir görnüşdäki edara ediş päsgelçilikleriniň bolmazlygyny görkezip bolar.

ABŞ-da gyzyl pul geleşikleri babatynda düýpli çäklendirmeleriň bolmazlygy hem maýa goýumlaryň amerikan ykdysadyýetine alyp gelmeginiň işjeňleşmeginiň esasy täsirleriň (faktorlaryň) biridir. Daşary ýurt maýa goýumlaryny ştatlar derejesinde çekmek boýunça işjeň çäreler möhüm bolup durýar, olaryň aralarynda hatda daşary ýurt maýadarlary üçin has özüne çekiji şertleri döretmek boýunça özboluşly bäsleşik hem bar. Şeýle çäreleriň sanawynda, mysal üçin, daşary ýurt maýadarlaryň gozgalmaýan emläk üçin we peýdadan alynýan ýerli salgytlardan boşatmak has ýygy-ýygydan ulanylýar. Ştatlaryň köpüsi pes töleg derejesi boýunça karzlar görnüşinde göni maliýe ýardamy, geljekki maýadarlar üçin işgärleriň okadylmagy ýaly gaýry kömegi teklip edýärler.

Maýa goýum işiniň guramaçylyk-hukuk görnüşleri barada aýdylanda bolsa, köplenç halatlarda, daşary ýurt maýa goýumlary ABŞ-da korporatiw guramaçylyk görnüşlerini ulanmak bilen amala aşyrylýar. Düzgün bolşy ýaly, muňa diňe gozgalmaýan emläge we tebigy serişdelere goýulýan maýa degişli däldir. Şunda kompaniýalaryň ýa-da korporasiýanyň ABŞ-nyň çäginde döredilmegi hökman däldir. Daşary ýurtly maýa goýujy kompaniýany öz ýurdunda ýa-da üçünji bir ýurtda döredip, onuň işini ABŞ-daky şeýle kompaniýanyň şahamçasynyň üsti bilen amala aşyryp hem bilýär (soňky ýyllar amerikan telekeçileri şeýle-de edýärler).

Emma maýa goýumlarynyň geografiýasynyň seljermesi seýrek bolmadyk halatlarda maýadarlaryň ABŞ-da golçur kärhanalary däl-de, bar bolan amerikan korporasiýalary bilen bilelikdäki kärhanalary (Jont Venture diýilýänlerini) döretmäge ýykgyn edýändiklerini görkezýär, olar bolsa daşary ýurt maýadarlarynyň önümçilige girişmegine, edara jaýlaryny we gaýry infrastruktura serişdelerini peýdalanylmaga, sargytçylar üçin maliýeleşdirilişi amala aşyrmaga we amerikaly hyzmatdaşyň işgärleri bilen işleşmäge, onuň «nou-hausyny» ulanmaga mümkinçilik berýär.

Finlýandiýanyň maýa goýum syýasatynda maýanyň erkin hereket etmegine we goýulmagyna möhüm orun berilýär, munuň özi kanunçylyk arkaly, şol sanda gümrük we salgyt düzgünleşdirmesinde berkidilendir. Finlýandiýada 1990-njy ýyldan gyzyl pul gözegçiligi ýatyrylandyr, bu bolsa kompaniýalary we telekeçilere daşary ýurtda maýa goýum işini amala aşyrmak üçin maýany ýurtdan çykarmaga mümkinçilik berýär. Maýa goýumlara, şol sanda daşary ýurt maýadara hem ulgamlaýyn döwlet goldawy, olaryň telekeçilik işi üçin belli-bir ýeňillikleri, ylaýta-da durmuş-ykdysady taýdan ösmegine ýardam berilmegine mätäç sebitlerde berilýär.

Finlýandiýanyň maýa goýum syýasatynda halkara guramalarynyň serişdeleriniň çekilmegi möhüm orun eýeleýär. Ýurduň daşynda we içinde Finlýandiýanyň maýa goýujylaryny goldamak üçin institutlaryň we gaznalaryň birnäçesi döredildi. Bu gaznalar firmalara maslahat beriş we tilsimat kömekleri berýärler. Daşary ýurt goýumlaryny çekmek boýunça institut hem işleýär.

Şonuň bilen birlikde, maýa goýum syýasatynda daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek möhüm orun eýeleýär. Olar, esasan, senagatyň awtomobilleri ýygnamak, radioelektronika we nebit himiýasy ýaly ösüp barýan we öňdebaryjy pudaklara goýulýar.

## 12.3. Türkmenistanda daşary ýurt maýa goýumlary

Daşary ýurt maýa goýumlary diýlip daşary ýurt maýadarlary tarapyndan Türkmenistanyň çäginde telekeçilik işiniň, başga işiň obýektlerine goýulýan emlägiň we intellektual (akyl) gymmatlyklarynyň ähli görnüşlerine aýdylýar.

Daşary ýurt maýa goýumlary aşakdaky görnüşlerde amala aşyrylýar:

– daşary ýurt walýutasy, beýleki walýuta gymmatlyklary Türkmenistanyň çäginde ýöreýän walýuta görnüşinde;

– gozgalýan we gozgalmaýan emläkler (jaýlar, desgalar, enjamlar) hem-de beýleki maddy gymmatlyklar we şol emläkler bilen baglanyşykly emläk hukuklary;

– pul talaplary we şertnamada gymmatly görkezilen borçnamalaryň ýerine ýetirilmegini talap etmek hukugy görnüşinde;

– gymmaty bolan intellektual eýeçilik baradaky her hili hukuklar, şol sanda awtorlyk hukugy, oýlap tapyjylyga bolan hukuk, söwda nyşanlary, kärhana atlary, senagat nusgalary, nouhaý (guramaçylyk, ylmy-tehniki, tehnologiki, täjirçilik bilimleri) we ş.m.

– paýnamalar, obligasiýalar we beýleki gymmatly baha kagyzlar ýa-da kärhanalara gatnaşmagyň başga görnüşleri;

– hojalyk işi barada, şol sanda tebigy baýlyklary görkezmek, işlemek, gazyp almak ýa-da ulanmak barada kanun ýa-da şertnama esasynda alnan hukuk görnüşinde;

– tölegli edilýän hyzmatlar görnüşde;

– Türkmenistanyň kanunlarynda gadagan edilmedik maýa goýumlaryň beýleki görnüşleri.

Türkmenistanda şu aşakdaky daşary ýurt maýadarlary bolup bilerler:

– daşary ýurt edara görnüşli taraplar, şol sanda halkara guramalary we birleşikleri, şeýle hem döwletler;

– daşary ýurt şahsy taraplar (daşary ýurt raýatlary we raýatlygy ýok adamlar).

Daşary ýurt maýadarynyň yglan eden sermaýasy (ustawy) kalendar ýylynyň dowamynda orta hasap bilen azyndan 20%-e ýa-da şol maýanyň bir bölegine (munuň ýokary möçberini Türkmenistanyň Ministrler Kabineti belleýär), eýe bolmagy bilen döredilen kärhana daşary ýurt maýaly kärhana diýlip karar edilýär hem-de «Türkmenistanyň Daşary ýurt maýa goýumlar hakynda» Kanunyň esasynda döredilen islendik kärhana şeýle görnüşdäki kärhana degişli edilýär.

Türkmenistana daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmeklik we peýdalanmak biziň ýurdumyzyň ykdysadyýetinde uly orun eýeleýär. Bu maýa goýumlary Türkmenistanda bäsleşlik gatnaşyklarynyň döre-

megine ýol açýar. Bäsleşlik öz gezeginde ykdysady ösüşiň depginlerini çaltlandyrmaga ýardam edýär.

Daşary ýurt maýa goýumlary halk hojalygyna öňdebaryjy daşary ýurt tehnologiýalaryny, dolandyryş tejribesini, maddy hem maliýe serişdeleri çekmäge we netijeli peýdalanmaga, açyk görnüşdäki ykdysadyýeti emele getirmäge oňaýly täsir edýär.

## 12.4. Daşary ýurt maýadarlaryň hukuklary we borçlary. Daşary ýurt maýa goýumlaryny goramagyň döwlet tarapyndan kepillendirilmegi

Daşary ýurtly gatnaşýan edara görnüşli taraplar Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň bellän tertibinde döwlet belligine alnan wagtyndan edara görnüşli tarap hukugyna eýe bolýarlar.

Döwlet belligine alnandygy hakyndaky habary edara görnüşli tarap metbugatda çap edýär.

Daşary ýurtly gatnaşýan edara görnüşli tarapy bellige almak üçin aşakdakylar zerurdyr:

– gatnaşýanlaryň (döredijileriň) arzasy;

– göz öňünde tutýan niýetleri-maksatlary hakynda şertnama;

– ustaw tertipnama;

– daşary ýurt maýadaryň maliýe statusy hakynda bankyň beren resminamasy;

– döwlet barlagynyň (derňewiniň) çykaran netijesi (göz öňünde tutulýan ýagdaýlarda).

Daşary ýurt maýa goýumly kärhanalar we şahamçalar bellige alnandan soň olaryň döreýiş resminamalaryna girizilýän ähli goşmaçalar we üýtgemeler hem döwlet tarapyndan hasaba alynmalydyr, diňe şondan soň olar güýje girýär.

Daşary ýurt maýa goýumlary Türkmenistanyň çäginde hukuk taýdan goralýar, şeýle gorag Türkmenistanda ulanylýan kanun aktlary hem-de halkara şertnamalary arkaly üpjün edilýär.

Daşary ýurt maýa goýumlaryň hukuk düzgüniniň amala aşyrmak barada daşary ýurt maýadarlarynyň alyp barýan işiniň amatlylygy

Türkmenistanyň edara görnüşli taraplaryň we raýatlaryň emlägi, emläk hukuklary hem-de maýa goýum işi üçin bellenilen düzgünden pes bolup bilmez. Türkmenistanda daşary ýurt maýadarlary kanuna ters gelýän hereket eden mahalynda diňe kazyýetiň üsti bilen onuň emlägi alnyp (konfiskasiýa) edilip bilner.

Daşary ýurt maýadaryna we daşary ýurt işgärlerine eýeçilige daşary ýurtda erkin geçirmek hukugy kepillendirilýär. Walýutany, töleg resminamalaryny, gymmatly baha kagyzlary serhetden geçirmegiň tertibi Türkmenistanyň walýuta amallaryny düzgünleşdirmek hakyndaky kanunlary arkaly kesgitlenilýär.

Daşary ýurt maýadarynyň maýa goýumyny Türkmenistanyň kärhanalaryna bölekleýin gatnaşmak, tutuşlygyna daşary ýurt maýadarlaryna degişli bolan kärhanalary döretmek gozgalýan we gozgalmaýan emlägi edinmek, şol sanda jaýlary, otaglary, enjamlary, transport serişdelerini we Türkmenistanyň kanunlarynda gadagan edilmedik beýleki eýeçilik obýektlerini gös-göni satyn almak ýa-da paýnamalar, obligasiýalar beýleki gymmatly baha kagyzlar görnüşinde edinmek, Türkmenistanyň çäginde ýerlerden peýdalanmak hukugyny hem-de tebigy baýlyklardan peýdalanmak ygtyýarlaryny (konsepsiýalaryny) özbaşdak ýa-da Türkmenistanyň edara we şahsy taraplarynyň gatnaşmagy bilen edinmek, beýleki emläk hukuklaryny edinmek görnüşlerinde amala aşyrmaga haky bardyr.

## 12.5. Türkmenistanda daşary ýurt maýa goýumlaryny maliýeleşdirmekligiň we karz bermekligiň tertibi

Daşary ýurt maýadarlarynyň Türkmenistanyň banklarynda, Türkmenistanyň we beýleki döwletleriň pul birliklerinde goýum we hasaplaşyk hasaplaryny açmaga, içerki walýuta bazarynda daşary ýurt walýutasyny satyn almak üçin Türkmenistanyň pul birligini ulanmaga haky bardyr.

Daşary ýurt maýadarynyň gazanan peýdasy tölenmeli salgytlar tölenenden soňra onuň öz ygtyýarynda galýar we ol ony Türkmenistanyň çäginde gaýtadan goýup biler. Salgytlar Türkmenistanyň kanunlarynda bellenen möçberde tölenilýär.

Daşary ýurt maýadarlaryna salgyt ýeňillikleri hem berlip bilner. Ol Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar.

Özleriniň alan peýdasyny maýa goýum üçin we önümçiligi giňeltmek üçin gönükdirilýän daşary ýurt maýadarlary hem-de daşary ýurtlara gatnaşýan kärhanalar goýlan maýa goýumlary özüni ödeýänçä peýdadan alynýan salgytdan boşadylýar.

Desgalary gurmak baradaky maýa goýum taslamalar we maksatnamalar, tehniki-ykdysady esaslandyrmalar hem-de tehniki-ykdysady hasaplamalar hökmany suratda döwlet ekspertizasiýasyndan geçirilýär, şol sanda ýer titremesine durnukly kadalaryň, ýangyn-partlama howpsuzlygy maddalaryň, ekologiýa we sanitariýa-gigiýena talaplaryň berjaý edilişi jähtinden ekspertiza geçirilýär. Eger gurulýan we ulanylýan obýektler ýokarda bellenilen hem-de Türkmenistanyň kanunlarynda bellenen beýleki kadalara laýyk gelmeýän bolsa, şol obýektlere daşary ýurt maýa goýumynyň çekilmegine ýol berilmeýär.

Daşary ýurt maýa goýumlary öz serişdeleriniň hasabyna obýekt gurýan bolsa, onda baha tarapyndan gözegçilik edilmeýär. Eger-de olar bankdan karz aljak bolsalar, onda gözegçilik işleri geçirilýär.

Karz almaklyk üçin daşary ýurt maýadarlar banka edil Türkmenistanyň kärhanalarynyň tabşyrýan resminamalary ýaly resminamalary tabşyrýarlar. Karz berlen serişdeler yzyna alyp bolar ýaly, kepilnama hökmünde banklaryň daşary ýurt maýadarlaryndan emläk girewini almaga haklary bardyr.

Girew goýlan emlägi girew saklaýjy bank Türkmenistanyň pul birligi we daşary ýurt walýutasy boýunça beýleki edara görnüşli we şahsy taraplara satyp biler.

## Peýdalanylan edebiýatlar


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. I-II tomlar. Aşgabat, 2010.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VIII tom. Aşgabat, 2015.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. IX tom. Aşgabat, 2016.

4. «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasy». Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2010.

5. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki milli Maksatnamasy. Aşgabat, 2015.

6. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2016.

7. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanuny. Aşgabat, 2004.

8. «Ýer hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanuny. Aşgabat, 2004.

9. «Suw hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanuny. Aşgabat, 2004.

10. «Zähmet hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanuny. Aşgabat, 2009.

11. «Eýeçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanuny «Türkmenistan» gazeti, 1993.

12. «Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny «Türkmenistan» gazeti, 2008.

13. «Paýdarlar jemgyýetleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 1999.

14. «Türkmenistanda gymmat kagyzlar we gazna biržalary hakynda». Türkmenistanyň Kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 1994.

15. Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy hakynda. «Türkmenistan» gazeti, 2007-nji ýylyň iýul aýynyň 23-i.

16. *Taýharow B., Hajygurbanow H., Öwezow M.* Düýpli maýa goýum işlerini maliýeleşdirmek we karzlaşdyrmak. Aşgabat, 2012.

17. *Sopyýew A., Arbabow B.* Ykdysady nazaryýet. Aşgabat, 2016.

18. *Eýeberdiýew G., Geldimämmedow A.* Birža işi we gymmat kagyzlar bazary. Aşgabat, 2013.

19. *Arazgulyýew I. A.* Bazar ykdysadyýetiniň hojalyk mehanizmi. Aşgabat, 2000.

20. *Михайлова Э.А., Орлова Л.Н.* Экономическая оценка инвестиций, учебное пособие. Рыбинск, 2008.

21. *Eýeberdiýew G.E., Halow N.H.* we başg. Türkmenistanyň maliýe ulgamy. Okuw gollanmasy. Aşgabat, 2001.

22. Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri. Aşgabat, 2014 – 2015.

23. http://www.strateg.gov.tm

24. http://www.turkmenistan.gov.tm

## MAZMUNY

GIRIŞ ................................................................................. 7

**I bap**
**Maýa goýumlaryň mazmuny we görnüşleri**

1.1. Maýa goýumlar barada düşünje we onuň görnüşleri ....................... 9
1.2. Maýa goýum işiniň obýekti we subýekti ......................................... 13
1.3. Maýa goýumlarynyň düzüm bölekleri we onuň ulanyş ugurlary boýunça bölünişi ............................................ 16
1.4. Maýa goýum serişdeleri we maliýeleşdiriş çeşmeleri .................... 18
1.5. Maýa goýumlary maliýeleşdirmegiň usullary ................................ 24
1.6. Lizingiň kesgitlemesi we lizingiň wezipeleri ................................. 26
1.7. Lizingiň görnüşleri ......................................................................... 28
1.8. Süýşürintgiler barada düşünje we olaryň çeşmeleri ........................ 32

**II bap**
**Kärhananyň maýa goýum işi we taslamasy, maýa goýumlaryň dolandyrylyşy**

2.1. Kärhananyň maýa goýum işiniň esasy aýratynlyklary .................... 35
2.2. Kärhananyň maýa goýum strategiýasy barada düşünje ................... 37
2.3. Kärhananyň maýa goýum strategiýasyny işläp taýýarlamakda esasy tapgyrlar we şertler ....................................................................... 40
2.4. Maýa goýum taslamasy barada düşünje we taslamany amala aşyrmagyň durmuş tapgyrlary..................................................... 43
2.5. Maýa goýum taslamalarynyň düzüm bölekleri................................ 45
2.6. Maýa goýum taslamalarynyň esasy ölçegleri .................................. 47
2.7. Maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmekligiň düzgünleri..... 48

15. Sargyt № 995

2.8. Kärhananyň maýa goýum meýilnamasy barada düşünje ................ 49
2.9. Maýa goýum meýilnamasyny düzmegiň tapgyrlary ........................ 51
2.10. Maýa goýum taslamasyna goşundylar ........................................ 57
2.11. Kärhananyň maýa goýumlarynyň dolandyrylyşy barada esasy düşünjeler ........................................................................ 66
2.12. Maýa goýum ulgamynyň esasy tapgyrlary we olary dolandyrmak ........................................................................ 67

## III bap
## Maýa goýum klimaty we töwekgelçilikleri

3.1. Maýa goýum ýagdaýy we maýa goýum mümkinçilikleri................ 71
3.2. Sebitde maýa goýumlary goýmak üçin amatlylygy boýunça beýleki şertler we olaryň toparlara bölünişi hem-de maýa goýum klimatyny gowulandyrmak üçin geçirilmeli çäreler ........................................................................ 72
3.3. Maýa goýum töwekgelçiligi barada düşünje hem-de maýa goýum töwekgelçiliginiň düzüm bölekleri................ 76
3.4. Maýa goýum töwekgelçiliginiň görnüşleri ........................................ 78
3.5. Maýa goýumlarynyň taslamasynyň töwekgelçiliginiň baha beriş usullary ........................................................................ 79
3.6. Maýa goýum taslamalarynyň girdejililiginiň töwekgelçilik arabaglanyşygy hem-de maýa goýum taslamalarynyň töwekgelçilik derejeleriniň toparlara bölünişi ................................ 83
3.7. Maýa goýum töwekgelçiliklerini hil taýdan seljermek.................... 85
3.8. Maýa goýum taslamasynyň durmuşa geçirilmegi bilen garaşylýan girdejiniň alynmazlyk we likwidliligi ýeterlik däl töwekgelçilik toparlary ........................................................................ 91

## IV bap
## Maýa goýum taslamalarynyň netijeliligi

4.1. Maýa goýum taslamalarynyň netijeliligine baha bermegiň esasy ýörelgeleri ................................................ 94
4.2. Netijeliligiň görnüşleri ........................................................................ 95
4.3. Maýa goýumlaryň netijeliligi bahalandyrylanda wagt şertini hasaba almak ........................................................................ 103

4.4. Maýa goýum taslamalarynyň netijeliligini kesgitlemegiň hasaplama usullary ........ 105
4.5. Pul akymlaryny hasaba almak (diskontirlemek (*NPV*)) ........ 108
4.6. Maýa goýumlaryň özüni ödeýiş möhleti ........ 113
4.7. Maýa goýumlaryň likwidliligini bahalandyrmak ........ 118

## V bap

## Maýa goýum gaznalary we maliýe maýa goýumlary

5.1. Maliýe maýa goýumlary barada düşünje ........ 121
5.2. Maliýe maýa goýumlaryny amala aşyrmaklygyň aýratynlyklary ........ 122
5.3. Maliýe maýa goýumlaryny kärhana tarapyndan amala aşyrylyşynyň görnüşleri ........ 123
5.4. Maýa goýum kompaniýalary we gaznalary ........ 124
5.5. Gymmat kagyzlaryň düzüm bölekleri ........ 131
5.6. Gymmat bahaly kagyzlaryň girdejililigi ........ 141

## VI bap

## Agrosenagat toplumyna maýa goýumlar

6.1. Ýurdumyzda agrosenagat toplumynyň ösüşi ........ 146
6.2. Agrosenagat toplumyna maýa goýumlary we ony çekmekligiň esasy ugurlary we çeşmeleri ........ 148
6.3. Sebitlerde oba hojalygyna maýa goýumlaryny goýmagyň usullary 152
6.4. Agrosenagat toplumyna toplumlaýyn maýa goýumlygyň düzgünleri ........ 154
6.5. Agrosenagat toplumy üçin maýa goýumlarynyň ykdysady netijeliligini kesgitlemek ........ 157

## VII bap

## Syýahatçylyk maýa goýumlary

7.1. Syýahatçylyk maýa goýumlary barada düşünje ........ 160
7.2. Syýahatçylyk maýa goýumlaryň gurluşynyň düzüm bölekleri ........ 162
7.3. Syýahatçylyk maýa goýumlarynyň obýekti we subýekti ........ 163
7.4. Syýahatçylyga maýa goýumlarynyň şertleri ........ 165

## VIII bap

## Gozgalmaýan emläklere goýulýan maýa goýumlar we altyny maliýeleşdirmegiň amatlylygy

8.1. Gozgalmaýan emläkler barada düşünje we olaryň aýratynlyklary ........................................................ 166
8.2. Gozgalmaýan emläkleriň esasy maýa goýum häsiýetleri ................ 167
8.3. Maýa goýumlary goýmak üçin gozgalmaýan emlägiň gymmatyny bahalandyrmagyň esasy şertleri ................................... 169
8.4. Gymmat bahaly metallar ................................................................ 170
8.5. Altyny maliýeleşdirmegiň amatlylygy ............................................ 171

## IX bap

## Adam kapitaly

9.1. «Adam kapitaly» düşünjesiniň mazmuny we onuň görnüşleri ........ 174
9.2. Adam kapitalyna goýulýan maýa goýumlar ................................... 177
9.3. Kärhananyň adam kapitalyny emele getirmek üçin esasy çemeleşmeleri ................................................................................ 183
9.4. Kärhananyň işgärleriň hünärmenlik taýdan taýýarlygynyň ýokarlandyrylmagy üçin goýberýän maýa goýumlary .................... 184
9.5. Işgärler syýasaty ................................................................................ 186

## X bap

## Innowasiýa maýa goýumlary

10.1. Innowasiýalar syýasaty .................................................................. 193
10.2. Innowasiýa maýa goýum taslamalarynyň düzüm bölekleri ................................................................................ 194
10.3. Innowasiýa hadysalary innowasiýalary durmuşa geçirmegiň guraly hökmünde ........................................... 196
10.4. Innowasiýa işlerini maliýeleşdirmegiň çeşmeleri .......................... 198
10.5. Innowasiýa taslamasynyň derňewi .................................................. 200
10.6. Innowasiýa maýa goýum taslamalarynyň netijeliligi ..................... 201
10.7. Innowasiýa maýa goýum taslamalaryny, netijeliligini kesgitlemegiň hasaplama usullary ................................................ 204

## XI bap
## Türkmenistanyň maýa goýum syýasaty

11.1. Türkmenistanyň maýa goýum syýasaty we ony amala aşyrmagyň mehanizmleri ......... 207
11.2. Maýa goýuma goýberilen serişdeleriň düzümi ......... 209

## XII bap
## Daşary ýurt maýa goýumlary

12.1. Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda düşünje ......... 212
12.2. Daşary ýurt maýadarlaryna berilýän kepillikler ......... 214
12.3. Türkmenistanda daşary ýurt maýa goýumlary ......... 218
12.4. Daşary ýurt maýadarlaryň hukuklary we borçlary. Daşary ýurt maýa goýumlaryny goramagyň döwlet tarapyndan kepillendirilmegi ......... 220
12.5. Türkmenistanda daşary ýurt maýa goýumlaryny maliýeleşdirmekligiň we karz bermekligiň tertibi ......... 221
Peýdalanylan edebiýatlar ......... 223

**Merdan Baýramow**

# MAÝA GOÝUMLARYŇ NAZARYÝETI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *A. Aşyrowa* |
| Surat redaktory | *G.Orazmyradow* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *M. Mullikowa,* |
| | *B. Mämmetgurbanow* |
| Neşir üçin jogapkär | *B. Arbabow* |

Çap etmäge rugsat edildi 06.12.2017. Ölçegi 60x90$^{1}/_{16}$.
Edebi garniturasy. Çap listi 14,5. Şertli-reňkli ottiski 44,68.
Hasap-neşir listi 12,34. Şertli çap listi 14,5.
Sargyt № 995. Sany 600.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat. Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat. 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.